18 января 2012 г.
10:13

**A.Çaryýewa, L.A.Legedina, A.N.Gawrilina**

# LOGOPEDIÝA BOÝUNÇA TEJRIBELIK

Mugallymçylyk mekdepleri üçin synag okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

**Aşgabat**
**"Ylym" neşirýaty**
**2010**

UOK 372.8+376
Ç 20

**Çaryýewa A., Legedina L.A., Gawrilina A.N.**
Ç 20 **Logopediýa boýunça tejribelik.** Mugallymçylyk mekdepleri üçin synag okuw kitaby. – A.: “Ylym” neşirýaty, 2010. – 176 sah.

TDKP №155, 2010 KBK №74.3 ýa 71

© “Ylym” neşirýaty, 2010.
© A.Çaryýewa, L.A.Legedina, A.N.Gawrilina, 2010.



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

**TÜRKMENISTANYŇ**
**DÖWLET SENASY**

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

## GIRIŞ

Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallasy bilen bilim ulgamynda uly özgerişler bolup geçýär. Hormatly Prezidentimiziň bilim babatdaky syýasaty eziz Diýarymyzy dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesine çykarmagy göz öňünde tutýar. Yurdumyzyň aýdyň geljegi bolan ýaşlar, hususan-da, ýaşajyk körpeler üçin döredilýän ajaýyp şertler, olar üçin gurulýan döwrebap, dünýä standartlaryna laýyk gelýän çagalar baglary bolsa diýseň uly ähmiýete eýedir.

Watanymyzyň şu güni hem ertiri bolan körpe nesillerimizi milli ruhda terbiýelemekde, olary hemmetaraplaýyn kämil, sagdyn şahsyýet edip ýetişdirmekde, çagalaryň mekdebe taýýarlykly gelmeklerini üpjün etmekde bilim-terbiýeçilik edaralarynyň ilkinji basgançagy bolan mekdebe çenli çagalar edaralarynyň ähmiýeti diýseň uludyr.

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, ruhy hem beden taýdan kämil nesil döwletiň geljegi üçin iňňän uly zerurlykdyr. Bu babatda Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 3-nji maddasynda "Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy adamdyr" diýlip nygtalýar.

Hormatly Prezidentimiz "Sagdyn adam – bu sagdyn maşgaladyr, sagdyn maşgala bolsa sagdyn jemgyýetiň ülşüdir" diýip nygtaýar. Mähriban Prezidentimiziň "Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy" diýen kitabynda belleýşi ýaly, sagdyn döwlet bu diňe syýasy taýdan däl, eýsem sagdyn jemgyýet, sagdyn raýat, bilimli, dünýä ösüşinde doly habarly, şoňa goşulmaga ähli taraplaýyn taýýarlykly sagdyn nesil diýmekdir. Jemgyýetiň sagdynlygy onuň agzalarynyň, şol sanda aň, akyl, sözleýiş, beden we beýleki kemçilikleri bolan raýatlarynyň hem ösüş derejesine-de baglydyr.

Çagalaryň ösüşindäki kemçilikler dürli-dürlüdir. Olar çaganyň añbeden ösüşiniň dürli taraplaryna, onuň görüş kabul edijiligine, eşidiş we sözleýiş, akyl ösüşine, hereket ediş ulgamyna degişli bolup bilýär.

Ösüşdäki kemçilikler agyr-ýeňilligine laýyklykda dürli derejeli bolup, dürli sebäplere görä ýüze çykyp bilýär. Şonuň üçin-de, şol çagalara öz wagtynda bilim-terbiýe bermek bilen bir hatarda olar bilen düzediş-dikeldiş we sagaldyş işlerini hem alyp barmaklyk döwletiň esasy aladalarynyň biri bolup durýar.

Biziň ýurdumyzda ol ýa-da beýleki kemçilikleri bolan çagalar üçin dürli ugurlar boýunça ýöriteleşdirilen çagalar baglary we toparlary hereket edýär. Bu babatda Türkmenistanyň "Bilim hakyndaky" Kanunynyň 11-nji maddasynda "Saglyk ýagdaýy sebäpli mümkinçilikleri çäkli okaýanlar we terbiýelenýänler üçin ýörite bilim edaralary" barada bellenip geçilýär. Ýurdumyzda hereket edýän adaty çagalar baglary bilen birlikde akyl, sözleýiş, beden ösüşinde kemçiligi bolan çagalar üçin dürli ugurlar boýunça ýöriteleşdirilen çagalar baglary we toparlary hereket edýär. Şeýle görnüşli ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edaralary özüniň Düzgünnamasy, Maksatnamasy esasynda okuw-terbiýeçilik işlerini amala aşyrýar.

Adaty çagalar baglary bilen bir hatarda sözleýiş dili bozulan çagalar baglarynda işleýän defektolog-mugallymlar we terbiýeçiler Watanymyzyň geljegi bolan körpe nesilleri milli ruhda terbiýelemekde, olary hemmetaraplaýyn kämil, sagdyn şahsyýet edip ýetişdirmekde, çagalary mekdebe taýýarlykly gelmeklerini üpjün etmekde jan aýaman zähmet çekýärler.

Mekdebe çenli çagalar edaralarynyň öňde goýýan esasy meseleleriniň biri-de çagany mekdebe taýýarlamakdyr. Çaganyň dogry, kämil sözleýşiniň bolmagy – çaganyň mekdebe taýýarlygyny görkezýän esasy görkezijileriň biridir, sebäbi dogry sözleýiş çaganyň doly we kadaly ösmegi üçin örän möhümdir.

Geljekki terbiýeçi boljak talyp üçin sözleýşi kemçilikli çagalaryň sözleýşini ösdürmegiň, mümkin boldugyça düzetmegiň usullaryny, tärlerini özleşdirmek esasy wezipeleriň biri bolup durýar. Bu kitapda çagalaryň sözleýşini düzetmegiň, ösdürmegiň ylmy ähmiýetini, ene dilini öwretmegiň manysyny, terbiýeçiniň sözleýşini, ondan edilýän talaplary giňişleýin görkezmegi makul bildik.

# I bap. LOGOPEDIÝA DEFEKTOLOGIÝA YLMYNYŇ BIR BÖLEGIDIR

## Logopediýa dersi, onuň esasy wezipeleri, usullary we beýleki ylymlar bilen arabaglanyşygy

**Logopediýa** sözleýşiň bozulmalary hakyndaky ylym bomak bilen, sözleýiş kemçiliklerini ýörite usullar, okuw-terbiýeçilik işleri arkaly ýüze çykarmagy, öňüni almagy göz öňünde tutýar.

Logopediýa grek dilinden gelip çykmak bilen "logos" (söz, sözleýiş) we "peýdeo" (terbiýeleýärin, okadýaryn) diýen sözlerinden bolup, "dogry sözleýşi terbiýelemek" diýmegi aňladýar.

Sözleýiş bozulmasynyň täsiri netijesinde çagada başga-da kemçilikleriň bimäçesi emele gelýär. Çagada soňraky (ikilenç) emele gelen kemçilikleri aradan aýyrmak üçin kemçilikleriň has öň ýüze çykarylmagy zerurdyr.

Sözleýşiň bozulmalarynyň mekdebe çenli ýaşda aradan aýrylmagy hökmanydyr. Sebäbi çaganyň ösüşindäki kemçilikler onuň ýatkeşliginiň, pikirlenmesiniň, aňynyň ösmegine, çaganyň daş-töwerekdäkiler bilen aragatnaşygynyň kynlaşmagyna-da öz täsirini ýetirýär. Sözleýiş diliniň bozulmagy çaganyň häsiýetine belli bir derejede öz täsirini ýetirýär. Sözleýşinde kemçiligi bolan çagalar öz kemçiliklerini duýandan kemsinip başlaýarlar. Olarda utanjaňlyk, geplemezlik, göwnüçökgünlik peýda bolýar. Olaryň daş-töweregindäkiler, deň-duşlary bilen bolan aragatnaşygy belli bir derejede kynlaşýar. Sözleýiş dili bozulan okuwçy nädogry sözleýşi, okaýşy ýaly ýazuwda-da ýalňyşlyk goýberýär. Şonuň üçin, çaganyň sözleýşiniň öz wagtynda, ýagny mekdebe çenli ýaşda düzedilmegi zerurdyr.

**Logopediýa** düzediş pedagogikasynyň, ýagny defektologiýanyň bir bölegi bolup durýar.

Biziň ýurdumyzda mekdebe çenli ýaşly çagalaryň köp bölegi jemgyýetçilik terbiýesi bilen gurşalan.

Bilim edaralarynyň işgärleri aň, beden we sözleýiş ösüşinde dürli kemçilikleri bolan çagalara köp duş gelýärler. Köplenç ýagdaýlarda bozulmalaryň gödek görnüşleri däl-de, kadadan çykmagyň ýeňil (gowşak ýüze çykan) görnüşlerini bellemek bolýar. Mugallymlar ösüşiň bozulmalarynyň ähli görnüşleri, birinji nobatda – sözleýiş bozulmalary, olaryň ýüze çykmagynyň sebäpleri, şeýle hem olaryň öňüni almagyň we aradan aýyrmagyň ýollary barada hökman bilmelidirler. Bu kemçilikleri defektologiýa (logopediýa sözleýiş kemçiliklerini) ylmy öwrenýär.

Çaganyň ösüşindäki kemçilikler köpdürlüdir. Olar çaganyň aň, beden ösüşiniň dürli ugurlaryna (aňyna, görşüne, eşidişine, sözleýşine, daýanç-hereket ediş synasyna) täsir edýär. Bu kemçilikleriň agyrlygy-ýeňilligi dürli derejede bolup, onuň emele gelmeginiň sebäpleri dürli-dürlüdir. Çagalarda gabat gelýän kemçilikleri aradan aýyrmak üçin, kemçiligiň görnüşini (esasanda, sözleýiş kemçiligini), sebäbini bilmeklik we öz wagtynda oňa kömek bermeklik hökmanydyr.

Defektologiýa (düzediş pedagogikasy) – beden, aň, sözleýiş ösüşinde kemçiligi bolan çagalaryň ösüşi, okuw-terbiýeçilik işleri baradaky ylymdyr. Defektologiýa birnäçe ugurlara bölünýär: surdopedagogika (eşidişi bozulan çagalar baradaky ylym); tiflopedagogika (görşi bozulan çagalar baradaky ylym); oligofrenopedagogika (akyl taýdan yza galan çagalar baradaky ylym).

Kemçilikli çagalara, esasan hem, şu aşakdakylar degişlidir:

1) eşidişi bozulan çagalar (kerler, çala eşidýänler, soň ker bolanlar);

2) görşi bozulan çagalar (körler, çala görýänler);

3) sözleýiş dili agyr bozulanlar (sözleýiş dili kemçilikli çagalar);

4) akyl ösüşinde bozulmalar bolan çagalar (akyl taýdan yza galanlar, aň ösüşi saklanan çagalar);

5) akyl we beden taýdan ösüşi bilelikde bozulan çagalar (kör-ker-lal, akyl taýdan yza galan körler, akyl taýdan yza galan kerler we ş.m.);

6) daýanç-hereket ediş synasy bozulan çagalar.

Bu çagalar bilen öz ugurlary boýunça okuw-terbiýeçilik, düzediş, bejeriş we dikeldiş işleri alnyp barylýar. Kemçilikleriň görnüşine görä käbirleri doly düzedilýär, beýlekileri bolsa (has agyr görnüşleri) mümkin

boldugyça düzedilýär. Kemçilikleriň agyrlygyna-ýeňilligine laýyklykda hem düzediş işleri alnyp barylýar.

Ösüşinde agyr kemçilikleri bolan çagalar ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edaralarynda ýa-da mekdep-internatlarynda, ýeňil kemçilikli çagalar bolsa adaty çagalar bagynda, mekdeplerinde bilim-terbiýe alýarlar.

Çaganyň sözleýşindäki kemçilikleri öwrenmeklik, öňüni almaklyk, duýdurmaklyk, ýüze çykarmaklyk we dürli usullar arkaly ony düzetmeklik logopediýa ylmyna degişlidir.

Logopediýanyň mekdebe çenli, mekdep we ulular üçin esasy bölümleri bardyr.

Nazaryýet nukdaýnazaryndan garanyňda logopediýa sözleýiş kemçiliklerini öwrenmekligiň, ýüze çykarmaklygyň, olaryň öňüni almaklygyň we düzetmekligiň ylmy esasyndaky usullaryny işläp düzýän ylymdyr. Logopediýanyň amaly ugruna bolsa, sözleýiş kemçilikleriniň öňüni almaklyk, duýdurmaklyk, ýüze çykarmaklyk we düzetmeklik degişlidir.

**Logopediýanyň esasy wezipeleri** şu aşakdakylardan durýar:

– sözleýiş dili bozulan çagalary okatmagyň we terbiýelemegiň ýörite usullaryny öwrenmek;

– beden, akyl, sözleýiş ösüşi kemçilikli çagalaryň sözleýşiniň kämilleşmeginiň özboluşlylygyny öwrenmek;

– mekdebe çenli we mekdep ýaşyndaky çagalarda sözleýiş kemçiliginiň sebäplerini hem-de köp duşmagyny kesgitlemek;

– sözleýiş kemçilikleriniň dürli görnüşlerinde sözleýiş ösüşiniň aýratynlygyny ýüze çykarmak;

– sözleýiş kemçilikleriniň gurluşyny barlamak we olaryň çaganyň aň ösüşine, häsiýetine edýän täsirini ýüze çykarmak;

– sözleýiş kemçiliklerini pedagogik nukdaýnazardan anyklaýyş usullaryny işläp düzmek;

– sözleýiş kemçilikleriniň dürli görnüşlerini aradan aýyrmagyň (düzetmegiň) we duýdurmagyň ylmy usulyny işläp düzmek;

– dil düzediş kömegini bermekligi ýola goýmak.

Sözleýşiň ösüşiniň kemçiligi baradaky düşünje öz içine dilden sözleýşi, şeýle hem onuň ýazuw görnüşini alýar.

Dil düzediş ylmynda sözleýiş bozulmalarynyň derňewinde şular göz öňünde tutulýar: sözleýiş ösüşi, yzygiderliligi, sözleýiş kemçiliklerine aň ösüşiniň beýleki ugurlary bilen baglylykda seretmek. Olar sözleýiş

bozulmalaryň toparlara bölünişiginiň esasy bolup, çagalaryň sözleýiş kemçilikleriniň barlaglarynyň ugurlaryny we mazmunyny kesgitleýärler.

Her ýaş aýratynlygy döwründe kadaly sözleýiş ösüşiniň aýratynlyklaryny we kanunalaýyklygyny, onuň ösüşini üpjün edýän sebäplerini we şertlerini bilmek bozulmanyň ýüze çykmagynyň sebäplerini kesgitlemäge hem-de düzediş täsiriniň birmeňzeş ýollaryny tapmaga kömek edýär. Dil düzediş işinde seljerilýän sözleýiş gyşarmalaryny, onuň düzülişini ýaş aýratynlyklary boýunça tapawutlandyrmagy başarmaly. Sözleýşi ulanmakdaky ol ýa-da beýleki kynçylyklary diňe ýaş aýratynlyklary hasaba alnanda onuň ýetmezi hökmünde seljerilmeli. Şol bir wagtda hem dürli sözleýiş üçin ýaş çägi birmeňzeş bolman biler.

Sözleýiş kemçiligi sözleýiş diliniň ähli ugurlarynda: ses aýdylyşda, leksikada, grammatikada ýüze çykyp bilýär.

Sözleýiş bozulmalary köpdürlüdir. Kemçiligiň görnüşi sözleýiş diliniň haýsy ugrunda bozulmanyň barlygyna bagly bolýar, meselem, käbir çagalarda ses aýdylyşy nädogry bolsa, beýlekilerde leksiki-grammatiki ýetmezçilige hem gabat gelnilýär. Seljermeklik çaganyň aň taýdan ösüşiniň gidişi (kabul etme, ünslülik, ýatkeşlik, pikirlenme, göz öňüne getirme), sözleýiş bilen özara baglanyşyklydyr. Şeýlelikde, kabul etmäniň umumylygy sözleýşiň ösüşiniň derejesine garaşly, sözleýşiň ösüşi deňeşdirmäniň, derňewiň, barlagyň jemlenmesi esasynda ýüze çykyp bilýär, eşidiş-sözleýiş ýatkeşligi sesi eşidişiň ösüşi bilen özara baglanyşyklydyr.

Şeýlelik bilen, sözleýiş bozulmalarynyň derňewinde ähli ýokarda aýdylanlary, şeýle hem kemçiligiň görnüşini hasaba alyp, çagany öwrenmekde toplumlaýyn ugur bolup durýan onuň duýgy-erk we hereket ediş aýratynlygyny, ýaşyny, görşüniň, eşidişiniň, akyl ýetirişiniň ýagdaýlaryny göz öňünde tutmak wajypdyr.

Sözleýiş bozulmalaryny öwrenmekde we aradan aýyrmakda logopediýa birnäçe **usullary** ulanýar. Olar birnäçe toparlara bölünýär. Sözleýiş bozulmalary öwrenmekde we ýüze çykarmakda ulanylýan usullara syn etmek, gürrüň, synag etmek degişlidir.

**Syn etmek** usuly giňden ýaýran usullaryň biridir. Çaganyň sözleýşine (depginine, ses aýdyşyna, sözlem düzüşine, söz baýlygyna) syn etmek bilen käbir netijeleri çykaryp, kemçiliklerini bellemek bolýar. Bu usuldan peýdalanmak bilen belli bir talaplary göz öňünde tutmalydyr. Her bir syn etmeklik belli bir maksada gönükdirilen bolmalydyr. Mysal üçin,

käbir ýagdaýlarda ses aýdyşyny, beýlekide sözlügini ýa-da sözleýşiň grammatik taýdan gurluşyny synlaýarys. Diňe belli bir maksat öňde goýlup synlananda bu usul oňat netije berer. Synlamaklygy öňünden meýilleşdirip, yzygiderlilikde geçirmeklik bu usulyň ýene-de bir talabynyň biridir.

**Gürrüň geçirmek** usuly örän peýdaly usullaryň biridir. Çaga bilen gürrüňdeş bolnanda ondaky fonetik, morfologik, sintaktik kemçilikler ýüze çykarylýar.

**Synag geçirmek** usuly arkaly hem sözleýiş kemçilikleri öwrenilýär. Bu usul takyklygy, elýeterligi boýunça beýleki usullardan tapawutlanýar. Bu usul iki görnüşe: adaty synaga we laborator synaga bölünýär. Adaty synag gün tertibiniň çaga üçin oňaýly bolan pursatynda geçirilýär. Mysal üçin, çaganyň ses aýdyşyny barlamak üçin şol sese ("*l*" sesine) degişli suratlar (barlanylýan ses sözüň başynda, ortasynda, ahyrynda gelmeli) berilýär (limon, alma, nal).



Çaga suratyň adyny aýdýar, şol surat boýunça sözlem düzýär. Käbir ýagdaýlarda çaga sözi dogry aýdyp, sözlem içinde sesi goýberip ýa-da çalşyp aýdýar. Şu ýagdaýlar bellik edilmelidir.

Laborator synaglar sözleýiş kemçiliklerini has takyk we çuňňur öwrenmek üçin peýdalanylýar. Munda dürli görnüşdäki tehniki enjamlar peýdalanylýar (sakawlaýan çaganyň sözleýşini ýazga geçirmek üçin magnitofon, eşidişi barlamak üçin ýörite enjam-audiometr... we ş.m.) ulanylýar.

Mundan başga-da, sözleýiş kemçiliklerini aradan aýyrmak üçin ýörite usullardan (lukmançylyk we mugallymçylyk) peýdalanylýar.

Mugallymçylyk usulyna çaga dogry ses aýdyşy öwretmekde, sesi dogry kabul etmegi ösdürmekde ulanylýan seljermeklik (sesleri bogna,

bogunlary sözlere, sözleri sözlemlere birikdirmek ýa-da sözlemi sözlere, sözleri bogunlara, bogunlary seslere dargatmak) degişlidir.

Lukmançylyk usulyny diňe şu ugur boýunça işleýän lukmanlar ulanyp biler. Muňa mysal edip şu aşakdakylary görkezse bolar:

1) operasiýa etmek – käbir ýagdaýlarda sözleýiş kemçilikleri (myňňyldap aýtmak – "rinolaliýada") gep agzalarynda bozulmalaryň (gaty kentlewük bölünen-açyk) bolmagy netijesinde bolýar. Bu ýagdaýda kentlewügiň operasiýa arkaly ýapylmagy (çatylmagy) zerurdyr;

2) protez geýdirmek – kä halatlarda gaty kentlewüge operasiýa etmezden öň ýasama kentlewük goýulýar. Çala eşidýän çagalara daş-töwerekdäkileri dogry eşider ýaly ýörite eşidiş enjamy geýdirilýär;

3) äňi we dişleri düzetmek – diş hatarlary ýa-da äňiň gurluşy nädogry bolanda, diş lukmanlary uzak wagtyň dowamynda dişleri we äňi düzedýärler;

4) däri-dermanlar bilen bejermek – psihonewrolog lukmany çaganyň nerw ulgamyny berkitmek üçin lukmançylyk bejerişi belleýär. Terapewt lukmany çaganyň bedenini berkitmek üçin zerur gün tertibini maslahat berýär;

5) fizoterapiýa we psihoterapiýa – fizoterapiýa bedeni berkitmek üçin ulanylýar. Bu suw, ýagtylyk, tok bilen alynýan bejergiler.

Psihoterapiýa bejergisi çaganyň aňyna täsir etmek üçin ulanylýan usul. Sakawlaýan çagalardaky gorkyny, ýygralygy we ş.m. aýyrmak üçin düşündiriş geçirilip, çagada özüne ynam döredilýär. Mekdep okuwçylaryndaky sakawlamany aýyrmak üçin lukman tarapyndan gipnoz (uklatmak) hem ulanylýar.

Logopediýada mugallymçylyk we lukmançylyk usulynyň bilelikde ýa-da gezekleşdirilip ulanylýan wagty hem bar. Bu kemçiligiň görnüşine, derejesine, çaganyň ukybyna baglydyr.

Mundan başga-da, okuw-terbiýeçilik, düzediş işlerinde şu aşakdaky usullardan peýdalanmak hem ähmiýetlidir:

**Görkezme usuly** – bu suratlary, predmetiň şekil görnüşini (maket), filmleri görmegi, magnitofon ýazgylary diňlemegi, kompýuter enjamlaryny peýdalanmagy, şeýle-de ýumuşlary, tabşyryklary görkezmegi öz içine alýar. Daş-töwerekdäki predmetleri, hadysalary synlamak görüş, eşidiş, syzyş duýgulary arkaly amala aşyrylýar.

**Sözleýiş usuly** – gürrüň bermegi, görkezme esbap ulanmazdan hekaýa düzmegi, gepleşigi we ş.m. öwretmegi öz içine alýar. Mekdebe çenli ýaşda sözleýiş usullary amaly we görkezme usullary bilen bilelikde ulanylýar.

**Amaly usul** ýörite ýumuşlar, oýunlar we ş.m. arkaly sözleýşi kämilleşdirmekde ulanylýar.

Ýokarda bellenen usullar okuw-terbiýeçilik, düzediş, bejeriş işlerinde peýdalanylýar.

Dil düzedişlik işiniň netijeliligi şu aşakdakylara baglydyr:

– kemçiligiň agyrlygyna-ýeňilligine, çaganyň ýaşyna, çaganyň bedeniniň ýagdaýyna, onuň ruhy taýdan ösüşiniň aýratynlyklaryna, duýgyerk ediş çägiň aýratynlyklaryna, daş-töwerekdäkileriň täsirine, dil düzediş işiniň başlanan wagtyna we onuň dowamlylygyna, köptaraplaýyn täsiri ulanmak mümkinçiligine, mugallymyň hünär derejesine.

Dil düzediş işini guramaklyk yzygiderliligi, döwürlere bölünmegi we belli bir maksada gönükdirilmegi göz öňünde tutýar. Dil düzediş işi düzediş, öňüni alyş, bilim we terbiýe bermek wezipeleri öz içine alýar.

Dil düzediş işi dil düzediş sapaklarynda amala aşyrylýar.

Dil düzediş sapaklaryna köpçülikleýin (toparyň ähli çagalary bilen), toparlaýyn (topardaky birnäçe çaga bilen) we aýratynlykdaky sapaklar degişlidir.

Köpçülikleýin sapaklarda okuw-terbiýeçilik, düzediş işleri toparyň çagalarynyň hemmesi bilen bilelikde alnyp barylýar.

Toparlaýyn sapak 2-6 sany meňzeş kemçilikleri bolan çagalar bilen geçirilýär. Onuň düzümi her çaganyň sözleýiş kemçiliginiň düzedilişine baglylykda üýtgäp biler.

Aýratynlykdaky sapaklar dil düzediş mugallymy ýa-da terbiýeçi tarapyndan bir çaga bilen geçirilýär. Aýratynlykdaky sapaklarda çaga bilen geçirilen barlaglaryň (sözleýiş dilinde ýüze çykarylan kemçilikler) netijesinde göz öňünde tutulan düzediş işleri ýerine ýetirilýär.

## Logopediýanyň beýleki ylymlar bilen arabaglanyşygy

Sözleýiş diliniň bozulmaklygy fiziologlar, newropatologlar, dilçiler we başgalar tarapyndan hem öwrenilýär. Ýöne ony ol ylymlaryň her biri belli bir nukdaýnazardan öwrenýär. Logopediýa bolsa, sözleýiş diliniň bozulmaklygyny duýdurmaklyk we ýörite guralan okuw-terbiýeçilik,

düzediş ugurlary arkaly kemçiligi aradan aýyrmak meselesi bilen meşgullanýar. Şonuň üçin hem logopediýa ýörite pedagogika degişli hasap edilýär. Logopediýa **ýörite pedagogikanyň** dürli ugurlary, ýagny surdopedagogika (eşidişi bozulan çagalar baradaky ylym), tiflopedagogika (görüş taýdan ýetmezçilikli çagalar baradaky ylym), oligofrenopedagogika (akyl taýdan yza galan çagalar baradaky ylym) bilen arabaglanyşykda bolýar.

Logopediýanyň öwrenýän, düzedýän kemçilikleri ilki bilen çaga degişli bolandygy sebäpli, ol **mekdebe çenli pedagogika** bilen hem baglanyşyklydyr.

Sözleýiş diliniň ösmeginde ünslüligiň, ýatkeşligiň, pikirlenmäniň çaganyň häsiýetiniň kämilleşmeginiň hem uly ähmiýeti bardyr. Şonuň üçin-de logopediýa **umumy we ýaş aýratynlykly psihologiýa** bilen ýakyndan baglanyşyklydyr. Mugallymyň çaga bilen işlemegi, düzediş işiniň usullaryny saýlap almagy üçin psihologiýa boýunça bilimleriniň bolmagy hökmanydyr.

Çaganyň ösüşinde onuň sözleýiş dili kämilleşýär (söz baýlygy artýar, ses aýdyşy, baglanyşykly sözleýşi kämilleşýär we ş.m.). Şol sebäpli-de, logopediýa dil bilimi ylmy bilen-de arabaglanyşyklydyr. Çaganyň sözleýiş diliniň kada laýyk ösüşi bilen sözleýiş kemçilikleriniň deňeşdirilmegi hem düzediş işinde uly ähmiýete eýedir.

Logopediýa ylmy birnäçe **lukmançylyk ylymlary**: newropatologiýa; pediatriýa; genetika; psihopatologiýa we beýlekiler bilen arabaglanyşyklydyr. Bu bolsa çaganyň ösüşi baradaky maglumaty oňat seljermäge, şeýle hem düzediş işiniň has netijeli ýollaryny bellemäge ýardam edýär.

Logopediýa ylmynyň beýleki ylymlar bilen arabaglanyşykda bolmagy sözleýşi kemçilikli çagalar bilen alnyp barylýan okuw-terbiýeçilik, düzediş işleriniň netijeli bolmagyna oňat täsir edýär.

**Tema boýunça soraglar:**

1. "Logopediýa" adalgasy nämäni aňladýar?
2. Logopediýanyň öňde goýýan wezipeleri haýsylar?
3. Logopediýanyň esasy usullary haýsylar?
4. Dil düzediş işiniň netijeliligi nämelere bagly bolýar?
5. Sözleýşi kemçilikli çagalar bilen geçirilýän sapaklaryň görnüşleri haýsylar?
6. Logopediýa ylmy haýsy ylymlar bilen arabaglanyşykly?



Неподшитые заметки Стр.16

## II bap. ÇAGA SÖZLEÝŞINIŇ ÖSÜŞINIŇ KANUNALAÝYKLYGY

Çaganyň ösüş ýagdaýy, sözleýiş diliniň öz wagtynda dogry ösenligine bagly bolýar. Öz wagtynda kämilleşen sözleýiş dili akyl ýetirijiligine täsirini ýetirýär we çaganyň akyl taýdan ösmeginiň başlangyjy bolup durýar.

**Daşky we içki sözleýşi** tapawutlandyrýarlar. Daşky sözleýiş aragatnaşyk serişdesi hökmünde ulanylýar. Daşky sözleýşiň görnüşleri: ýazuw we dilden sözleýiş.

**Dilden sözleýşe** dialog (gepleşik) we monolog degişlidir. Dialogik sözleýiş iki ýa-da ondan köpräk adamlaryň söhbetdeşligidir. Bu çaganyň öz ýaşytdaşlary we ulular bilen sözleýiş aragatnaşygyny saklamagyň bir görnüşidir.

Dialogik sözleýişde dogry sorag düzüp bilmegi, jogap bermegi, söhbetdeşiň gürrüňiniň üstüni ýetirmegi, düzetmegi, öz pikiriňi aýtmagy başarmaklyk esasydyr.

Monologik sözleýiş bir adamyň gürrüňidir. Ol gürrüňi doly açyp görkezmegi, baglanyşdyrmagy we pikiriňi esasy zatda jemläp, labyzly, yzygiderli gürrüň bermegi talap edýär. Monolog sözleýşiň esasy kynçylygy, ol çagalarda esasy ünsi oňa gerek bolan wakalara ýa-da çeper eserlere jemlemegi talap edýär, şol bir wagtda-da diňe bir predmetleriň, hadysalaryň özüne üns bermän, eýsem olaryň arasyndaky arabaglanyşyga-da üns bermekligi talap edýär.

Kiçi ýaşdaky çagalarda gepleşik sözleýşini ösdürmeklige üns berilse, uly ýaşdakylarda monolog sözleýşiň kämilleşmegine üns berilýär.

**Ýazuw sözleýşi** monologik sözleýşiň kämilleşmegi bilen baglanyşyklydyr.

Daşky sözleýiş esasynda **içki sözleýiş** ("pikirlenme" sözleýşi) emele gelýär.

Içki sözleýiş aragatnaşyk serişdesi hökmünde bolman, ol sessiz sözleýiş bolup, onda sözlem agzalarynyň köpüsi goýberilen bolýar.

Mekdebe çenli ýaşly çagalarda içki sözleýiş ýeterlik derejede ösmedik bolýar. Köplenç ýagdaýda çaga daşyndan öz-özi bilen gürleşýär. Bu bir tarapdan çaganyň içki sözleýşiniň entäk ýeterlik derejede ösmedigini görkezse, beýleki tarapdan içki sözleýşe taýýarlygy görkezýär (ilki bilen daşyňdan, soňra pyşyrdap, ondan soň bolsa içiňden aýtmaklyk).

Mekdep ýaşyndaky çagalarda içki sözleýşiň ösmegi bilim almaklygyň täsiri esasynda bolýar. Mugallym hemişe okuwça "Aýtmazyňdan öň pikirlen!" diýip ýüzlenýär. Içiňden okamaklyk hem içki sözleýşi kämilleşdirýär. Uly klaslarda okuwçylar içinden pikirlenip çözmeli bolýar, aýtjak we ýazjak (düzme ýazmak) zatlaryny öňünden pikirlenmeli bolýarlar.

Sözleýişde **impressiw** (sözleýşi kabul etmeklik, sözleýşe düşünmeklik) we **ekspressiw** (sözleýşi döretmek, aýtmak) görnüşlerini hem tapawutlandyrýarlar.

Mekdebe çenli çagalar edarasynda sözleýşiň ähli ugurlaryny, esasan-da, ses aýdyşy, sözlügi, sözleýşiň grammatik gurluşyny ösdürmegi göz öňünde tutulýar.

Çaganyň sözlügi, ses aýdyşy we sözleýşiniň grammatiki gurluşy özara baglanyşyklydyr. Çaganyň beden we akyl ösüşiniň aýratynlygyna baglylykda sözleýiş diliniň ähli ugurlarynyň (sözlüginiň, ses aýdyşynyň, sözleýşiň grammatik gurluşynyň) hersini kämilleşdirmeginiň öz aýratynlygy, wagty bardyr.

Sözleýiş dili bedeniň we akylyň ösmegi bilen bilelikde ösýär. Çaganyň ene dilini özleşdirmegi belli bir kanunalaýyklykda geçip, käbir alamatlaryň hemme çagalar üçin birmeňzeşligi bilen häsiýetlendirilýär.

Çaganyň sözleýşindäki kemçilikleri bilmek üçin kadalaýyk sözleýiş ösüşiniň yzygiderliligi bilen tanyşmak zerurdyr. Çaganyň sözleýiş ösüşiniň her bir döwründe bolýan üýtgeşmeleri bilmeklik ösüşdäki kemçiligiň wagtynda ýüze çykarylmagyna kömek edýär. Mysal üçin, çaga 1 ýaş 4 aýda gürlemeýär. Munuň kada laýykmy ýa-da däldigini sözleýiş diliniň ösüşi kada laýyk bolanda ilkinji sözleriň haçan emele gelýändigini bilmek arkaly kesgitlemek bolar. Çaganyň sözleýiş ösüşiniň kanunalaýyklygyny bilmeklik sözleýiş kemçiligini kesgitlemäge kömek edýär. Käbir

hünärmenler 3 ýaşly çaganyň sesini düzetmek üçin ony dil düzediş mugallymynyň ýanyna ýollaýarlar. Bu dogrumy? Elbetde, ýok. Sözleýşiň ösüşi kada laýyk geçişinde-de bu ýaşdaky çagalar birnäçe sesleri nädogry aýdýarlar. Bu sesi nädogry aýtmaklygyň ýaşyna görä bolmagy bilen bagly bolup, gep agzalarynyň entek ýeterlik derejede kämilleşmedigi bilen baglydyr. Sözleýiş diliniň ösüşiniň kanunalaýyklygyny bilmeklik okuw-terbiýeçilik, düzediş işlerini dogry guramaga ýardam edýär.

A.A.Leontýewiň barlagynyň netijesi boýunça sözleýiş ösüşini şu aşakdaky esasy döwürlere bölýärler:

I – taýýarlaýyş (doglandan 1 ýaşa çenli);

II – mekdebe çenli döwürden öň (1 ýaşdan 3 ýaşa çenli);

III – mekdebe çenli (3 ýaşdan 7 ýaşa çenli);

IV mekdep (7 ýaşdan 17 ýaşa çenli).

## Taýýarlaýyş döwür

Bu döwür gep agzalarynyň ses aýdyşa taýýarlyk döwrüdir.

Çaga ses çykarmak (aglamak) bilen dünýä inýär. Bu çaganyň ilkinji ses alamaty bolup durýar. Çaganyň sesi we agysy onuň gep agzalarynyň işini işjeňleşdirýär.

Eger-de çaga doglanda asfiksiýa (dem almaklygyň bozulmagy sebäpli, kelle beýnisine kislorodyň ýetmezçiligi) bolup, wagtynda ses çykarmadyk (aglamadyk) bolsa, muňa üns berilmelidir. Ol hem sözleýiş kemçiliginiň emele gelmegine sebäp bolup biler.

Çaganyň sözleýiş diliniň ösüşi öwrenilende şu zatlary göz öňünde tutmaly: 3 aýdan 1 ýaşa çenli çagada sesler belli bir yzygiderlikde emele gelýär – ilki bilen bogaz sesleri (sesleri bogazynda emele getirýän döwri-gyggyldy), dodak we dil ujy sesler (ejesiniň göwsüni emýän döwri), soňra süýkeş sesler (f, w, s-z) we beýleki sesler.

Sesleriň yzygiderlikdäki emele gelmeginiň esasy sebäbi şulardyr:

a) sesiň artikulýasiýasynyň çaganyň hereketine golaý bolmagy (emýän, çeýnän, ýuwudýan hereketleri) – "p, b, m" sesleri muňa mysal bolup biler;

b) sesiň artikulýasiýasynyň kyn bolmagy (artikulýasiýasy kyn sesler: süýkeşler we "r, l" sesleri gijräk emele gelýär).

**Gyggyldy** (bogazda sesleri emele getirmek) döwri ähli çagalarda bolup geçýär. Çaga 1 aýlyk wagty gürleýän adamyň sesine diň salýar: aglamasyny goýýar, gürleýäne tarap kellesini öwürýär ýa-da şol tarapa seredýär.

Eýýäm 1,5 aýdan 2-3 aýa çenli çaga ilkinji sesleri aýdýar: "a-a, ba, bu, be, u-gu" we ş.m.

4 aýda ses birikmeleri kynlaşýar, täzeleri emele gelýär.

Çaga, esasan hem, gowy ukusyny alan, dok, sagdyn mahalynda bogazynda emele getirýän ilkinji seslerini aýdýar (gyggyldaýar). Ýanynda öz ýakyn adamlary bolup, olar hem çaga bilen gürleşse, onda çaga höwes bilen sesleri diňleýär, ony özüne kabul edýän ýaly duýulýar. Şeýle täsirden soň çaga ululara öýkünip seslerini üýtgedip başlaýar.

Çagada gyggyldy öz wagtynda dogry ösende, **wüjürdi** ýüze çykyp başlaýar.

3 aýda çagada wüjürdi emele gelýär. Wüjürdi bu sesleriň sazlaşygydyr ("agu- ugu" we ş.m.). Şunuň bilen bir hatarda sözleýşe düşünmeklik, ýagny impressiw sözleýiş kämilleşip başlaýar. Çaga ilki bilen äheňe (daş-töwerekdäkileriň, esasan-da, ejesiniň oňa bolan garaýşyny – mylaýymlyk bilen ýüzlenilende ýylgyrýar, gaharly äheňde ýüzlenilende – aglaýar), soňra daş-töwerekdäki predmetlere, hereketi aňladýan sözlere düşünip başlaýar.

5 aýda çaga sesleri eşidýär, gürleýäniň dodaklarynyň hereketini görýär we şolara öýkünmäge synanyşýar.

6 aýda ululara öýkünmek arkaly birnäçe bogunlary aýdýar ("ma-ma-ma, ba-ba-ba")

7-8,5 aýda çagalar "ba-ba, ma-ma" we ş.m. bogunlary daş-töweregindäki belli bir adamlara, predmetlere gabatlaşdyryp aýdýar. "E-je" (eje), bu diňe ejä degişli. Çagalar ulular bilen gürleşende olaryň seslerine, heňine, äheňine öýkünmäge çalyşýarlar.

8,5-9 aýda wüjürdi dürli äheňe geçýär. 9-10 aýda ulularyň yzyndan gaýtalamaklyga çalşyp, çagada wüjürdili sözleriň sany köpelýär.

Bir ýaşynyň soňunda umumy many berýän, hereketler arkaly aýdylýan ilkinji **sözler** emele gelýär. Bu döwürde çaganyň sözleýşe düşünmekligi-de dowam edýär. Bu döwürde çaganyň passiw sözlügini (çaga sözi aýtmaýar, ýöne şoňa degişli predmet bilen baglanyşdyryp bilýär)



Неподшитые заметки Стр.20

ösdürmeli. Çaganyň aktiw sözlügi (öz sözleýşinde ulanýan sözleri) ýuwaş-ýuwaşdan artýar. Çaganyň sözleýşi köplenç ýagdaýda öýkünmek (daş-töwerekdäkileriň aýdanyna) arkaly ösýändigi üçin uly adamlaryň sözleýşiniň aýdyň, fonetik we grammatik taýdan dogry bolmagy zerurdyr. Ulular sözleri ýoýup, çaga öýkünip gürlemeli däldir.

Wüjürdiniň emele gelmegi hemme çagada deň bolmaýar: eşidişi pes çagalarda wüjürdiniň ýuwaş-ýuwaşdan "ýitip gitmegi" sebäpli, çaga dymýar. Eger-de 2,5-3 ýaşyndaky çaga özüne aýdylanlara düşünmeýän we gürlemeýän bolsa, onda çagada irki ýaşda wüjürdiniň ýitenini ýa-da ýitmänini anyklamaly. Ýörite apparatyň kömegi bilen eşidişini barlamaly.

## Mekdebe çenli döwürden öňki döwür

Bu döwürde çaganyň ulanýan wüjürdili sözleriniň sany köpelýär. Çaganyň daş-töwerekdäkileriň sözleýşine bolan ünsi, sözleýiş işjeňligi artýar.

Çaganyň aýdýan wüjürdili sözleri köp manyda ulanylýar. Şol bir wüjürdili sözi birnäçe manyda ulanýar: "bip" – gelýär, ýatyr, maşyn, uçar, tigir. Çaganyň aýdýan ilkinji sözleriniň haýsy manyda ulanýandygyny diňe şoňa degişli bolan ýagdaýda gürrüňdeş bolnanda düşünse bolýar. Ýagdaýa baglylykdaky sözleýiş hereket bilen bile aňladylýar.

1,5-2-ýaşdan başlap çaganyň aýdýan sözleri, ses birikmeleri oň üçin aragatnaşyk serişdesi bolup durýar, ýagny bu döwürde ekpressiw sözleýiş kämilleşip başlaýar. Ýuwaş-ýuwaşdan iki-üç bogunly sözler, täze sesler emele gelip başlaýar.

Iki ýaşynda çaganyň söz baýlygy 200-e çenli, ondan-da köpräk bolýar. Çaganyň söz baýlygynyň kämilleşýän döwründe sesler täzeden emele gelýän ýaly bolýar. Bir ýaşyna çenli ähli sesleri aýdan çaga, şol sesler bar bolan sözleri aýdanda peltekleýär. Söz baýlygynyň kämilleşýän wagtynda çaganyň sesleri aýdyşy deň derejede bolmaýar. Çaga käbir sözde sesi dogry aýtsa, beýlekide şol sesi sözde goýberýär ýa-da şol sesi başga aýdylyşy ýeňil bolan sesler ses bilen çalşyp aýdýar.

Bu bolsa gep agzalarynyň ýeterlik derejede ösmedigi, sesi dogry kabul etmekligiň ýeterlik derejede däldigi bilen baglydyr.

Bir ýarym ýaşdan soň çaganyň gündelik durmuşda ulanýan sözlügi (aktiw sözlügi) ösüp, ilkinji sözlemler emele gelip başlaýar ("Kaka ge (kaka gel)").

Barlaglaryň görkezişi ýaly, çagalar birden dogry sözleýşi ele alyp bilmeýärler, ýagny sözleýşiň käbir ugurlary ir, käbirleri bolsa giç özleşdirilýär. Sözleriň aýdylyşy we gurluşy näçe ýeňil boldugyça ony ýatda saklamak çaga aňsat düşýär. Eger-de çagalar kadalaýyk, dogry gepleýän adamlaryň arasynda, amatly şertlerde terbiýelenýän bolsa (çaga mähir bilen gurşalyp alnanda, çaga üns berlende), onda olaryň dogry sözleýşi özleşdirmegi aňsat bolýar.

Mekdebe çenli döwürden öňki döwür çaganyň sözleýşiniň ösmegi bilen, bu döwürde sözüň grammatiki taýdan gurluşy hem kem-kemden kämilleşýär. Şeýle-de bolsa sözlem bilen gürlänlerinde käbir sözleriň ýerine özüçe söz goýup aýdýarlar ("Aman bip ýok" – Amanda maşyn ýok).

Kadalaýyk sözleýiş ösüşinde bu döwür birnäçe aýa çekýär we 3 ýaşda çaga sözleýşiň ýönekeý grammatik gurluşlaryny özbaşdak ulanmaga synanyşýar.

Şeýlelikde, mekdebe çenli ýaşly döwürden öň çagalar öz sözleýişlerinde grammatiki taýdan aňsat bolan ýönekeý sözlemleri ulanýarlar.

Çaganyň 3 ýaşa çenli döwri sözleýşiň has çalt, oňat öndümli ösýän döwrüdir. Edil şu döwürde çaganyň merkezi nerw ulgamy terbiýäni we türgenleşigi ýeňil kabul edýär.

3 ýaşa çenli beýniniň sözleýiş ugurlarynyň kemala gelmekligi tamamlanýar. Çaga ene diliniň esasy grammatiki görnüşlerini ele alýar, özüne gerek bolan kesgitli sözlügi toplaýar. Şonuň üçin eger çaga 2,5-3 ýaşda wüjürdili sözleri, sözlemleri ulanýan bolsa (aýa-aýak; bip be-maşyny ber) hökmany ýagdaýda dil düzediş mugallymy bilen maslahatlaşmaly, eşidişini barlatmaly, çagalar bagynyň dil düzediş toparynda düzediş sapaklaryny guramaly. Şeýle çagalara hökmany suratda kömek bermeli, sebäbi bu döwürde sözleýşiň iň bir bähbitli ösüş döwri başdan geçýär.

3-ýaşda çaganyň söz baýlygy 1000-e ýetýär. Bu döwürde sözüň grammatiki gurluşy kämilleşip ugraýar. Şol bir wagtyň özünde-de sesi eşidiş ünslüligi hem ösýär.

### Mekdebe çenli döwür

Bu döwür çaganyň sözleýşiniň has güýçli depginde ösýän döwri bolýar. Söz baýlygy has-da artýar. 4-6 ýaşly çaganyň aktiw sözlügi

(gündelik durmuşda ulanýan sözleri) 3000-4000-e ýetýär. Sözlügiň artmagy bilen bir hatarda sözleýşiň grammatik gurluşy hem ösýär. Çaga söz toparlarynyň hemme görnüşini-de ulanmagy başarýar, ýuwaş-ýuwaşdan söz ýasamak endigi kämilleşýär.

Söz toparlarynyň özleşdirilişi şeýle yzygiderlilikde amala aşyrylýar: atlar – bu ilkinji sözler, işlikler atlar bilen bir wagtda emele gelýär, hal sözlügi birneme gijräk ýüze çykyp başlaýar. Çalyşmanyň käbir görnüşleri sözleýişde ir ýüze çykýar. Sypat sözleri gijräk ulanylyp başlanýar, san çalyşmasy has hem gijräk özleşdirilýär.

Kömekçi sözler çaganyň sözleýşinde örän giç ýüze çykýar. Ortak we hal işligi mekdep döwründe özleşdirilýär.

3 ýaşdan soň çagalar diňe bir grammatik taýdan dogry düzülen ýönekeý sözlemler bilen gürlemän, eýsem goşma sözlemler ("sebäpli, egerde, üçin" diýen sözleri ulanyp) arkaly hem gürleşýärler.

Mekdebe çenli döwürde sözleýiş ses ugry tarapdan kämilleşýär. Çaga dürli bogunly (açyk-ýapyk, az-köp bogunly we ş.m.) sözlerdäki sesleri dogry aýtmagy başarýarlar. Ýöne çaganyň az ulanýan, kyn, nätanyş bolan sözleri aýdanda ýalňyşlyk goýbermegi mümkin. Bu ýaşda çaga, esasan hem, süýkeş, ysgalaňly, sonorly sesleri nädogry aýdýarlar. Şeýle ýagdaýda çaganyň ýalňyşy düzedilenden, dogry görnüşi aýdylandan soň, çaga şol sözi özbaşdak sözleýşinde dogry aýtmagy başarýar. Dogry ses aýdyş çagada 4-5 ýaşynda kämilleşýär. Şonuň üçin-de, ene diliniň ähli seslerini dogry aýtmaklygy mekdebe çenli ýaşda öwretmeli.

Eşidiş ünslüliginiň ösmegi çaganyň öz aýdýan sözleýşine üns bermegine we daş-töwerekdäkileriň ýalňyşlaryny eşitmegine kömek edýär.

5 ýaşda çaganyň sözleýşinde goşma sözlemler emele gelip, çagalar eýýäm erteki düzmegi, hekaýalary gürrüň bermegi başarýarlar, ses eşidişi kadalaşyp, sesleri dogry aýtmaklygy kämilleşýär we kada laýyklykda çaga eýýäm arassa gürleýär.

5-6 ýaşdaky çagalar giňişleýin, yzygiderli manyda gürrüň edýärler. Olar gürrüňlerinde özleriçe hakykatda bolmadyk wakalary-da goşup aýdýarlar.

6-7 ýaşda sözleýiş dili kämilleşýär. Çaga öz şahsy tejribesinden, ýatdan görkezme esbapsyz gürrüň bermäge başlaýar.

Mekdebe çenli döwürde çaganyň söz baýlygy, sözleýşiniň grammatik taýdan gurluşy we ses aýdyşy kämilleşýär.

## Mekdep döwri

Çaga mekdebe baranynda sözleýşiň ähli ugurlary diýen ýaly ýeterlik derejede kämilleşen bolýar.

Mekdep döwründe sözleýiş dili has-da kämilleşýär. Çaga sözleýşiň ähli ugurlaryny oýlanyşykly peýdalanýar. Çagalar sesleri derňemegi, grammatik kadalary özleşdirýärler.

Bu döwürde ýazuw sözleýşi esasy bolup durýar.

Çaganyň sözleýiş diliniň kadaly ösmegi üçin kelle beýnisiniň belli bir derejede ösenligi, şeýle-de eşidiş, görüş, duýuş, syzyş organlarynyň-da ýeterlik derejede ösmegi zerurdyr. Sözleýşiň ösmegine çaganyň bedeniniň sagdyn bolmagy hem-de ünslüliginiň, ýatkeşliginiň, pikirlenmesiniň ösüş derejesi-de täsir edýär.

Çaganyň aňynyň ösmeginde sözleýiş diliniň ähmiýeti uludyr. Çagada pikirlenme ukyby, akyl ýetiriş işjeňligi döreýär, çaganyň sözleýşi doly ele almaklygy onuň köpçülikleýin işleriň dürli görnüşlerine gatnaşmagyna ýardam edýär. Sözleýiş ösüşindäki kemçilikler çaganyň aň ösüşiniň saklanmagyna, çagada käbir oňaýsyz häsiýetleriň emele gelmegine sebäp bolýar (utanjaňlyk, çekinjeňlik, özüne ynamsyzlyk döreýär). Sözleýişdäki kemçilikler çaganyň ýazuw endiklerini ele almagynda, okamagynda kynçylyk döredip gowşak okaýanlaryň hatarynda bolmagyna eltýär. Ýöne çaga öz wagtynda kömek edilse (düzediş işleri geçirilse), bu kemçilikleri aradan aýryp bolar.

## Sözleýşiň anatomo-fiziologik häsiýetnamasy

Sözleýşiň anatomo-fiziologik aýratynlyklaryny bilmeklik kadaly sözleýiş bilen sözleýiş bozulmalaryny tapawutlandyrmaga, düzediş işini dogry kesgitlemäge kömek edýär.

Sözleýiş – bu adamlaryň özara aragatnaşygynyň kämilleşen görnüşi bolup, ol diňe adama mahsusdyr. Sözleýiş arkaly adamlar biri-birleri bilen pikir alyşýarlar. Sözleýiş aragatnaşygy sözleýiş dili arkaly amala aşyrylýar. Sözleýiş dili fonetikany, leksikany we grammatikany öz içine alýar. Gepleýän adam sözlemek üçin gerek bolan sözleri saýlap almak bilen,

olary sözleýşiň grammatiki kadalary bilen baglanyşdyryp, gep agzalary arkaly aýdýar.

Sözleýşiň aýdyň we düşnükli bolmagy üçin gep agzalarynyň hereketiniň dogry, kadalaýyk bolmagy zerurdyr. Esidiş, görüş, hereket ediş we ş.m. beden agzalary arkaly sözleýiş emele gelýär.

### Sözleýiş apparatynyň gurluşy

Sözleýiş apparaty biri-biri bilen baglanyşykly iki sany bölekden durýar: merkezi (sazlaşdyryjy) we periferiki (ýerine ýetiriji).

**Sözleýiş apparatynyň gurluşy:**

1 – kelle beýnisi;
2 – burun boşlugy;
3 – gaty kentlewük;
4 – agyz boşlugy;
5 – dodaklar;
6 – dişler;
7 – diliň ujy;
8 – diliň arka ýüzi;
9 – diliň düýbi;
10 – bokurdak galkan gemirçegi;
11 – bokurdak (bogaz);
12 – damak (bogaz);
13 – kekirdek;
14 – sag bronh;
15 – sag öýken;
16 – diafragma;
17 – gyzylödek;
18 – oňurga (süňki)
19 – arka beýni;
20 – ýumşak kentlewük



Sözleýşiň merkezi (sazlaşdyryjy) bölegi kelle beýnisinde ýerleşýär. Periferiki (ýerine ýetiriji) bölegi üç bölekden ybarat: 1) dem alyş (howa akymyny beriji); 2) owaz dörediji; 3) sesi dörediji.



Неподшитые заметки Стр.25

**Dem alyş** (howa akymyny beriji) bölegine öýkenleri, bronhlary we kekirdek bilen bilelikde döş kapasasy degişlidir. Sözleýiş dili dem alyş bilen baglanyşyklydyr. Sözleýiş dem çykarylanda (öýkenden gelýän howa akymy çykarylanda) emele gelýär. Sözleýşiň dowamyndaky dem alyş beýleki wagtdakydan (adamyň gürlemän oturan wagtyndakydan) düýpgöter tapawutlanýandyr. Sözleýişde kadaly dem alyş gysga bolup, demi çykarmaklygyň uzak (dowamly) bolmagydyr. Başga wagt (sözleýiş bolmadyk ýagdaýda) dem alşyň we dem goýbermekligiň wagty deň diýen ýalydyr. Sözleýiş diliniň bu bölüminde dem alyş agzalary sesi emele getirmek üçin zerur bolan howa akymyny berýär.

**Owaz döredij**i bölegi. Muňa adamyň bogazyndaky dem alyş agzasy başlanýan kitirdewük degişli. Onda owaz emele getiriji owaz perdeleri ýerleşýär.

**Ses dörediji:** muňa damak boşlugy, agyz boşlugy, burun boşlugy degişlidir. Munda biziň sözleýiş dilimize mahsus bolan sesler emele gelýär. Olaryň iň wajyby agyz boşlugydyr. Agyz boşlugy, bir tarapdan aşaky eňek bilen baglanyşykly, ikinji tarapdan, onda dil, dişler, gaty we ýumşak kentlewük ýerleşýär. Agyz, damak hem burun boşluklary sesleriň emele gelmeginde rezonatorlaryň hyzmatyny ýerine ýetirýär. Olar, bir tarapdan, belli bir ýygylykdaky sesi güýçlendirýär, ikinji tarapdan, oňa degişli öwüşgin berýär.

Adamyň sözleýiş apparatyna degişli agzalaryň hereketi birmeňzeş däl. Şol tarapdan olary: a) işjeň gep agzalary; b) işjeň däl gep agzalary diýen iki topara bölünýär. Işjeň gep agzalary özbaşgak hereket etmäge ukyply bolýar. Olara dodaklar, dil, kiçi dil, damak diwarlary we ses perdeleri degişlidir.

Sesi emele getirmekde gep agzalaryndan diliň ähmiýeti has-da uludyr. Diliň öňki (alynky), ortaky (arka tarapy), gapdal we yzky (düýbi) taraplaryny tapawutlandyrýarlar. Diliň öňki bölegi hereketli, yzky bölegi bolsa (diliň düýbi) hereketsizdir. Dil dürli hereketleri (öňe uzalmak, gysgalmak, inçelmek, ýazgyn we ş.m.) ýerine ýetirmäge ukyplydyr. Bu bolsa diliň çekimli sesleriň, şeýle-de çekimsiz sesleriň ählisiniň diýen ýaly (dodak seslerinden başgasynda) emele gelmegine kömek edýär.

Sözleýiş apparatynyň gurluşyny bilmek sesleriň artikulýasiýasyny bilmek üçin zerurdyr. Artikulýasiýa sesleri aýtmakda zerur bolan gep

agzalarynyň ýerine ýetirýän işi, hyzmaty. Has takygy artikulýasiýa diýmek sesi döretmek diýmekdir.

Sözleýiş diliniň emele gelmeginde gep agzalarynyň dogry, sazlaşykly hereket etmegi zerurdyr.

Biz gepleşenimizde gep agzalarymyz endik boýunça hereket edýär. Şonuň netijesinde bize zerur bolan ses hasyl bolýar. Şol sesiň emele gelmegi üçin gep agzalarynyň öýkenden gelýän howa akymyna täsir etmegi gerek. Biz gepleşenimizde, öýkenimiz gysylyp, howa bogazymyz arkaly agyz boşlugyna gelýär-de, daşaryk çykýar. Öýkenden gelýän howa batly, zarply bolanda bogazymyzda owaz perdeleri onuň badyna, zarbyna dartylyp, çekilişip durýar, emma howanyň öýkenden bogaza gelşi asuda bolanda, ýazylyşyp durýar. Owaz perdeleri öýkenden gelýän howanyň zarbyna titreýärler, olaryň titremeginden owaz hasyl bolýar. Owaz perdeleriniň titremegi näçe çalt bolsa, ses hem şonça belent bolýar, eger-de owaz perdeleriniň titremegi näçe haýal bolsa, ses şonça-da pes bolýar. Mundan başga-da, titreýän zadyň gerimi giň bolanda, ses güýçli bolýar, onuň gerimi dar bolanda bolsa, ses güýçsüz bolýar.

Öýkenden gelýän howa bogazdan geçenden soň, agyz boşlugyna dolýar. Howa agyzdan käwagtlar bolsa burundan ("m, n, ň" seslerini aýdanymyzda) daşaryk çykýar, käbir sesleri aýdanymyzda, agyz boşlugynda oňa hiç bir zat päsgel bermän, howa agyz boşlugyndan asuda çykyp gidýär. Emma käbir sesleri aýdanymyzda bolsa, diliň, dodaklaryň gymyldysy howanyň agyz boşlugyndan asuda çykyp gitmegine päsgel berýär. Şeýlelikde, howa öz öňündäki päsgelçilige her hili täsir edýär. Howanyň zarbyna gep agzalary her hili hereket edýär. Howa daşaryk çykjak bolanda, biri-birine berk gysylyşyp duran dodaklar, agyz boşlugynyň bir ýerine degip, gysylyp duran dil howanyň zarbyna çaltlyk bilen bir-birinden aýrylyşýarlar ýa-da olar berk degişmän duran bolsalar, howa şolaryň arasyndaky ýşgalaňdan süýkeşip çykyp gidýärler. Ine, şunuň netijesinde agyz boşlugynda galmagal hasyl bolýar. Şeýlelikde, gepleşikde ulanýan ähli seslerimiz owazdan, galmagaldan ýa-da owaz we galmagaldan emele gelýärler.

Ösüşdäki her bir kemçilikler (dem alyş ýollarynyň dürli keseller bilen kesellemegi, gaýtalanyp durýan dümewleme, adenoidler, kentlewügiň we dodagyň dogabitdi açyk bolmagy, äňiň we diş hatarlarynyň nädogry gurluşy we ş.m.) sesiň we sözleýşiň bozulmagyna eltýär.

**Tema boýunça soraglar:**

1. Sözleýiş diliniň görnüşleri haýsylar?
2. Haýsy sebäplere görä sesler belli bir yzygiderlilikde emele gelýärler?
3. Sözleýiş diliniň ösüşi haýsy döwürlere bölünýär?
4. Sözleýiş ösüşiniň taýýarlaýyş döwründe sözleýiş dili nähili bolýar?
5. Mekdebe çenli döwürden öňki döwürde sözleýiş ösüşi nähili bolýar?
6. Mekdebe çenli döwürdäki sözleýiş ösüşi nähili bolýar?
7. Sözleýiş apparaty haýsy böleklerden durýar?

## III bap. ÇAGA SÖZLEÝŞINDE ÝÜZE ÇYKÝAN KEMÇILIKLER

Häzirki wagtda logopediýa ylmynda sözleýiş bozulmalarynyň görnüşlerini iki sany toparlara bölýärler: kliniko-pedagogik we psihologo-pedagogik.

**I. Kliniko-pedagogik** görnüşi lukmançylyk bilen baglanyşykly bolsa-da diňe bir bejeriş hökmünde garalmaýar, onda sözleýiş bozulmalary kesel hökmünde görülmeýär. Sözleýiş kemçiliginiň görnüşine baglylykda bu hem öz gezeginde iki sany uly topara bölünýär: dilden we ýazuw.

Dilden sözleýiş bozulmalaryna şu aşakdakylar degişli:

1) disfoniýa;
2) bradilaliýa;
3) tahilaliýa;
4) dislaliýa;
5) rinolaliýa;
6) dizartriýa;
7) sakawlama;
8) alaliýa;
9) afaziýa.

Mekdebe çenli ýaşly çagalarda duş gelýän ses bozulmalarynyň biri hem disfoniýadyr. **Disfoniýa (afoniýa)** – ses apparatynyň bozulmagy netijesinde sesiň tembriniň, beýikliginiň, güýjüniň bozulmagydyr.

Disfoniýada ses gowşak, boguk bolýar. Eger muňa wagtynda üns berilmese, onda bozulma uzaga çekip, ses apparatynda organiki üýtgeşmeleriň döremegine getirip bilýär. Has gaty gepleşmek, aýdym aýtmak, gygyrmak; aýdym aýdylanda ses gigiýenasynyň esasy kadalaryny berjaý etmezlik (belli bir ýaşdaky çaganyň sesiniň ortaça diapazonyna

aýdymyň ses diapazonynyň gabat gelmezligi); gurjaklaryň sesine köp öýkünmeklik, uly adamlaryň sesine, otlularyň, awtomobilleriň seslerine öýkünmeklik netijesinde ses hemişe üýtgäp, disfoniýa getirip bilýär. Burundan dem almasyny kynlaşdyryp, agyzdan dem almaga öwrenişdirýän burundaky adenoidiň ösmegi hem disfoniýanyň döremegine sebäp bolýar.

**Bradilaliýa** – sözleýşiň depgininiň haýal bolmagy. Çaga sözdäki çekimli sesleri has çekip aýdýar.

**Tahilaliýa** – sözleýşiň depgininiň çalt bolmagy.

**Dislaliýa** – eşidişiň we gep agzalarynyň kadaly ýagdaýynda sesleriň aýdylyşynyň bozulmagydyr (sesleri nädogry aýtmak, ýoýup aýtmak, bir sesi başga bir ses bilen çalyşmak). Dislaliýanyň birnäçe görnüşi bolýar: mehaniki, funksional, fiziologik (ýaşyna görä).

Köplenç kiçi ýaşly çagalarda ses aýdylyşyň **fiziologik** (ýaşyna gabat) bozulmalaryna duş gelnilýär. Ýöne gep agzalarynyň hereket edişiniň kämilleşmegi we eşidiş ünslüliginiň ösmegi bilen bu kemçilikler ýuwaş-ýuwaşdan aradan aýrylýar.

**Mehaniki dislaliýada** gep agzalarynyň gurluşynda kemçilikler bolýar, ýagny dil asty sapajygyň gysga; dişleriň gysylyşynyň, şeýle-de dişleriň gurluşynyň nädogry bolmagydyr. Kentlewügiň has ýokarda, dar, dodaklaryň galyň bolmagy we ş.m. hem ses aýdyşynyň bozulmagyna sebäp bolýar.

**Funksional dislaliýada** gep agzalary kada laýyk bolup, çaganyň maşgalada nädogry terbiýelenmegi, ululara öýkünmegi, ikidillilik, sesiň nädogry kabul edilmegi sebäpli ýüze çykýar.

Çagada dogry ses aýdyşy kämilleşdirmek boýunça düzediş işleri dogry, yzygiderli guralanda fiziologik, funksional, käbir ýagdaýlarda bolsa mehaniki dislaliýa hem bäş-alty ýaşa çenli doly düzedilip bilinýär.

**Rinolaliýa** – gep agzalaryndaky anatomo-fiziologik kemçilikler esasynda ses tembriniň (güýjüniň) we ses aýdylyşynyň bozulmagydyr.

Rinolaliýa iki görnüşde bolýar: açyk we ýapyk. Açyk rinolaliýada sözleýiş wagty howanyň akymy agyzdan däl-de, burundan çykýar. Bu gaty we ýumşak kentlewügiň bölünendigi, difteriýadan soň ýumşak kentlewügiň parezi (bölekleýin ysmaz) esasynda emele gelýär.

Açyk rinolaliýa dogabitdi we soň dürli trawmalar esasynda emele gelip bilýär.



*1) ýokarky dodagyň açyk (bölünen) bolmagy.*



*2) kentlewügiň açyk (bölünen) bolmagy.*

Çagada dodagynyň ýa-da gaty kentlewüginiň dogabitdi açyk bolmagy, onuň beden we akyl taýdan ösmegine belli bir derejede öz täsirini ýetirýär. Dodagy we gaty kentlewügi açyk doglan çagalaryň iýmitlenmesi kyn bolýar. Bu bolsa çaganyň bedeniniň gowşamagyna, dürli keseller bilen kesellemegine eltýär. Operasiýadan öň seresaplylyk bilen iýmitlendirilmese, iýmitiň burun boşlugyna düşmegi mümkindir.

Açyk rinolaliýada howa akymy burundan çykmak bilen sözleýiş dili düşnüksiz, myňňyldy äheňde bolýar. Gaty we ýumşak kentlewügi bölünen çagalar operasiýadan öň hem soň dil düzediş mugallymynyň kömegine mätäç bolýarlar. Operasiýa çenli döwürde çaganyň ýumşak kentlewügiň işjeňligi taýýarlanylýar, howa akymyny agyzdan çykarmak endigini etdirýärler, mümkin bolan sesleri aýdýarlar; operasiýadan soňky döwürde ýumşak kentlewügiň işjeňligini artdyrmak (owkalama, maşk etmek arkaly), sesleri dogry aýtmaklyk üstünde işlenilýär. Ýumşak kentlewügi owkalamagyň (massaž etmegiň) esasy maksady tikinleriň yzyny ýazmakdyr. Arassaçylyk kadalarynyň talabyny göz öňünde tutmak bilen owkalamany naharlanmazdan öň ýerine ýetirmeli. Tikiniň üstünden öňe-yza, saga-çepe tarap hereket etmeli.

Ýumşak kentlewük üçin maşklar:

1. Suwy ýuwutmak ýa-da ýuwdan ýaly etmek.
2. Agzyň açyk ýagdaýda pallamak.
3. Üsgürmek.
4. Çekimli sesleri (ilki bilen "*a, e*", soňra "*o, u*") gysga, batly aýtmak. Ýuwaş-ýuwaşdan sesi aýdyň aýtmaklyga geçilýär.

Ilki bilen çekimli sesler goýulýar, soňra çekimsiz seslere geçilýär. Çekimsiz sesler goýlanda "*f, p*" seslerden başlanylýar.

Terbiýeçi dil düzediş mugallymynyň goýan seslerini çaganyň öz sözleýşinde ulanmagyna kömek edýär. Mundan başga-da, ol çaga bilen kadaly dem alyş maşklary bilen baglanyşykly oýunlary geçirýär.

Ýapyk rinolaliýada burun boşlugyna barýan howa ýoly ýapyk (burunda adenoidleriň bolmagy) bolýar, "m, n"- sesleri "b, d" sesleri bilen çalşyrylýar. Bu kemçiligi aýyrmak üçin adenoidleriň aýrylmagy, burun boşlugyna barýan howa ýolunyň açylmagy zerurdyr. Bu çagalara dil düzediş mugallymynyň sapaklary hökmanydyr. Terbiýeçi bu çaganyň operasiýadan soňra agzyny ýapyp burnundan dem almagyna üns bermelidir. Günüň dowamynda birnäçe gezek çaga bilen şu maşklary geçirse bolýar: 1) gezekli-gezegine burnuň sag-çep deşigini ýapyp dem almak (agzyň ýapyk bolmaly); 2) agzyňdan dem alyp, burundan demi goýbermeli. Bu maşky 3-4 gezek gaýtalamaly; 3) burundan dem alyp agyzdan çykarmaly. Bu maşky hem 3-4 gezek gaýtalamaly; 4) "m" sesini aýdym edip aýtmaly.

**Dizartriýa** – gep agzalarynyň işleýşiniň ýeterlik derejede bolmandygy sebäpli, sözleýşiň bozulmagydyr. Dizartriýa sözleýşiň ýerine ýetiriji agzalaryna, merkezi nerw ulgamyna şikes ýetmegi netijesinde döreýär.

Dizartrik çagalarda dislalik çagalaryňky ýaly diňe bir ses aýdyşy bozulman, sözleýşiň ähli ugurlary bozulan bolýar.

Bu çagalaryň sözleýşi düşnüksiz bolýar: sesi ýuwaş, çala ýa-da ýiti; dem alşyň sazlaşygy bozulan; sözleýiş depgini çalt ýa-da haýal bolýar. Umumy hereketiniň, eliň ownuk hereketiniň ýeterlik derejede ösmezligi, sözleýşiň agyr bozulmagy çaganyň emosional-erk ösüşiniň, aň ösüşiniň saklanmagyna eltýär.

Dizartriýanyň has agyr görnüşinde ("anartriýada"), eşidiş kadalaýyk bolup, çagada sözleýşe düşünmeklik başarnygy saklanyp galan-da bolsa (impressiw sözleýiş), sözleýşi herekete getiriji myşsalaryň ysmazlygy sebäpli, çaga düýbünden gürläp bilmeýär.

Adaty çagalar bagynda dizartriýanyň ýeňil görnüşi bolan çagalara gabat gelnilýär. Şeýle seredilende bu çagalar beýleki çagalardan känbir tapawutlanyp hem durmaýar, ýöne olaryň käbir aýratynlyklary bardyr. Çaga öz-özüne hyzmat etmegi başarmaýar – özi geýinmeýär, aýakgabyny



Неподшитые заметки Стр.32

özi geýmeýär, ylgamaýar, bökmeýär. Çaga nahary kynlyk bilen çeýneýär, ýuwudýar; tüýküligini wagtynda ýuwdunyp bilmeýär. Çeýnemesi kyn bolan gaty iýmitleri (käşiri, gaty almany we ş.m.) hem-de eti halamaýarlar. Biraz çeýnäp, agyzlarynda saklaýarlar. Käbir ata-eneler çagalaryň islegine görä, nahar iýse bolýar edip ýumşak iýmitleri berýärler. Bu bolsa gep agzalaryň işjeňliginiň ösmegine päsgel berýär. Ýuwaş-ýuwaşdan çaga gaty iýmit önümlerini çeýnemegi öwretmeli.

Çaga aýakgabynyň bagjygyny, köýneginiň iligini ildirip bilmedik ýagdaýynda ýörite maşklar arkaly ýuwaş-ýuwaşdan eliniň ownuk hereketini ösdürmeli.

Eliň ownuk hereketini ösdürmek üçin öwrediji oýunlar:

1) "Äýnek"



2) "Towşan"

Çaga ilki bilen towşanyň gulajygyna meňzedip süýem we orta barmagyndan başgasyny ýumup saklamagy başarmaly, soňra süýem we orta barmaklary gezekli-gezegine öňe-yza hereket etdirse hem bolýar.



3) "Guşjagaz"

Çaga ilki bilen ellerini suratdaky ýaly ýagdaýda goýmagy başarmaly, soňra guşuň ganatlaryny galgadyşy ýaly ellerini hereketlendirmeli.



Çaga ilki bilen gurjagyň eşigindäki ilikleri (iri, soň ownuk ilikleri) ildirmegi öwretmeli. Ulular diňe bir görkezmän, çaganyň hem öz eli bilen ýerine ýetirmegine kömek etmeli. Soňra çaga öz egnindäki eşikleriň hem iligini ildirip başlaýar.

Çaga suratlary reňklemek, predmetiň daşyny çyzmak, nokatlary birleşdirmek, çyzyklamak ýaly ýumuşlaryň berilmegi onuň elini hata taýýarlaýar.

Bu çagalar şekillendiriş sungaty sapagynda hem kynçylyk çekýärler. Olar galamy dogry tutmagy, gaýçyny ulanmagy başarmaýarlar. Terbiýeçi çaga bilen (elinden tutup) bilelikde hereket etmek bilen çaga kömek edýär.

Saz, bedenterbiýe sapaklarynda-da maşklary ýerine ýetirende kynçylyk çekýärler. Olar öz hereketlerini saza deň goşmagy başarmaýarlar, deňagramlylygy saklap (bir aýkda durmak, sag-çep aýakda bökmek) bilmeýärler. Terbiýeçi ilki bilen çaganyň arka tarapyndan bilinden, soňra öň tarapynda iki elinden tutup bir aýakda bökmäge kömek edýär.

Dizartrik çagalarda arassaçylyk endiklerini terbiýelemek has-da kyn bolýar. Çaga özi agzyny çaýkap bilmeýär – ol suwy agzyna alan badyna birden ýuwudýar ýa-da yzyna dökýär. Çaga ýaňaklaryny çişirip, agzynda howany saklamagy, soňra ony (howany) bir ýaňakdan beýlekä geçirmegi öwretmeli. Şu maşklardan soň, çaga agzyny çaýkamagy öwretse bolar.

Bu çagalarda hereketiň bozulmagy, çaganyň maksatnamany doly özleşdirmegine kynçylyk döredýär. Bular bilen goşmaça aýratynlykda

sapaklar geçirilýär – umumy hereketi, eliň ownuk hereketini, artikulýasion hereketi ösdürmek; nädogry aýdýan sesini düzetmek; sözleýşiň sazlaşygyny dil düzediş mugallymy bilen bilelikde, şeýle-de psihonewrologyň maslahaty bilen kämilleşdirmek we ş.m. Çaga bilen dürli usulda alnyp barylýan düzediş işleri dil düzediş mugallymy bilen bilelikde alnyp barylsa has-da çalt bolar we oňat netije berer.

**Sakawlama** – sözleýiş apparatynyň sandyramagy esasynda sözleýiş depgininiň we sazlaşygynyň bozulmagydyr. Çaganyň sakawlamasynda biz onuň sözleýşinde mejbury saklanmagyna ýa-da aýratyn sesleriň we bogunlaryň gaýtalanmagyna duş gelýäris. Sakawlama, köplenç, nerw ulgamy gowşak bolan iki-bäş ýaş aralygyndaky çagalarda duş gelýär. Çaga wagtynda kömek etmek üçin sakawlamanyň ilkinji alamatlaryny bilmeklik örän wajypdyr: sözleriň öňünde artykmaç sesleriň (a,i) ulanylmagy; jümläniň başynda birinji bogunlaryň ýa-da bütin sözleriň gaýtalanmagy; sözüň, jümläniň ortasynda mejbury saklanmagy; sözleýşiň öňündäki kynçylyklar (başlap bilmezligi).

Sakawlamanyň döremeginiň sebäbi merkezi nerw ulgamyň gowşaklygy bolup durýar. Sakawlamanyň döremeginiň sebäpleri dürli hili bolup bilýär. Käwagtlar ol birnäçe ýokanç kesellerden soň, bedeniň gowşak wagty ýüze çykýar. Köplenç sakawlama gorkudan soň ýa-da töweregini gurşap alýan adamlaryň çaga bolan hemişe adalatsyz, gödek gatnaşygy netijesinde ýüze çykýar. Durmuş şertleriniň birden erbet tarapa üýtgemegi hem sakawlama getirip bilýär. Sözleýşi ir ösen çagalaryň sakawlamasy hem az duş gelenok, olaryň ata-eneleri has köp goşgy, erteki okap berip, “gürrüň edip ber”, “gaýtala” ýaly haýyşlar bilen ýüzlenýärler.

Sakawlamanyň daşky alamatlarynyň biri sözleýişdäki dem alşyň bozulmagydyr.

Sakynmaklyk, esasan-da, dymyk (köplenç “p, t, k”), açyk çekimsiz sesleriň beýleki çekimsiz sesler bilen gelmeginde ýüze çykýar. Şeýle-de ýaýraň, grammatik taýdan çylşyrymly sözlemlerde bolup biler.

Sakynmaklygyň döremegine sözüň gurluşynyň sazlaşygy hem täsir edýär. Sakynmaklyk, köplenç, basymdan öňki we basymly bogunlarda duşýar, basymdan soňky bogunlarda bolsa gabat gelmeýär diýen ýaly, has hem sözüň ýa-da jümläniň birinji bognunda emele gelýär.

Sakawlamany emele getirýän bu alamatlar durnuksyz we üýtgeýändir. Ýörite düzediş işleri geçirilmese sakawlama güýjäp bilýär. Çaga öz-özi, oýnawaçlary, özüni asuda duýýan adamlary bilen gürleşende kän bir sakawlamaýar, emma az tanaýan ýa-da çaganyň gorkýan, utanýan adamlaryň öz ýanynda bolmagy sakawlamanyň güýjemegine alyp gelýär.

Şeýle-de sözleýşiň ýagdaýy umumy beden we duýgy esasy bilen berk baglanyşykly. Ýagny sakawlama çaganyň ýarawsyzlyk wagty, ýadan wagty, hereketli oýunlardan soň köşeşip bilmedik wagty güýjäp bilýär. Mundan başga-da, sakawlamynyň ýüze çykmagy howa şertleri, pasyl, durmuş şertleri, iýmit bilen hem bagly bolup bilýär (güýz, ýaz aýlary beterleşýän döwri).

Çagalaryň sakawlamasynyň aýrylmagy hemmetaraplaýyn çemeleşmäni talap edýär, sebäbi bu sözleýiş bozulmasy birnäçe biologik, şeýle hem aň we durmuş şertleri bilen baglanyşyklydyr.

Sakawlamany ýeňip geçmegiň hemmetaraplaýyn çemeleşmesi sözleýşiň ähli taraplarynyň, hereketiň, aňyň kadalaşmagyna, sakawlaýanyň şahsyýetiniň terbiýesine we bedeniň bütinleý bejerilmegine gönükdirilen düzediş-mugallymçylyk we bejeriş-sagaldyş işleriniň bilelikdäki işini göz öňünde tutýar. Lukmanyň, dil düzediş mugallymynyň, psihonewrologyň, terbiýeçiniň, saz mugallymynyň bilelikdäki işi hökmanydyr.

Dikeldiş işiniň esasy maksady – sakawlamany aradan aýyrmak, durnukly, birsydyrgyn akymly sözleýşi gazanmakdyr. Sakawlamany bejermek däl-de, öňüni almak ýeňildir.

**Alaliýa** grek dilinden terjime edilende sözleýşiň ýoklugy ("a" ýok, "lalia" – sözleýiş) diýmekdir. Alaliýa çaganyň ejesiniň göwresindekä ýa-da ösüşiniň irki döwründe sözleýşi emele gelmänkä, kelle beýnisiniň gatlagynyň sözleýiş böleginiň ösmezligi ýa-da zeper ýetmegi sebäpli döräp, çagalaryň (eşidişi gowy bolan ýagdaýynda üç ýaşdan – bäş ýaş aralygynda) sözleýişleriniň düýbünden bolmazlygyny ýa-da ösmezligini aňladýar. Bu çagalaryň bir topary aýdylýan zada düşünýär, ýöne gürläp bilmeýärler (ekspressiw sözleýşi bozulan). Bular köplenç üm, hereket bilen düşündirýärler. Bu çagalaryň öz-özüne hyzmat edişi ösmedik bolýar (iligini, bagjygyny ildirip bilmeýär, ýöränlerinde köplenç büdreýärler, bir aýakda böküp bilmeýärler). Alalik çagalaryň beýleki bir topary aýdylýana düşünmän gürleýärler (impressiw sözleýşi bozulan). Bu çagalara başga

adamynyň sözleýşini "ýaň" ýaly gaýtalamaklyk mahsusdyr (näme diýip ýüzlenseň, şony özüňe gaýtalap berýär). Olar berilýän soraga jogap bermän, soragy gaýtalaýarlar. Bularyň esasan-da, sözleýşe düşünmeklerini gazanmaly.

Çaga bilen irki ýaşda az gürleşmeklik, onuň sözleýşini ösdürmezlik hem alaliýanyň emele gelmegine eltip biler.

Alaliýanyň akyl taýdan yza galan çagalardan tapawudy, onda eşidişiň we akyl ýetirişiň kadada bolmagydyr.

Sözleýşiň kemala gelmeginde bu çagalarda kynçylyklar ýüze çykýar: sözlügiň baýlaşmasy örän haýal geçýär; jümleleri kynlyk bilen, ýalňyş düzýärler. Sözlerde sesleriň ýeri üýtgedilýär, sözler gysgaldylýar, käbir sesleriň başga sesler bilen ýerleri çalşyrylýar. Käwagtlar bu çagalarda töwerekdäkileriň düşünip bilmeýän, özboluşly sözleýşi bolýar.

Düzediş sapaklarynyň geçilmegi netijesinde sözlügi baýlaşýar, jümleleýin sözleýiş gowulaşýar.

Terbiýeçi toparda alalik çaga bar bolsa, onuň özüni alyp barşyna üns berýär, onuň akyl taýdan yza galak däldigine, eşidişiniň kada laýykdygyna göz ýetirýär. Şeýle-de çaganyň haýsy sesleri, sözleri ulanýandygyny hem-de ata-enelerden çaganyň sözleýşiniň saklanmagyna näme sebäp bolandygyny bilmeli.

Terbiýeçi çaga bilen oňat gatnaşykda bolup, onuň ynamyna girmeli. Ol çagada özüne bolan ynam döretmeli (tabşyryk bermeli, köpçülikleýin oýunlara goşmaly).

Alalik çaga gürlemegi öwretmeklik ýönekeýje ses birikmelerinden başlanylýar – "ma, mo, mu, ma-ma..." Eger-de çaga birnäçe sesleri ýa-da sözleri aýdýan bolsa, onda şolardan başlamaly. Mysal üçin: Terbiýeçi çaga geçiň (sygryň, itiň, otlyň we ş.m.) suratyny görkezip, şolaryň seslerini aýdýar we "Gel, mä, wow..." diýeli diýip, ilki çaga bilen bile aýdýar, soňra çaga gaýtalatdyrýar. Bu ses birikmelerini, ses meňzetmelerini günde birnäçe gezek gaýtalamaly. Çaga ses düzümlerini, sözleri aýtmagy öwrenenden soň, söz düzümlerine, sözleme geçilýär. Oňat gürleýän çaganyň sözleýşini alalik çaga nusga hökmünde ulanmaklygyň peýdasy uludyr. Surat sapagynda (hemme sapaklarda-da) alalik çagany oňat gürleýän çaga bilen oturtmaly. Oňat gürleýän çaga öz suraty hakda aýdýar: "Ynha öý, bu gül we ş.m.". Ýoldaşynyň gürrüňini diňläp, alalik çaga-da



Неподшитые заметки Стр.37

gürläp başlaýar, ilki sözleri ýoýup aýdýar, soňra ýuwaş-ýuwaşdan gowulandyrýar. Terbiýeçi çaganyň söz baýlygyny artdyrmak bilen birlikde sözleýşiň grammatik gurluşyna-da üns berýär. Bu bolsa çaganyň sözleýşiniň, pikirlenmesiniň ösmegine ýardam edýär. Alalik çagalar bilen hereketli oýunlaryň, maşklaryň geçirilmegi, el zähmeti uly ähmiýete eýedir.

Terbiýeçiniň çaga bilen alyp barýan işi ata-eneler, dil düzediş mugallymy, psihonewrolog bilen bilelikde amala aşyrylmaly.

Bu çagalaryň sözleýşi öz wagtynda düzedilmese, onda olaryň aň ösüşine ýaramaz täsir eder. Şonuň üçin bu çagalara näçe ir üns berilse, şonça-da gowudyr.

**Afaziýa** – kelle beýnisiniň belli bir ýerine zeper ýetmegi zerarly öň bar bolan sözleýşiň doly ýa-da bölekleýin ýitmegidir.

Afaziýa kelle beýnisine agyr şikes ýetmegi, beýniniň sowuklamagy we çişmesi, damar keselleri, beýniniň gan aýlanyşygynyň bozulmagy netijesinde köplenç uly ýaşly adamlarda duş gelýär. Kä wagtlar çagalarda hem duş gelýär.

Afaziýa iki görnüşde bolýar:

1. Sözleýşe düşünýärler, oňat eşidýärler, ýöne gürläp bilmeýärler.
2. Sözleýşi kabul etmesi (düşünmesi), sesi eşidişi bozulan. Sözleri ýoýup aýdýarlar ýa-da bogunlary, sözleri başga bogun, söz bilen çalşyp aýdýarlar.

**Afaziýanyň beýleki bozulmalardan tapawudy:**

1. Afaziýanyň alaliýadan tapawudy – afaziýada sözleýiş emele gelenden soň bozulýar, alaliýada emele gelmänkä.
2. Afaziýanyň dislaliýadan tapawudy – dislaliýada ses aýdyşy bozulýar, afaziýada mundan başga-da, sözleýşiň many tarapy hem bozulýar.
3. Afaziýanyň dizartriýadan tapawudy – dizartriýada gep agzalarynyň işjeňliginiň bozulmasy sözleýiş we sözleýiş däl wagty hem bolýar, afaziýada diliň hem-de dodagyň hereketiniň bozulmasy diňe sözleýiş wagty ýüze çykýar.
4. Ker çagalarda eşidişi bozulan, afaziýada bolsa diňe sesi eşidişi bozulan bolýar.
5. Afaziýanyň akyl taýdan yza galak çagalardan tapawudy – afaziýa aň ösüşiniň saklanmagyna eltýär, ýöne akyl taýdan yza galmaklykdan

tapawutlanýar. Afaziýada añ ösüşi saklanmaklyk ikinji ýerde, akyl taýdan yza galamaklykda birinji bolup durýar.

Afazik çagalar bilen **düzediş işleri** iki ugur boýunça alnyp barylýar:

1. Lukmançylyk – däri-därman arkaly dikeldiş işini geçirmek (lukman tarapyndan).

2. Dil düzediş sapaklary.

Uly adamlaryň sözleýşini doly dikeltmek başa barmasa-da, çagalaryňkyny kada getirmek bolýar.

Sözleýşi dikeltmek üçin gündelik durmuşda ulanýan (aktiw) we ulanmaýan (passiw) söz baýlygy üstünde işlenilýär. Dil düzediş sapaklary çaga bilen aýratynlykdaky işi göz öňünde tutýar. Bu işde ata-eneleriň, terbiýeçiniň we çaga ýakyn adamlaryň hem kömegi zerurdyr, sebäbi olar dikeldiş işlerini dowam etdirmelidirler, çagada özüne bolan ynam döretmelidirler. Sapakda alnan sözleýiş endikleri gaýtalap, berkidip durmaly.

Çaganyň sesi kabul edişini ösdürmek bilen bir hatarda sesi seljermegi hem öwretmeli. Ses aýdyş işinde ilki bilen bar bolan sesleri, soňra ýok bolan sesleri dikeltmek üstünde işlenilýär. Dil düzediş mugallymy ilki çaga bilen bilelikde aýdýar, soňra çaga onuň yzyndan gaýtalaýar. Sözüň, sözleýşiň manysyna düşünmeýän afazik çagalara sözüň, sözleýşiň manysyny düşündirmeli, esasan hem, sesi dogry kabul etmesini ösdürmeli.

**Ýazuw sözleýşi** (okuw we ýazuw) – bu harp şekilleriniň esasynda guralan, grafika taýdan düzülen sözleýiş. Ýazuwy we ýazuw sözleýşini doly derejede ele almak dilden sözleýşiň derejesi bilen ýakyn bagly. Dilden sözleýşiň ösmeginiň saklanmagynda ýazuwdaky dürli bozulmalar sebäp bolup biler.

Ýazuw sözleýşiniň bozulmalary aşakdakylara bölünýär:

**disleksiýa** – okamakdaky kemçilikler (harplary tanamakdaky, harplary bogunlara we bogunlary sözlere birikdirmekdäki kynçylyklar);

**disgrafiýa** – ýazuwdaky kemçilikler.

Ýazuw bilen okuw biri-biri bilen bagly bolany üçin ýazuwdaky ýalňyşlyklar, okuwdaky bilen gabat gelýär.

Häzirki wagtda çagalarda ýazuwyň we okamagyň bozulmagynyň köplenç ýagdaýda sözleýşiň umumy kemterligi (fonetik-fonematik we leksiko-grammatik taýdan bozulmagy) netijesinde ýüze çykýandygy

anyklanyldy. Disgrafiýa we disleksiýa, esasan-da, sözleýşiň umumy kemterliginiň (SUK) III derejesi bolan çagalarda gabat gelýär, sebäbi SUK I-II derejedäkiler ýazuwy we okuwy ele alyp bilmeýärler (olaryň dilden sözleýşi entäk ýeterlik derejede kämilleşmedik bolýar).

Ýazuw sözleýşi bozulan çagalar sesleri ýeterlik derejede tapawutlandyryp bilmeýärler. Mundan başga-da, olaryň söz baýlygy çäkli bolup, çaga ýönekeýje sözleriň manysyna-da düşünmeýär, şonuň üçin olary ýoýýar, goýberýär, ýerini çalyşýar we garyşdyrýar.

**Ýazuw sözleýşi barlamak:**

1. Surat boýunça söz ýazmak.
2. Surat boýunça sözlem ýazmak.

Şeýle-de diktant ýazdyrmak usuly hem ulanylýar.

Ýazuw sözleýşi barlanylanda şulara üns berilýär: çaga sözi dogry ýazyp bilýärmi ýa-da gerek bolan sesi gözläp, sözi birnäçe gezek gaýtalaýarmy; sözi düzedýärmi (üstüni çyzýar, okaýar, ýene-de çyzýar) ýa-da düýbünden başarmaýar; ýalňyşyny tapmak hem islemeýär. Esasan hem şularda ýörite gabat gelýän ýalňyşlyklara üns bermeli: sesleri çalyşmak, bogunlaryň ýerini çalyşmak, goýbermek, ýoýmak; sözleriň ýerini çalyşmak; grammatik taýdan goýberilýän ýalňyşlyklar (düşüm goşulmalaryny ýalňyş ulanmak, söz düzümlerini nädogry baglaşdyrmak we ş.m.).

**Okaýşyny barlamak:**

1. Harplary okamak (belli bir harpy görkezmek, okamak).
2. Bogny okamak (belli bir açyk-ýapyk bogunlary okamak).
3. Sözleri okamak (bir, iki bogunly, soňra köpbogunly sözleri okamak).
4. Sözlemleri we ýörite saýlanyp alnan teksti okamak.

Çaganyň okaýşyny barlamak bilen bir hatarda, onuň okalana düşünişini hem barlamaly (okalan sözleme, tekste gabat gelýän suraty tapmak).

Çaganyň nähili okaýandygyna üns bermeli: harplap okaýarmy ýa-da bogunlap. Mundan hem başga ýörite gabat gelýän ýalňyşlyklara üns bermeli: sesleri çalyşmak, bogunlaryň ýerini çalyşmak, goýbermek, ýoýmak; sözleriň ýerini çalyşmak; grammatik taýdan goýberilýän ýalňyşlyklar (düşüm goşulmalaryny ýalňyş ulanmak, söz düzümlerini nädogry baglaşdyrmak we ş.m.).

**Disleksiýany we disgrafiýany aradan aýyrmak boýunça alnyp barylýan düzediş işleri:**

1. Sesi kabul etmegi ösdürmek. Sesleri aýyl-saýyl etmeklik diňe bir ýatdan amala aşyrylman, eýsem ýazuw üsti bilen hem berkidilýär.

2. Ses aýdyşy üstünde işlemek. Ses aýdyşyndaky kemçilikleri aradan aýyrmaly (sesiň ýoýulmagy, sesleriň ýerleriniň çalşyrylmagy, sesiň ýoklugy).

3. Ses taýdan seljermek üstünde işlemek: sözlemiň içinden sözi, sözden bogny, soň sesi saýlamk; ýetmeýän bogny, sözi ýazmak; sözi bognuň sanyna görä saýlap almak (bir-iki bogunly sözler); degişli sese söz tapmaly we ýazmaly.

4. Söz baýlygyny artdyrmak we sözleýişde ulanmak.

5. Sözleýşiň grammatik gurluşynyň üstünde işlemek.

6. Baglanyşykly sözleýşi ösdürmek.

**II. Psihologo-pedagogik** topara sözleýşiň umumy kemterligi we fonetik-fonematik bozulma degişli.

**Sözleýşiň umumy kemterligi** (SUK).

Eşidişi we akyl ýetirişi kadalaýyk bolup, sözleýşiň fonetika, leksika, grammatika ugurlarynyň bozulmagyna sözleýşiň umumy kemterligi diýilýär. Sözleýşiň umumy kemterligi dürli derejede ýüze çykyp bilýär.

SUK-de sözleýiş ösüşiniň 3 sany derejesini tapawutlandyrýarlar.

**SUK-yň 1-inji derejesindäki** çagalar wüjürdi sözlerden, ses meňzetmelerinden, käbir at we işlik sözlerinden peýdalanýarlar, köplenç ümi, hereketi ulanýarlar. Olaryň sözleýşi, esasan-da, bir-iki bogunly sözlerden durýar. Olaryň ses aýdyşy aýdyň bolmaýar, sesi eşidişi ýeterlik derejede ösmedik bolýar. Gündeki durmuşda ulanylýan (aktiw) sözlügi çäklidir. Olar ses birikmelerini, wüjürdili sözleri birnäçe manyny aňlatmak üçin ulanýarlar.

**SUK-yň 2-nji derejesinde** jümleleýin sözleýiş ösüp başlaýar. Wüjürdili sözlerden, ümi ulanmaklykdan başga-da, gündeki durmuşda ulanylýan sözler sözleýişde peýda bolýar, ýöne bu sözler ýoýlup aýdylyp hem bilner. Dogry ses aýdyşy, sözleýşi kadalaýyk çagalaryňkydan yza galýar (yşgalaňly, süýkeş, sonorly, açyk-dymyk sesleriň aýdylyşy bozulan); sesleriň, bogunlaryň ýeri çalşyrylýar. Sesiň aýratynlykda aýdylyşy bilen sözleýişde aýdylyşy deň gelmeýär.

**SUK-yň 3-üji derejesinde** jümleleýin sözleýiş ýaýraň görnüşde bolsa-da, leksiki-grammatiki we fonetik-fonematiki bozulmalar gabat gelýär. Aýratynlykda dogry aýdýan seslerini sözleýişde başga ses bilen çalyşýar. Şeýle bolsa-da bu çagalar eýýäm söz toparlarynyň hemmesini, ýönekeý grammatiki gurluşy ulanyp bilýärler. Özlerine tanyş bolan predmetleri, hereketi, alamaty atlandyrmakda känbir kynçylyk çekip durmaýarlar. Olar maşgalasy, özi, ýoldaşlary, daş-töwerekdäki wakalar barada arkaýyn gürrüň edýärler.

**Fonetik-fonematik bozulma (FFB)** – sesleri kabul etmekde we sesi aýtmakda goýberilýän kemçilikler netijesinde sözleýşiň emele gelmeginde ýüze çykýan bozulmalar.

Bu çagalarda şu aşakdaky kemçilikler ýüze çykýar:

a) sesleri aýyl-saýyl etmegi başarmaýarlar. Şol bir sesi başga iki-üç sesiň ýerine ulanyp aýdýarlar;

b) bir sesi artikulýasiýasy has ýönekeý bolan başga bir ses bilen çalyşýarlar (Meselem, "r" sesiniň ýerine "l" sesi ulanylýar – "ary" diýmän "aly");

ç) sesleri garyşdyrýarlar, ýagny dürli sözlerde birnäçe sesleri durnuksyz ulanýarlar. Çaga käbir sözlerde sesleri dogry hem aýdyp bilýär, käbir sözlerde bolsa olary ýakyn sesler bilen çalyşýar. Şeýlelikde, çaga [r], [l] seslerini aýratynlykda aýtmagy başaryp, sözleýişde olary ýalňyş aýdýar (Meselem: Mylat gyzykly kitap okaýal).

Sözleýşiň ses tarapynyň bozulmagynyň şeýle häsiýetleri terbiýeçiniň we ata-eneleriň ünsüni özüne çekmelidir, sebäbi ol sesi eşidiş ukybynyň, sesleri tapawutlandyrmak başarnygynyň ýeterlik derejede ösmedigini aňladýar.

Sesi eşidiş ukybynyň bozulmagy bilen çagalaryň sözleri ses taýdan derňemekligi ýeterlik derejede ösmedik bolýar. Ýagny, çagalar: a) sözüň birinji çekimli, çekimsiz seslerini aýtmakda (sözüň birinji bognuny ýa-da tutuş sözi aýdýarlar); b) berlen sese degişli suratlary saýlamakda; ç) berlen sesi ulanyp, özbaşdak söz oýlap tapmakda we aýtmakda kynçylyk çekýärler.

Fonetik-fonematik bozulmaly çagalaryň öz wagtynda ýüze çykarylmagy, çagalar bagynyň şertlerinde ýörite guralan okuwyň geçirilmegi, diňe bir sözleýiş bozulmalaryny düzetmeklige däl-de, eýsem olary mekdebe taýýarlamaga-da kömek edýär.



Неподшитые заметки Стр.42

**FFB çagalar bilen geçirilýän düzediş işleri:**

1. Ses aýdyşy kämilleşdirmek.
2. Sesi eşidişini ösdürmek.
3. Sowada taýýarlyk.

Sapaklar çagalaryň hemmesi bilen, şeýle-de aýratynlykda geçirilýär. Ses aýdyşy ösdürmekde çagalaryň sözleýşiniň ses ugruna üns bermeklerini gazanmaly. Ilki bilen çekimli sesler, soňra aýtmasy aňsat bolan çekimsiz seslerden başlanylýar.

Çaga sesi aýtmagy öwretmek, sesi eşidişini ösdürmek bilen bir hatarda ýuwaş-ýuwaşdan sesleri seljermeklik hem öwredilýär:

1) sözüň birinji çekimlisini bilmeli (**a**t. **o**t...);

2) birinji we iň soňky çekimsiz sesi tapawutlandyrmaly (**t**a**m**, **t**o**p**...), ýapyk bogny seljermek (op, ut...);

3) sözdäki çekimli sesi bilmeli (d**a**ş, b**ä**ş...);

4) açyk bogunlary we bir bogunly sözleri seljermeli.

Soňra çagalara sözleri bogna bölmeklik öwredilýär. Çaga sesleri dogry aýtmak, sesleri seljermek bilen okamak endigine taýýarlanýar: sesleriň ýazuwda harp bilen belgilenýändigini, harplary birleşdirmegi, bogunlap okamagy özleşdirýär. Ilki iki, soň üç we ondan-da köpräk harplar goşulyp okalýar. Çaganyň okaýan zadyna düşünmegi örän wajypdyr. Okamak bilen bir hatarda harplary basmaça ýazmaklyk hem öwredilýär.

Şeýlelikde, çaga sesi dogry aýtmagy, sözleri ses taýdan seljermegi, okamagy, ýazmagy we okalan sözüň, sözlemiň manysyny düşündirmegi öwrenýär. FFB çagalar bilen geçirilýän düzediş işleri diňe bir sözleýşi kadalaşdyrman, eýsem olary mekdebe taýýarlamaga hem kömek edýär.

## Sözleýiş bozulmalarynyň sebäpleri

Sözleýiş bozulmalarynyň sebäpleri hökmünde adamyň bedenine daşky we içki ýaramaz täsir edýän zeper ýetiriji zatlar bolýar.

Sözleýşiň emele gelmeginde daş-töwerekdäki adamlaryň täsiri uludyr. Onuň aýdyň mysaly hökmünde lal ata-enäniň elinde terbiýe alýan eşidişi bozulmadyk çagalarda sözleýşiň ösüşiniň pesligi, maşgalada çaganyň aňyna zeper ýetirýän ýagdaýyň bolmagy çaganyň sakawlamagyna eltýär.

Örän köpsanly sözleýiş bozulmalary çagalaryň ösüşiniň esasy döwründe duş gelip, aglabasy 1-2 ýaşda, 3 ýaşda we 6-7 ýaşda sözleýşiň aýdyň bozulmalaryna getirip bilerler.

### Çagalaryň sözleýşindäki kemçilikleriň esasy sebäpleri şu aşakdakylardyr:

1. Çaganyň ejesiniň göwresinde wagtyndaky näsazlyklar. 4 hepdeden 4 aýa çenli geçiş möhletinde duş gelip biler: göwreliligiň agyr geçmegi, enäniň ýokanç keseller bilen kesellemegi, dürli trawmalar we ş.m.
2. Çaga doglandaky trawmalar we asfiksiýa (dem almaklygyň bozulmagy sebäpli kelle beýnisine kislorodýň ýetmezçiligi).
3. Çaganyň ilkinji ýaşynda dürli ýokanç keseller bilen kesellemegi.
4. Kelle süňküniň trawmasy zerarly döreýän beýni sarsmasy.
5. Nesil yzarlaýan bozulmalar.
6. Daş-töwerekdäkileriň täsiri.

Sözleýiş kemçilikleriniň ir ýüze çykarylyp öz wagtynda düzedilmegi, çagany mekdebe taýýarlamaga ýardam berer.

Sözleýşiň dürli bozulmalarynyň öňüni almaklyk maksady bilen hökmany suratda ilki başdan onuň sebäplerini we ilkinji alamatlaryny çuňňur öwrenmeli.

#### Tema boýunça soraglar:

1. Sözleýiş bozulmalary nähili toparlara bölünýärler?
2. Dilden sözleýiş bozulmalaryna haýsylar degişli?
3. Ýazuw sözleýiş bozulmalaryna haýsylar degişli?
4. Sözleýiş kemçilikleriniň esasy sebäpleri haýsylar?

## IV bap. TÜRKMENISTANYŇ MEKDEBE ÇENLI ÇAGALAR EDARALARYNDA DIL DÜZEDIŞLIK KÖMEGINIŇ GURALYŞY

Watanymyzyň şu güni hem ertiri bolan körpe nesillerimizi milli ruhda terbiýelemekde, olary hemmetaraplaýyn kämil, sagdyn şahsyýet edip ýetişdirmekde, çagalaryň mekdebe taýýarlykly gelmeklerini üpjün etmekde, bilim-terbiýeçilik ojaklarynyň ilkinji basgançagy bolan mekdebe çenli çagalar edaralarynyň ähmiýeti diýseň uludyr.

Bu babatda Türkmenistanyň Bilim hakyndaky kanunynda şeýle diýilýär: "Türkmenistanda mekdebe çenli ýaşly çagalary terbiýelemek we okatmak, olaryň beden we ruhy saglygyny goramak we berkitmek, şahsy başarnyklaryny ösdürmek üçin çagalar edaralarynyň ulgamy hereket edýär".

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, ruhy hem beden taýdan kämil nesil döwletiň geljegi üçin iňňän uly zerurlykdyr. Bu babatda Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 3-nji maddasynda "Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy adamdyr" diýlip nygtalýar.

Sagdyn nesil bu biziň bagtly geljegimizdir.

Mähriban Prezidentimiziň "Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy" diýen kitabynda belleýşi ýaly, sagdyn döwlet bu diňe syýasy taýdan däl, eýsem sagdyn jemgyýet sagdyn raýat, bilimli, dünýä ösüşinden doly habarly, oňa goşulmaga ähli taraplaýyn taýýarlykly sagdyn nesil diýmekdir.

Jemgyýetiň durmuş sagdynlygy onuň agzalarynyň, şol sanda aň, akyl, sözleýiş, beden we beýleki kemçilikleri bolan raýatyň ösüş derejesine-de baglydyr.

Biziň ýurdumyzda ösüşinde ol ýa-da beýleki kemçilikleri bolan çagalar üçin dürli ugurlar boýunça ýöriteleşdirilen çagalar edaralary we

toparlary hereket edýär. Şol çagalar edaralarynda we toparlarynda akyl, görüş, eşidiş, beden, sözleýiş taýdan kemçilikli çagalara bilim-terbiýe bermegi, olar bilen düzediş işlerini geçirmegi ýörite hünärmenler-defektolog (tiflo, surdo, dil düzediş, oligofrenpedagog) mugallymlar alyp barýarlar. Şeýle görnüşli ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edaralary we toparlary özüniň Düzgünnamasy, Maksatnamasy esasynda okuw-terbiýeçilik, düzediş işlerini amala aşyrýar.

Olar dürli serişdeler bilen çagalaryň ösüşinde bar bolan kemçilikleri düýbünden aýyrmak ýa-da mümkin boldugyça düzetmek üçin düzediş we öwezini doluş çärelerini geçirýärler. Bu babatda defektolog-mugallymyň terbiýeçiler we lukmanlar bilen bilelikdäki alyp barýan işleri oňat netije berýär. Bu çagalar bilen alnyp barylýan okuw-terbiýeçilik we düzediş işleri köpçülikleýin, toparlaýyn hem-de aýratynlykda guralýar.

Bu çagalar edaralaryna we toparlaryna çagalar Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň baş bilim müdirlikleriniň (etrap, şäher bilim bölüminiň) lukman-mugallymçylyk işçi toparynyň geçiren barlagynyň netijesiniň beýany we ýollamasy esasynda kabul edilýär.

Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň Baş bilim müdirlikleriniň (etrap, şäher bilim bölüminiň) lukman-mugallymçylyk işçi topary ösüşinde, sözleýşinde we beden synasynda kemçiligi bolan çagalary kesel anyklamalary boýunça tapawutlandyryp, olary ýöriteleşdirilen çagalar edaralaryna we toparlaryna ýollaýar.

**Lukman-mugallymçylyk işçi topary** akyl ösüşinde, sözleýşinde we beden synasynda kemçiligi bolan mekdebe çenli ýaşly çagalary kesel anyklamalary boýunça tapawutlandyryp, olary degişli ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edaralaryna, toparlaryna ugradýar.

Lukman-mugallymçylyk işçi toparynyň düzümine: işçi toparyň başlygy – Baş bilim müdirliginiň mekdebe çenli terbiýe we bilim bölüminiň degişli hünärmeni; işçi toparyň agzalaryna-çagany ruhy taýdan bejeriji lukman, dil düzediş mugallymy, defektolog, surdomugallym, tiflomugallym degişlidir.

Çaga lukman-mugallymçylyk işçi toparynyň barlagyndan, degişli saglyk edaralary tarapyndan berlen gerekli resminamalar esasynda onuň ata-enesiniň ýa-da olaryň kanuny wekilleriniň gatnaşmaklarynda geçirilýär.

Lukman-mugallymçylyk işçi toparyna hödürlenilýän resminamalar:



Неподшитые заметки Стр.46

– çagalaryň saglygynyň umumy ýagdaýy barada çaga lukmany tarapyndan ýöredilýän saglyk ýazgysy;

– çaganyň saglyk ýagdaýy barada degişli saglyk edaralarynyň lukmanlarynyň (gulak, burun, bokurdak lukmanynyň çaganyň eşidiş ýagdaýy; göz lukmanynyň çaganyň görüş ýagdaýy; hirurg-ortaped çaganyň daýanç hereket ediş synasynyň ýagdaýy; çagany ruhy taýdan bejeriji lukmanynyň çaganyň akyl ösüş ýagdaýy; dil düzediş mugallymynyň çaganyň sözleýiş ýagdaýy baradaky netijeleri) kepilnamasy;

– ata-enäniň ýa-da olaryň kanuny wekilleriniň arzasy;

– ata-enäniň ýa-da olaryň kanuny wekilleriniň pasporty we onuň nusgasy;

– çaganyň dogluş hakyndaky şahadatnamasy we onuň nusgasy.

Çaga lukman-mugallymçylyk işçi toparyna, degişli saglyk öýüniň dil düzediş mugallymy, maşgala lukmany, çagany ruhy taýdan bejeriji lukmany tarapyndan ugradylýar. Şeýle hem, mekdebe çenli çagalar edaralarynyň dil düzediş mugallymlary adaty çagalar baglarynda geçirilen barlaglaryň netijesinde ýüze çykarylan çagalaryň sanawyny lukman-mugallymçylyk işçi toparyna hödürleýär.

Lukman-mugallymçylyk işçi toparynyň ýollamasy, beýany esasynda ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edaralaryna we toparlaryna ugradylan çagalar ýaş aýratynlyklaryna görä toparlara ýerleşdirilýär.

Çaganyň keselini anyklamasy kyn bolan ýagdaý ýüze çykanda lukman-mugallymçylyk işçi topary çagany 3-6 aý synag möhleti bilen degişli ýöriteleşdirilen çagalar edaralaryna we toparlaryna ugradýar.

Çagalary ýöriteleşdirilen çagalar edaralaryndan we ýöriteleşdirilen toparlaryndan çykarmak hem-de bir ýöriteleşdirilen çagalar edarasyndan beýleki degişli çagalar edarasyna geçirmek diňe lukman-mugallymçylyk barlag topary esasynda amala aşyrylýar.

Ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edaralaryna gatnaýan çagalar bilen geçirilýän bejeriş-sagaldyş we okuw-terbiýeçilik işleriniň dowamynda, çagada gatnaýan ýöriteleşdirilen çagalar edarasyna degişli bolmadyk kesel ýüze çykan ýagdaýynda, defektolog mugallymynyň (terbiýeçiniň) çaga beren häsiýetnamasynyň esasynda keseli anyklamak maksady bilen degişli lukmana (otolaringologa, psihonewrologa we ş.m.) maslahata ugradylýar, soňra çaga täzeden lukman-mugallymçylyk işçi toparyna ugradylýar.

Lukman-mugallymçylyk işçi toparynyň barlagynyň netijesinde çaga degişli ýöriteleşdirilen çagalar edaralaryna ýollanylýar.

Terbiýeçi çaga häsiýetnama berende ol barada maglumatlardan başga-da onuň çagalar edarasyna haçandan bäri gatnaýandydyny; topara öwrenişişini; deň-duşlary, ulular bilen nähili aragatnaşykdadygyny hem görkezýär. Şeýle-de häsiýetnamada çaganyň okuw maksatnamasyny özleşdirişi, sapaga gatnaşyşy, oýunlara goşulyşy, öz-özüne hyzmat edişi görkezilýär.

Ýurdumyzda ösüşinde kemçiligi bolan çagalaryň **ýöriteleşdirilen edarasyna** şu aşakdakylar degişli:

– Ker we çala eşidýän çagalaryň ýöriteleşdirilen gije-gündiz işleýän mekdebe çenli çagalar edarasy we toparlary.

– Sözleýiş dili bozulan çagalaryň ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edarasy (toparlary) – mekdebi.

– Görüş taýdan ýetmezçilikli çagalaryň ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edarasy we toparlary.

– Akyl taýdan yza galan çagalaryň ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edarasy.

– Daýanç-hereket ediş synasy bozulan çagalaryň gije-gündiz işleýän ýöriteleşdirilen çagalar bagy-mekdebi we toparlary.

Mundan hem başga inçekesel ýokuşmalarynyň irki ýüze çykmalary bar bolan çagalaryň bejeriş-sagaldyş görnüşli ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edarasy hereket edýär.

**Akyl taýdan yza galan** çagalaryň ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edarasynda akyl taýdan yza galan çagalary ösdürmek, terbiýelemek, olar bilen bejeriş işlerini geçirmek, saglygyny dikeltmek, okuw maksatnamasyna laýyklykda bilim-terbiýe berip mekdebe taýýarlamak işleri alnyp barylýar. Akyl ösüşi yza galan çagalara bilim-terbiýe bermek bilen, olar bilen düzediş işlerini geçirmeklige, zähmete taýýarlyk işlerine-de uly üns berilýär.

Bu çagalar edarasyna akyl taýdan yza galan oligofreniýanyň ýeňil (debil) derejesindäki 3-8 ýaşly çagalar Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň Bilimi dolandyryş edaralarynyň (etrap, şäher bilim bölüminiň) lukman-mugallymçylyk işçi toparynyň geçiren barlagynyň netijesiniň beýany we ýollamasy esasynda kabul edilýär. Ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar

edarasyna we toparlaryna çagalary kabul etmeklik ýylyň dowamynda amala aşyrylýar. Ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edarasynyň gije-gündiz ýa-da gündizki işleýän toparlary bolup, olar 6 günlük iş hepdesinde işleýär.

Ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edarasynyň toparlarynda 10-12 çaga bolmaklyk göz öňünde tutulýar.

Ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edarasyna (toparlaryna) şu aşakdaky çagalar kabul edilmeýär:

– imbesil we kemakyl derejeli oligofrenler;

– eşidişi, görşi bozulanlar;

– aýratyn ideg etmegi talap edýän daýanç-hereket ediş synasy bozulanlar;

– şizofreniýa keseli bilen kesellänler;

– tutgaýly, şeýle-de nerw kesellerиниň düýpli bejerilişine mätäç bolanlar, aň ösüşi wagtlaýyn saklanan çagalar;

– köpçülikleýin mekdebe çenli çagalar edaralaryna kabul etmeklige laýyk gelmeýän keselli çagalar.

Ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edarasynda (toparlarynda) çagalaryň ukyby, hemmetaraplaýyn ösüşi we saglyk ýagdaýlary doly göz öňünde tutulyp, okuw maksatnamalaryna laýyklykda, okuw-terbiýeçilik hem-de bejeriş-sagaldyş işleri utgaşdyrylyp alnyp barylýar.

Defektologlar (dil düzediş mugallymlary) toparyň terbiýeçisi bilen bilelikde okuw-terbiýeçilik we düzediş işlerini okuw maksatnamalaryna laýyklykda alyp barýarlar.

Ýöriteleşdirilen çagalar baglarynyň meýilnamasyna laýyklykda mugallymlar, terbiýeçiler toparlaýyn we aýratynlykdaky sapaklaryň mazmunyny saýlanlarynda çagalaryň okadylyş ýylyny, ösüş derejesini we mümkinçiligini göz öňünde tutmalydyr. Akyl taýdan yza galan çagalaryň ýörite düzediş-okuwsyz haýal ösýändigi sebäpli, ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edara näçe ýaşynda gelendigine garamazdan, olar ilki bilen birinji okuw ýylynyň sapaklaryny, soňra indiki okuw ýylynyň maksatnamasyny doly geçmelidirler. Şonuň bilen birlikde maksatnamany geçmegiň tizligi üýtgemelidir: eger çaga çagalar edarasyna 6 ýaşda gelse, onda ol bir ýylda iki ýylyň okuw meýilnamasyny geçmelidir.

Çagalary barlamagyň esasynda mugallymlar köpçüligi olary toparlara bölýärler. Defektolog – dil düzediş mugallym her çaga bilen geçirilmeli işiň

meýilnamasyny düzýär. Ilkinji sapaklaryň dowamlylygy – 10 min. Wagtyň geçmegi bilen sapagyň mazmuny çylşyrymlaşýar. Okatmagyň 3-4 ýyllarynda okuwyň dowamlylygy 30-35 min.

Akyl taýdan yza galan çagalaryň sapaklaryny guramagyň usullarynyň biri: çaganyň ünsüni çekmek üçin işiň görnüşleriniň çalt täzelenmegidir.

Defektologlar aýratynlykdaky sapaklary çagalary barlamagyň netijesine laýyklykda meýilleşdirýärler we geçirýärler. Maksatnama laýyklykda bu sapaklarda aň işjeňliginiň ähli ugurlary ösdürilýär.

Ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edarasynda bolmaly möhleti gutarandan soňra çagalar degişli mekdeplere ugradylýar.

**Ker we çala eşidýän** çagalaryň ýöriteleşdirilen gije-gündiz işleýän mekdebe çenli çagalar edarasy çagalara terbiýe we bilim bermek, olaryň eşidiş, sözleýiş kemçiliklerini düzetmek, gepleşmegiň, pikirlenmegiň esasy serişdesi bolan sözleýiş dilini öwretmek, şeýle-de şahsyýetiň ösüşiniň kämilleşmegine ýardam etmek, çagalary mekdebe taýýarlamak işlerini utgaşdyrylan görnüşde alyp barýan döwlet okuw-tebiýeçilik edarasydyr.

Ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edarasynyň (toparlarynyň) wezipesi çagalaryň eşidiş ukybynyň, sözleýiş diliniň, akyl, ahlak duýgularynyň, beden saglygynyň ösüşinde hem-de olaryň daş-töwerege akyl ýetirmeginde bolýan kemçilikleri düzetmek üçin amatly şertleri döretmekden; çagalaryň eşidiş ukybyna görä dil düzediş işlerini ýola goýmakdan ybaratdyr.

Ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edarasyna (toparlaryna) eşidişi bozulan, akyly kadaly bolan 3-7 ýaşly çagalar Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň Bilimi dolandyryş edaralarynyň (etrap, şäher bilim bölümleriniň) hatlary, degişli bejeriş-maslahat beriş merkezleriniň surdokabinetiniň işçi toparynyň geçiren barlagynyň netijesiniň beýany esasynda Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň Bilimi dolandyryş edaralarynyň lukman-mugallymçylyk işçi toparynyň ýollamasy boýunça kabul edilýär.

Ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edarasyna (toparlaryna) eşidiş agzalary bozulan çagalar üçin 10-12 çaga; agyr kemçiligi bolan çagalar üçin 8 çaga göz öňünde tutulýar.

Ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edarasynda (toparlarynda) okuw-terbiýeçilik işiniň dowamynda dürli keseller bilen kesellän gowşak

çagalar (sarygetirme, sowuklama we ş.m.) edaranyň lukman-mugallymçylyk maslahatlarynyň karary boýunça öz okuwlaryny dowam etdirip bilerler.

Ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edarasyna (toparlaryna) kabul etmeklige degişli däl çagalar:

– aýratyn idegi talap edýän, hereketi bozulanlar;

– akyl taýdan yza galanlar;

– tutgaý (garaguş) keselliler;

– kör çagalar;

– eşidişi kadalaýyk bolup, gepläp bilmeýänler;

– köpçülikleýin mekdebe çenli çagalar edaralaryna kabul etmeklige laýyk gelmeýän keselli çagalar.

Eşidişi kemçilikli çagalary okatmakda okuw üçin ýöriteleşdirilen enjamyny (sesi güýçlendirýän abzallary, ýörite okuw usullaryny-barmak elipbiýi, hereket arkaly sözleýiş) ulanmaklyk çaganyň eşidiş we sözleýiş ösüşindäki kemçilikleri aýyrmaklyga ýardam edýär.

Eşidişinde kemçiligi bolan çagalaryň eşidiş, sözleýiş kemçiliklerini düzetmek, sözleýiş dilini öwretmek şahsyýetiň ösüşiniň kämilleşmegine, durmuşda öz orunlaryny tapmaklyga ýardam edýär.

Çagalaryň eşidiş we sözleýiş ukyplaryny ösdürmek boýunça çagalar bilen alnyp barylýan okuw-terbiýeçilik, dil düzediş, eşidiş-dikeldiş işleri köpçülikleýin, toparlaýyn hem-de aýratynlykda guralýar.

Surdomugallymy bilen toparyň terbiýeçisi bilelikde okuw-terbiýeçilik we düzediş işlerini okuw maksatnamalaryna laýyklykda alyp barýarlar.

Görkezme düzgüni ker çagalary okatmakda möhüm orny eýeleýär, çünki ol görkezme-keşpli pikirlenmegiň ösmegine mümkinçilik berýär. Sapakda çagalar predmetleri synlaýarlar, deňeşdirýärler we olaryň arasynda meňzeşligini hem-de tapawutlylygyny belleýärler, olary sypatlandyryp bilýärler, predmetleri dürli aýratynlyklary boýunça umumylaşdyrýarlar.

Ker çagalara sözleýşiň ýazuw görnüşini öwretmeklik eşidýän çagalardan tapawutlylykda has irki döwürden başlanýar.

Ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edarasyna (toparlaryna) gatnaýan çagalar mekdep ýaşyna ýetenden soň, olar degişli mekdeplere ugradylýar.

**Görüş taýdan ýetmezçilikli** ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edarasynda (toparlarynda) çagalar bilen okuw-terbiýeçilik, bejeriş-düzediş işlerini geçirmek, çagalaryň saglygyny dikeltmek hem-de olary mekdebe taýýarlamak işleri amala aşyrylýar.

Ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edaralaryna (toparlaryna) çagalar Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň Bilimi dolandyryş edaralarynyň (etrap, şäher bilim bölüminiň) lukman-mugallymçylyk işçi toparynyň geçiren barlagynyň netijesiniň beýany we ýollamasy esasynda kabul edilýär.

Ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edarasyna we toparlaryna:

– oňat görýän gözünde 0,05-den 0,4-e çenli görüş ýitiligi bolanlar;

– görşi dürli derejedäki pesligi bolan ambliopiýadan we çaşylykdan jebir çekýän çagalar kabul edilýärler.

Görüş taýdan ýetmezçilikli çagalara niýetlenen toparlar çagalaryň ýaş aýratynlyklaryna laýyklykda düzülip:

– kiçi topara 2,5-4 ýaşly;

– orta topara 4-5 ýaşly;

– uly topara 5-6 ýaşly;

– mekdebe taýýarlaýyş topara 6-7 ýaşly çagalar degişlidir.

Ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edarasyna (toparlaryna):

– oligofreniýäniň agyr derejesindäkiler (imbesil we kemakyl);

– aýratyn idegi talap edýän daýanç hereketi bozulan;

– eşdişi bozulan;

– tutgaý keselinden ejir çekýän;

– köpçülikleýin mekdebe çenli çagalar edaralaryna kabul etmeklige laýyk gelmeýän keselli çagalar kabul edilmeýär.

Ýöriteleşdirilen çagalar edarasynda (toparlarynda) çagalar bilen alnyp barylýan okuw-düzediş işleri köpçülikleýin, toparlaýyn hem-de aýratynlykda guralýar. Görüş taýdan ýetmezçilikli (çala görmeklikden we çaşylykdan kösenýän) çagalara bilim-terbiýe bermek bilen bir hatarda bejeriş-dikeldiş çäreleri hem geçirilýär. Tiflomugallymynyň we terbiýeçiniň çagalar bilen alyp barýan işleri göz keselleri lukmanynyň maslahaty hem-de gözegçiligi boýunça guralýar. *Göz keselleri lukmany* çagalaryň görüş derejesini gowulandyrmak babatda bejeriş işlerini geçirýär, çaganyň görüş ukybyny, görejini saklap biliş başarnygyny gowulandyrmak boýunça çäreleri amala aşyrýar we çaganyň umumy beden ösüşine ýardam berýär,

çaga göz kesellerini bejeriş ylmy boýunça ýöriteleşdirilen toparlaryň terbiýeçileri üçin maslahatlary berýär.

Tiflomugallym, terbiýeçi düzediş işlerinde çaganyň sözleýşine-de, eliniň ownuk hereketiniň ösdürilmegine-de, dogry ses aýdyşyna-da üns berýär. Tiflomugallym görüş duýgularyny ösdürmek üçin alyp barýan düzediş işlerinde çagalarda duýmagyň tärlerini, usullaryny kemala getirýär, olara görüş we duýgy agzalary arkaly zatlary, hadysalary dogry düşünmegi öwredýär. Düzediş işlerini topara gelen çagalar bilen eýýäm ilkinji aýlardan başlap, olaryň zatlary elläp görmek bilen tanamak, ýatda saklamak ukybyny ösdürmegi kämilleşdirmek we zatlary tanamak bilen olaryň ähmiýetini bilmegi öwretmek esasy wezipe bolup durýar. Bulardan başga-da çagalarda giňişlikde ugurtapyjylygy, sözleýşi ösdürmegi aýratyn okuw sapaklaryny geçirmek arkaly çagalara ýetirmek wajypdyr. Gözi şikesli çagalarda olary gurşap alýan daş-töwerekdäki zatlary gözlerini hereketlendirmek, gözlerini bir nokada dikip seretmek we hereketdäki zatlaryň yzyndan seretmek endiklerini ösdürmek, dürli mysallar arkaly, şekiliň daşyndan barmajyklary bilen yzarlamak, zatlaryň ululygyny – kiçiligini bilmek, golaýda ýa-da daşdadygyny, meňzeş ýa-da meňzeş däldigini tapawutlandyrmak arkaly olaryň ösüş derejesini kämilleşdirmek gaýragoýulmasyz meseledir.

Ýöriteleşdirilen toparlarda çala görmeklikden, ambliopiýadan we çaşylykdan kösenýän çagalaryň ruhy we beden ösüşlerini kadalaşdyrmaga, çagalaryň ösüşindäki ikilenç ýüze çykyp biljek ýetmezçilikleri aradan aýyrmaga gönükdirilen bejeriş-kadalaşdyryş hem-de okuw-terbiýeçilik işleri utgaşdyrylyp guralýar.

Ýöriteleşdirilen toparlarda çagalary terbiýelemegiň we okatmagyň gidişinde çagalaryň görüş ýetmezçiliklerini bejermek, olaryň saglygyny zyýanly täsirlerden goramak boýunça çäreler amala aşyrylýar.

Ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edarasynda (toparlarynda) görüş ýetmezçiliginiň düzümi, görüş kemçiliginiň derejesi we häsiýeti hasaba alnyp, düzetmegiň optik serişdeleri giňden ulanylýar. Okuw-terbiýeçilik işiniň gidişinde çagalaryň ösüş aýratynlyklary we lukmançylyk maslahatlary hasaba alynýar.

Ambliopiýadan we çaşylykdan kösenýän görmeýän çagalara niýetlenen toparlar üçin emeli ýagtylandyrylyşyň ýokary çäkleri (500-1500 lýuks) ulanylýar.

Okuw-terbiýeçilik işleriniň ähli görnüşleri üçin görkezme esbaplar, paýlanýan okuw serişdeleri çagalaryň şahsy aýratynlyklaryny we olaryň görüş ýitiligini hasaba almaklyk bilen taýýarlanylýar.

Terbiýeçiler çagalar bilen okuw-terbiýeçilik işlerini geçirende olaryň gözüne we bedenine agram bermegiň çäkleriniň berjaý edilişine gözegçilik edýär.

Bejeriş-düzediş işleriniň netijesinde görşi doly kadalaşan çagalar okamak üçin umumy bilim berýän orta mekdeplere iberilýär. Çala görýän ýa-da görüş ýitiligi 0,04-0,2 ölçegde bolan pes görýän çagalar ýöriteleşdirilen mekdep-internatlarynda okadylmaga degişlidir.

**Daýanç-hereket ediş synasy bozulan** çagalaryň ýöriteleşdirilen çagalar bagy-mekdebi daýanç-hereket ediş synasy şikesli çagalara terbiýe we bilim bermek, çagalaryň paýhas taýdan ösüş aýratynlyklary bilen baglanyşykly ahyrky mümkin bolan ýagdaýlary dikeltmek hem-de mekdebe taýýarlamak işlerini amala aşyrýar.

Ýöriteleşdirilen çagalar edarasyna (bagy-mekdebine, toparlaryna) çagalar Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň Bilimi dolandyryş edaralarynyň (etrap, şäher bilim bölüminiň) lukman-mugallymçylyk işçi toparynyň geçiren barlagynyň netijesiniň beýany we ýollamasy esasynda kabul edilýär.

Ýöriteleşdirilen çagalar edarasyna (bagy-mekdebine, toparlaryna) daýanç-hereket ediş synasy şikesli 3 ýaşdan 11 ýaşa çenli çagalar kabul edilýär.

Ýöriteleşdirilen çagalar edarasyna (bagy-mekdebine, toparlaryna) aýratynlykdaky idege mätäç bolmadyk, öz-özüne hyzmat etmegi başarýan ýa-da öz-özüne hyzmat etmek endiklerine hereketi bolan, özbaşdak ýa-da ýörite enjamyň kömegi bilen ýöräp bilýän şu aşakdaky:

– serebral ysmazyň ýeňil görnüşi;

– şikeslenmäniň netijesinde we el-aýaklarynyň dogabitdi ýa-da soň ýüze çykan deformasiýasy;

– artrogrippoz, hondrodistrofiýa, miopatiýa;

– skolioz (ähli görnüşleri) keselli çagalar kabul edilýär.

Çagalaryň ýaş aýratynlyklaryna görä aşakdaky ýaly toparlara bölünýär:

– kiçi topar 3 ýaşdan 5 ýaşa çenli;

– orta topar 5 ýaşdan 6 ýaşa çenli;

– uly topar 6 ýaşdan 7 ýaşa çenli;

– mekdebe taýýarlyk topar 7 ýaşdan 8 ýaşa çenli.

Çagalaryň ýaşyny hasaba almak bilen synplar şeýle tertipde bölünýär:

– 1-nji synp 8 ýaşdan 9 ýaşa çenli;

– 2-nji synp 9 ýaşdan 10 ýaşa çenli;

– 3-nji synp 10 ýaşdan 11 ýaşa çenli.

Ýöriteleşdirilen çagalar edarasyna (bagy-mekdebine, toparlaryna) okuwçylary kabul etmeklik orta bilim berýän mekdeplerden tapawutlylykda, çagalaryň saglyk ýagdaýlaryny göz öňünde tutmak bilen, bellenilen ýaş aýratynlygyndan 1-2 ýaş giç kabul etmeklige rugsat berilýär.

Ýöriteleşdirilen bagy-mekdebinde bilim alýan okuwçylary synpdan synpa geçirmeklik mugallymlaryň we lukmanlaryň maslahatynyň netijesi esasynda amala aşyrylýar.

Ýöriteleşdirilen çagalar bagy-mekdebine kabul etmäge degişli däl çagalar:

– imbesil we kemakyl derejeli oligofrenler;

– aýratyn ideg etmegi talap edýän çagalar;

– eşidiş we görüş bozulmalary bar bolan çagalar;

– tutgaý keselinden ejir çekýänler;

– hereket bozulmalarynyň agyrlygyna baglylykda we öz-özüne hyzmat etmek endigini terbiýeleýän hereket mümkinçiliginiň ýoklugy sebäpli, özüne hyzmat edip bilmeýän çagalar.

Ýöriteleşdirilen çagalar edarasynda (bagy-mekdebinde, toparlarynda) çagalar bilen alnyp barylýan okuw-düzediş işleri köpçülikleýin, toparlaýyn hem-de aýratynlykda guralýar.

Daýanç-hereket ediş synasy bozulan çagalara bilim-terbiýe bermek bilen bejeriş-dikeldiş, dilini düzediş işleri utgaşykly alnyp barylýar. Defektologyň, terbiýeçiniň we lukmançylyk işgärleriniň bilelikdäki işi bejeriş-dikeldiş işinde uly ähmiýete eýedir.

Ýöriteleşdirilen çagalar edarasynyň (bagy-mekdebiniň) toparlarynda işleýän ýörite hünärli mugallymlar (defektolog) terbiýeçiler, mugallymlar bilen bilelikde okuw maksatnamalaryna laýyklykda okuw-terbiýeçilik we düzediş işlerini amala aşyrýarlar.

Dil düzediş mugallymy, terbiýeçiler, saz ýolbaşçysy temalary saýlamakda we sapak ýazgylaryny taýýarlamakda, sapaklaryň tertibini we olaryň wezipelerini anyklamakda işleri öz aralarynda meýilnamalaşdyrýarlar.

Dil düzediş mugallymy ähli çagalaryň akyl ösüşi boýunça, olaryň dogry sözlemekleri boýunça düzediş işlerini alyp barýar; umumy we eliň ownuk hereketini ösdürýär. Gagada ýüz, dil synasynda düzediş owkalamasyny, dem alyş, ses gönükmelerini geçirýär.

Terbiýeçiniň öňünden taýýarlamagy esasynda dil düzediş mugallymy öz sapaklarynda dialogik sözleýşi grammatik görnüşde işjeň ulanmak endiklerini ösdürýär. Dil düzediş mugallymy terbiýeçi bilen bilelikde çagalary täze sözler bilen tanyşdyrmagyň, olaryň manysyna düşünmegiň, tema boýunça leksiki maglumaty saýlamagyň üstünde işleýär.

Toparlaýyn sapaklarda (20-30 min) dil düzediş mugallymy çagalarda terbiýeçiniň kemala getiren başarnyklaryny we endiklerini berkidýär.

Ýöriteleşdirilen çagalar bagy-mekdebiniň 3-nji synpyny tamamlan okuwçylar degişli mekdeplere ugradylýar.

**Sözleýiş dili bozulan** çagalaryň ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edarasy, bagy-mekdebi we toparlary sözleýşiň agyr bozulmalaryndan (sözleýşiň umumy kemterligi (SUK), alaliýa, dizartriýa, rinolaliýa, sakawlama), sesleri dogry aýtmakdan kynçylyk çekýän çagalar üçin niýetlenip, çagalaryň dogry sözleýşini ýola goýmak hem-de olaryň hemmetaraplaýyn ösüşi üçin zerur bolan ähli şertleri üpjün etmek, şeýle-de olary mekdebe taýýarlamak işlerini utgaşdyrylan görnüşde alyp barýan döwlet okuw-tebiýeçilik edarasydyr.

Ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edaralaryna (bagy-mekdebine, toparlaryna) eşidişi we akyly kadaly bolan 3-7 ýaşly çagalar Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň Bilimi dolandyryş edaralarynyň (etrap, şäher bilim bölüminiň) lukman-mugallymçylyk işçi toparynyň geçiren barlagynyň netijesiniň beýany we ýollamasy esasynda kabul edilýär.

Ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edarasynda (bagy-mekdebinde, toparlarynda) çagalar ýarym ýyldan bir ýyla çenli bolup bilýärler. Zerur ýagdaýda bu görnüşli çagalar edarasynda ýa-da toparynda çagalaryň bolmak möhleti uzaldylyp bilner. Möhleti uzaltmak meselesi lukman-mugallymçylyk işçi topary tarapyndan çözülýär.

Sözleýiş dili bozulan çagalar üçin toparlar düzülende, çagalaryň ýaş aýratynlyklary we olaryň sözleýşiniň ösüş derejesi göz öňünde tutulmalydyr:

– sözleýşi agyr bozulan çagalar (SUK, alaliýa, dizartriýa, rinolaliýa) 4 ýaşdan;

– sesleri nädogry aýdýan çagalar 5 ýaşdan;

– sakawlaýan çagalar 3 ýaşdan kabul edilýär.

Ýöriteleşdirilen çagalar bagy-mekdebiniň:

– 1-nji synpynda 7 ýaşdan 8 ýaşa çenli;

– 2-nji synpynda 8 ýaşdan 9 ýaşa çenli;

– 3-nji synpynda 9 ýaşdan 10 ýaşa çenli çagalar kabul edilýär.

Ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edarasyna (bagy-mekdebine, toparlaryna) aşakdaky kemçilikleri bolan çagalar kabul edilmeýär:

– eşidişi, görşi bozulan çagalar;

– akyl taýdan kemçiligi bolup, düşnüksiz gepleýän;

– ýygy-ýygydan tutgaýy bolan garaguş, şizofreniýa keseli bolanlar;

– daýanç-hereket ediş synasynda kemçiligi bolan çagalar;

– öz-özüne hyzmat etmegi başarmaýan we aýratyn idegi talap edýän maýyp çagalar;

– köpçülikleýin mekdebe çenli çagalar edaralaryna (orta mekdeplere) kabul etmeklige laýyk gelmeýän keselli çagalar.

Ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edarasynda (bagy-mekdebinde, toparlarynda) okuw-terbiýeçilik işleriniň dil düzediş işleri bilen utgaşykly guralyşy, çagalaryň saglygyny berkitmek, olaryň umumy hem-de ownuk hereketlerini ösdürmek, akyl hem paýhas taýdan ösüşlerini kämilleşdirmek, şeýle-de sapakda we sapakdan daşary geçirilýän okuw usuly işler çagalaryň sözleýşindäki bar bolan kemçilikleri düzetmäge gönükdirilendir.

Dil düzediş mugallymy bilen toparyň terbiýeçileri (synpyň mugallymlary) bilelikde okuw-terbiýeçilik we düzediş işlerini okuw maksatnamalaryna laýyklykda alyp barýarlar.

Sözleýiş dili bozulan çagalaryň mekdebe çenli çagalar bagynda we toparlarynda sözleýşiň umumy kemterligi, alaliýa, dizartriýa, rinonaliýa, sakawlama, sesleri dogry aýtmakdan kynçylyk çekýän çagalar bilim-terbiýe alýarlar. Adaty mekdebe çenli ýaşly çagalar bagyndaky çagalardan tapawutlylykda ýöriteleşdirilen çagalar bagyndaky we toparyndaky çagalaryň söz baýlygy çäkli bolup baglanyşykly sözleýşi ýeterlik derejede ösmedik hem-de sözleýşiň grammatiki taýdan gurluşy, ses taýdan aýdylyşy



Неподшитые заметки Стр.57

bozulan bolýar. Mundan hem başga bu çagalaryň görüş, eşidiş ünslüligi, ýatkeşligi, duýgurlygy, eliniň ownuk hereketi, umumy hereketi ýeterlik derejede ösmedik bolýar.

Bu çagalar bagynda we toparlarynda çagalar bilen alnyp barylýan okuw-terbiýeçilik, düzediş işleri köpçülikleýin, toparlaýyn hem-de aýratynlykda guralýar. Şeýle çagalar bilen alnyp barylýan düzediş işleri dil düzediş mugallymynyň, terbiýeçiniň we saz mugallymynyň bilelikdäki işi netijesinde hem-de ata-eneler bilen ýakyn aragatnaşyk esasynda amala aşyrylýar. Islendik sapakda, gezelençde, gün tertibiniň ähli pursatlarynda düzediş maksady göz öňünde tutulýar. Dil düzediş mugallymynyň çaga bilen geçirýän aýratynlykdaky işi çaganyň sözleýşindäki kemçilikleri düzetmekde uly ähmiýete eýedir.

Dil düzediş mugallymy çaga bilen aýratynlykda sapak geçirende çaganyň düýbünden aýdyp bilmeýän sesini goýmak, berkitmek we aýyl-saýyl etmek bilen bir hatarda eşidiş ünslüligini, eliň ownuk hereketini, ýatkeşligini, duýgurlygyny ösdürmek işlerine hem üns berýär. Köpçülikleýin, toparlaýyn hem-de aýratynlykdaky sapaklaryň hemmesinde-de çaga bilim-terbiýe bermek bilen bir hatarda dogry, dürs sözlemegi öwretmeklik esasy mesele bolup durýar. Adaty çagalar bagyndan tapawutlylykda sözleýiş dili bozulan çagalaryň ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar bagynda we toparlarynda günüň ikinji ýarymynda terbiýeçi tarapyndan düzediş sagady geçirilýär. Saz mugallymy hem saz sapagynda çaganyň umumy hereketiniň, eliniň ownuk hereketiniň, sözleýiş diliniň düzedilmegine aýratyn üns berýär.

Şeýlelikde, dil düzediş mugallymynyň, terbiýeçiniň hem-de saz mugallymynyň bilelikdäki işiniň netijesinde sözleýşiň ähli ugurlary oňat ýola goýlup, çaga adaty mekdebe ugradylýar. Sözleýiş dili doly kadalaşan we bejeriş-sagaldyş çäreleri tamamlanan 7 ýaşyna ýetmedik çagalar dil düzediş mugallymynyň beren häsiýetnamasy esasynda adaty mekdebe çenli çagalar edarasyna geçirilýär.

Ýöriteleşdirilen çagalar bagy-mekdebiniň 4-nji synpyny tamamlan okuwçylar degişli mekdeplere ugradylýar.

**Inçekesel ýokuşmalarynyň irki ýüze çykmalary bar bolan** çagalaryň bejeriş-sagaldyş görnüşli ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edarasy inçekesel ýokuşmalarynyň irki ýüze çykmalary bar bolan we "Wiraž" ilkinji infisirlenme we öňden infisirlenen, soň R.Mantu 2TE ulanan çagalar üçin niýetlenilen, inçekeseliň ýüze çykmasynyň öňüni almak,

çagalaryň saglygyny bejeriş-dikeldiş çärelerini geçirmek, olaryň hemmetaraplaýyn sagdyn ösmekleri üçin zerur bolan şertleri üpjün etmek, çagalary mekdebe taýýarlamak işleri utgaşdyrylan görnüşde alyp barýan döwlet edarasydyr. Ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edarasynda çagalaryň saglygyny dikeltmek, bejeriş-dikeldiş işleri okuw-terbiýeçilik işleri bilen utgaşykly ýagdaýda alnyp barylýar.

Ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edarasyna inçekesel hassahanasynyň lukmançylyk işçi toparynyň barlaglarynyň netijesiniň ýazgysy esasynda, Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň Bilimi dolandyryş edaralarynyň (etrap, şäher bilim bölümleriniň) lukman-mugallymçylyk işçi topary tarapyndan ýollama berlen 2-7 ýaşly çagalar kabul edilýär.

Ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edarasyna:

– "Wiraž" ilkinji inçekesel infisirlenmesi infisirlenen;

– BSŽ sanjymyndan soňky gaýra üzülmegi bilen (VII topar);

– inçekeselli bilen aragatnaşykda bolan çagalar (maşgalada, dogan-garyndaşlarynda, goňşuda, kesel adamlar bilen iş salyşýanlaryň çagalary IV, IV-);

– "O", $VI^{ABW}$, VII, I, II, III, $V^{A}$, $V^{B}$, $V^{W}$ dispanser hasabynda duran;

– inçekesel zäherlenmesi;

– infiltratiw öýken inçekeselli;

– ilkinji öýken inçekesel toplumy;

– ojaklaýyn öýken inçekeselli;

– inçekesel plewridi, sorulyp aýrylandan soňky ýagdaý;

– öýkenden daşary inçekesel bolan (süňk keseli) çagalar;

– howply toparda duran çagalar (gowşak we ýygy-ýygydan öýken keseli bilen keselleýänler);

– öýkene dary görnüşli syçran inçekeselleri bilen kesselläp, soň inçekesel hassahanasyndan doly bejerilip çykan çagalar kabul edilýär.

Ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edarasyna aşakdaky görnüşli keseller bilen näsaglan çagalar kabul edilmeýär:

– eşidişi, görşi bozulan çagalar;

– akyl taýdan kemçiligi bolup, düşnüksiz gepleýän;

– ýygy-ýygydan tutgaýy bolan garaguş, şizofreniýa keseli bolanlar;

– daýanç-hereket ediş synasynda kemçiligi bolan çagalar;



Неподшитые заметки Стр.59

– öz-özüne hyzmat etmegi başarmaýan we aýratyn idegi talap edýän maýyp çagalar.

Ýöriteleşdirilen çagalar edarasyna ähli görnüşli inçekeseliň ýiti döwründäki we inçekeselden başga ýokanç keseller bilen kesellän çagalar kabul edilmeýär.

Ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edarasynda bejeriş-sagaldyş çäreleri Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň görkezmeleri esasynda geçirilýär. Geçirilýän bejeriş-sagaldyş çäreleri inçekesel bilen gatnaşykly çagalaryň saglygyny berkitmäge gönükdirilýär.

Ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edarasynda çagalar doly sagalýança saklanylýar. Çaga doly sagalyp, inçekesele garşy bejeriş-sagaldyş görnüşli ýöriteleşdirilen çagalar bagyndan çykarylanda onuň netijesi barada degişli lukmançylyk edaralaryna habar berilýär.

Çagalaryň ösüşindäki kemçilikler dürli-dürlüdir. Olar çaganyň aň-beden ösüşiniň dürli taraplaryna, onuň görüş kabul edijiligine, eşidiş we sözleýiş ulgamyna, akyl ösüşine, hereket ediş ulgamyna degişli bolup bilýär. Ösüşdäki kemçilikler agyrlygyna laýyklykda dürli derejeli bolup, dürli sebäplere görä ýüze çykyp bilýär. Şonuň üçin-de, şol çagalara öz wagtynda bilim-terbiýe bermek bilen bir hatarda olar bilen düzediş-dikeldiş we sagaldyş işlerini hem alyp barmaklyk döwletiň esasy aladalarynyň biri bolup durýar.

**Sagdyn nesliň aladasy.**

Watanymyzda ynsan saglygy iň uly baýlyk hasaplanylýar. Çagalary, eneleri we maşgala gymmatlyklaryny gorap saklamak hakyndaky alada Hormatly Prezidentimiz tarapyndan döwlet syýasatynyň derejesine çykaryldy. Döwlet Baştutanymyz 2009-njy ýylyň 9-njy ýawarynda Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyrylyşynyň birinji maslahatynda eden çykyşynda: "Döwlet maşgalany öz howandarlygyna almalydyr hem-de maşgalada ruhy we beden taýdan sagdyn çagalaryň dünýä inmegini we terbiýelenmegini üpjün etmelidir" diýip belledi. Ýurdymyzda döwletiň baş baýlygy adam saglygyny goramak üçin edilýän alada ýylsaýyn giň gerime eýe bolýar. "Saglyk" Döwlet maksatnamasynyň kabul edileni bäri Garaşsys diýarymyzyň saglygy goraýyş ulgamynda asyrlara barabar işler bitirildi. Soňky ýyllarda gurlan we gurulýan häzirki zaman medisina edaralarymyzyň, saglyk merkezleriniň, sport toplumlarynyň, dynç alyş we

sagaldyş merkezleriniň, keseli anyklaýyş merkezleriniň, "Ene mähri" merkezleriniň açylmagy munuň aýdyň şaýadydyr. Olaryň ählisi milli saglygy goraýyş ulgamyny kämilleşdirmäge, geljekde ilata edilýän medisina kömegini ýokary derejede üpjin etmäge gönükdirilendir. Bu alnyp barylýan işler "Döwlet adam üçindir" – diýen baş syýatymyzyň içinden eriş-argaç bolup geçýär.

Çagalyk – ynsan saglygynyň binýady goýlan döwrüdir. Sagdyn çaganyň dünýä inmeginde enäniň hem sagdyn bolmagy zerurdyr. Çaga entäk enesiniň göwresinde wagty çaganyň ruhy hem beden taýdan sagdyn bolmagy hakynda alada edilmelidir.

Enäniň bedeni geljekki çaga üçin daşky gurşawdyr. Şoňa görä-de enäniň göwreliliginiň kada laýyk geçmegi çaganyň kadaly ösmegi üçin zerurdyr. Türkmende göwreli aýallara sylag-hormat goýmak öňden gelýän zat. Türkmenlerde sagdyn nesil üçin enäni aýamak adat bolupdyr. Göwreli aýallaryň agyr zat götermän, ýeňiljek zähmet bilen meşgullanmagy, elmydama diýen ýaly hereketde bolup, kadaly iýmitlenmegi, özlerini rahat duýmaklary çaganyň ösüşine oňat täsir edýär. Dünýä injek çaganyň sagdynlygy üçin enäniň saglygyna, dümewlemezligine esewan etmeli. Aýratyn hem enäni gorky-ürküden goramaly.

Çaga diňe bir enäniň göwresinde wagty üns berilmän, dünýä inenden soň hem idegi gowşatmaly däl. Sebäbi käbir kemçilikler (sakawlama, dislaliýa, eşidişiň peselmegi) çaga dünýä inenden soň hem bolup biler.

Çaganyň aladasy, ony durmuşa taýýarlamak, ilkinji nobatda, ene-ata tarapyndan amala aşyrylýan hem bolsa, döwlet çaganyň durmuşdaky orny, geljegi baradaky aladalary öz üstüne alýar. Hormatly Prezidentimiziň: "Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy" diýen kitabynda belleýşi ýaly, döwlet öz raýatlarynyň saglygy we abadançylygy hakynda alada etmäge borçludyr. Sebäbi sagdyn jemgyýet sagdyn döwletiň özeni bolup durýar. Çaga dünýä inen gününden onuň saglygyny goramak, ony lukmanlaryň gözegçiliginde saklamak, öz wagtynda gerekli sanjymlary etmek döwletimiz tarapyndan amala aşyrylýan çaga hakdaky aladalaryň biridir.

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar Gaznasy, Bütündünýä Saglygy goraýyş guramasy,

BMG-niň we beýleki abraýly düzümler eneligiň hem-de çagalygyň maksatnamalaryny, olaryň saglygy baradaky kepili üstünlikli durmuşa geçirmekde türkmen tarapynyň ygtybarly hyzmatdaşlary bolup durýarlar. Türkmenistan olar bilen birnäçe çäreleri meýilleşdirip, olary yzygiderli amala aşyrýar.

"Howpsuz enelik" Milli maksatnamasynyň raýatlaryň saglygyny goramakda ähmiýeti uludyr. Ol öz içine göwrelilik, dogum we dogumdan soňky döwürleri alýar. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, ýurdumyzda DOTS maksatnamasyny amala aşyrmagyň esasy maksady inçekesel bilen kesselliligiň we ölümligiň görkezijilerini azaltmak, inçekeseliň dermanlara durnukly görnüşleriniň öňüni almakdyr.

2004-nji ýylyň 1-nji noýabrynda Türkmenistan GDA we Merkezi Aziýa döwletleriniň arasynda ilkinji we dünýäde dördünji bolup halkara ölçeglerine laýyklykda duzuň ýodlaşdyrylmagyny üpjün edýän ýurt hökmünde ykrar edildi we Halkara Güwänamasyna eýe boldy. Ýod ýetmezçilginiň we ganazlylygyň öňüni almak üçin ýodlanan duzuň ulanylmagy bolsa raýatlaryň beden we akyl taýdan ösüşiniň yza galmagynyň öňüni alýar.

Bäş ýurduň – Türkmenistanyň, Özbegistanyň, Täjigistanyň, Gyrgyzystanyň, Gazagystanyň BMG-niň Çagalar gaznasynyň (UNISEF) goldamagynda 1997-nji ýylda döredilen "Merkezi Aziýa döwletleriniň enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş" forumy çagalaryň sagdyn dogulmagyny, kadaly ösmegini, goraglylygyny, aýallaryň sagdyn bolmagyny üpjün etmäge gönükdirilýän meseleleri baş wezipeleri edinýärler.

Türkmenistanda eneligi we çagany goramak, göwreli aýallara ýeňil we howpsuz iş şertlerini döretmek barada "Aýallaryň deňhukuklylygynyň döwlet kepillikleri" hakynda Türkmenistanyň Kanunynda bellenilip, bu babatda şeýle diýilýär: "Türkmenistanyň aýallarynyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň goralmagy, eneligi we çagalygy goramak, mümkinçilikleriň deňligini we netijeleriň deňligini üpjün etmek babatynda halkara hyzmatdaşlygyna gatnaşýar we şol meseleler boýunça öz halkara borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär" (V *bap, 24-nji madda*).

**Tema boýunça soraglar:**

1. Ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edaralarynyň görnüşleri haýsylar?
2. Lukman-mugallymçylyk işçi toparynyň çagalary ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edarasyna ýollamagy nähili guralýar?
3. Ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edaralaryndaky okuw-terbiýeçilik, bejeriş-dikeldiş we düzediş işleri nähili amala aşyrylýar?
4. Akyl, sözleýiş, beden ösüşinde kemçilikli çagalar barada nähili alada edilýär?

## V bap. SES AÝDYLYŞYNYŇ BOZULMAGY. TÜRKMEN DILINDÄKI SESLER

Sözleýiş dili islendik diliň esasyny hasyl edýär. Biz gepleşenimizde gep agzalarymyz endik boýunça hereket edýär. Şonuň netijesinde bize zerur bolan ses hasyl bolýar. Şol sesiň emele gelmegi üçin gep agzalarynyň öýkenden gelýän howa akymyna täsir etmegi gerek. Gep agzalarynyň hereketini ses çykarman, pikir edilende ýa-da bir zat okalanda hem, dodaklaryň gymyldaýşyny, agzyň açylyp-ýumulyşyny görmek bolýar. Emma olaryň hemmesini biz göz bilen saýgaryp bilmeýäris. Gep agzalarynyň şol hili hereketine owaz goşulsa, onda şonuň netijesinde ses emele gelýär. Sesler bolsa sözleýiş birliklerini emele getirýär. Ses sözleýşiň iň kiçi birligidir. Dili öwrenmek şol diliň iň maýda birliginden – sesden başlanýar. Sesiň diňe özi sözleýşi emele getirip bilmez, munuň üçin seslere beýleki dil serişdeleri kömege gelmelidir. Beýleki dil serişdeleri diýlende, ilki bilen basym, säginme, äheň göz öňünde tutulýar. Şolaryň gatnaşmagy bilen, ýagny bilelikde aýdylmagy bilen sözleýiş hasyl bolýar.

Äheň aýdylýan pikiriň many aňladýan böleklerini (sözi, sözlemi, jümläni) biri-birinden tapawutlandyrmaga we birleşdirmäge hyzmat edýär. Säginme jümledäki arakesmelerdir. Aýdylyşyň tizlik derejesi ýa-da depgini hem äheňiň aýrylmaz bölegidir. Adatça, asuda ýagdaýda gepleýän adamlaryň aýdylyş tizlik derejesi birmeňzeş bolýar. Şol ortaça aýdylyş tizlik derejesi kähalatlarda has çaltlaşýar, ýa-da peselýär. Çalt depgin bilen aýtmak tolgunýan, howlukmaç gepleýän adamyň sözleýşine häsiýetli bolýar. Has ýuwaş geplemek gorkýan, bir zatdan heder edýän adamyň sözleýşine mahsusdyr. Tembr esasy heňe (tona) goşulýan goşmaça ses öwüşginjikleridir. Sözleýiş dilinde esasy heň öýkenden gelýän howa akymynyň gep agzalaryna täsir etmegi netijesinde ýüze çykýar. Goşmaça heňler bogaz, agyz we burun boşluklarynda emele gelýär. Jümle basymy

(logiki basym) sözleýşiň iň uly ses (fonetik ) birligi bolup, onda gutarylan pikir aýdylýar. Jümle basymynyň esasy hyzmaty aýdylýan pikire gatnaşýan bir sözüň aňladýan manysyny nygtamakdyr (tapawutlandyrmakdyr).

Gepleşikdäki ulanylýan sesler iki topara bölünýärler:

1. Çekimli sesler
2. Çekimsiz sesler.

*Çekimli sesler* bokurdagymyzdaky owaz perdeleriniň titremeginden emele gelen sap owazdan hasyl bolýar. Çekimli sesleri aýdanymyzda, oňa agyz boşlugynda hiç bir zat päsgel bermeýär, ol agyz boşlugyndan päsgelsiz, asuda halda daşaryk çykýar. Diýmek, öýkenden gelýän howanyň owaz perdeleriniň titremegi we öz ýolunda hiç bir päsgelçilige duçar bolman, agyz boşlugyndan asuda çykyp gitmegi netijesinde sap owazdan emele gelýän seslere çekimli sesler diýilýär.

***Çekimli sesler: a, o, y, u, e, ä, ö, i, ü.***

### Çekimli sesler we olaryň özara bölünişleri

Çekimli sesleri aýdanymyzda, gep agzalarymyz bir-birine degip, agyz boşlugynda galmagal emele getirmeýär. Şonuň üçin-de olary aýtmak aňsat bolýar.

Çekimli sesleriň her biri-de uzyn we gysga aýdylyp bilýär. Hat-da bularyň uzyn gysga aýdylmagy käwagt sözüň manysyna hem täsir edýär. Emma olar uzyn-gysga aýdylsalar-da, birmeňzeş harp ulanylýar: ***a, o, ö, e, ä, ü, u, y, i.***

Çekimli sesleri aýdanymyzda, gep agzalarymyz her dürli hereket edýär: diliň ujy yza çekilýär, öňe süýşýär, diliň ortasy ýokary göterilýär we aşak ýygrylýar, dodaklar ýazgyn durýar we öňe bakan uzalyp, ýygrylýarlar, büzülýärler. Ine, şonuň üçin-de gep agzalarynyň çekimli sesleri aýdanymyzdaky hereketlerine garap, olary üç topara bölýärler:

1) yzky, ortaky hatar (ýogyn) we alynky hatar (inçe) çekimliler;
2) giň we dar çekimliler;
3) dodaklanan we dodaklanmadyk çekimliler.

1. Ýogyn çekimli sesleri aýdanymyzda, diliň ujy biraz aşagrak düşüp, diliň düýbi syrtky kentlewüge ýakynlaşýar-da, ýokaryk getirilýär. Netijede, ýogyn çekimliler diliň syrtynda emele gelýärler, ýagny inçe çekimlilere garanda aňyrda, yzrakda hasyl bolýarlar. Şonuň üçin hem ýogyn çekimlilere **yzky hatar ýa-da syrtky hatar çekimliler** diýilýär: ***a, o, u.***

Diliň alyn dişlerden yzrak süýşmegi bilen öýkenden gelýän howa ýoly ýognalýar. Şeýle ýagdaýda emele gelýän çekimli seslere **ortaky hatar** çekimli diýilýär (*"y"*).

Inçe çekimlileri aýdanymyzda, diliň düýbi aşak düşüp, diliň ortasy hem ujy ilerräk, kentlewügiň ileri taýyna bakan getirilýär. Netijede, inçe çekimliler diliň ujy bilen aýdylýarlar. Agyz boşlugynda ýogyn çekimlilere garanda bärräkde emele gelýärler. Şonuň üçin-de olara **alynky hatar ýa-da öňki hatar çekimliler** hem diýilýär: ***e, ä, ö, i, ü.***

**2.** ***A, o, ö, e, ä*** seslerini aýdanymyzda, owaz perdesiniň titremeginden hasyl bolýan owazyň agyz boşlugynda çykjak ýoly giň bolýar. Ony gep agzalarymyz daraltmaýarlar. Şonuň üçin hem olara **giň çekimliler** diýilýär. Emma y, i, u, ü seslerini aýdanymyzda, gep agzalarymyz, giň çekimlileri aýdanymyzdaka garaňda, bir-birine ýakynlaşyp, özara ysnyşykly duryarlar. Dilimiziň ortasy güberilip, ýokarky kentlewüge ýakynlaşýar, dodaklar hem ilerräk omzap, çömmelip ýygrylýarlar-da, agyz boşlugynda owazyň çykjak ýoluny daraldýar, netijede, sesleriň çykýan meýdany gaty dar bolýar. Şonuň üçin hem olara **dar çekimliler** diýilýär.

**3.** ***O, ö, u, ü*** seslerini aýdanymyzda, dodaklarymyz öňe bakan omzap, ýygrylýarlar, büzülýärler, ýagny olary aýdanymyzda, dodaklarymyz hem hereket edip, olaryň seslenmegine gatnaşýarlar. Şonuň üçin hem olara **dodak çekimlileri** diýilýär. Emma ***a, e, ä, y, i*** seslerini aýdanymyzda, dodaklar bir durkuny saklaýarlar, hereket etmeýärler, ýygrylmaýarlar. Bu sesleri aýtmakda dodaklar gatnaşmaýarlar. Şonuň üçin hem olara **dodaklanmadyk çekimliler** diýilýär.

***Çekimsiz sesleri*** aýdanymyzda dil we dodaklaryň gymyldysy-hereketi bogazdan gelýän howanyň öňünde gabat bolup, onuň asuda çykyp gitmegine päsgel berýär-de, galmagal emele getirýär. Çekimsiz sesleri aýdanymyzda, owaz perdeleri kä titräp, käte-de titremän, diňe agyz boşlugyndaky gep agzalarynyň biri-birine degişmeginden ýa-da degşip duranlarynyň aýrylyşmagyndan galmag hasyl bolýar. Şonuň üçin hem çekimsiz sesleriň birnäçesi owaz bilen galmagalyň gatyşmagyndan, birnäçesi hem diňe galmagaldan emele gelýär. Diýmek, owaz hem galmagalyň garyşmagyndan ýa-da galmagaldan emele gelýän seslere ***çekimsiz sesler*** diýilýär.

***Çekimsiz sesler: b, w, g, d, j, ž, z, ý, k, l, m, n, ň, p, r, s, t, f, ç, h, ş.***

Agyz boşlugyndaky gep agzalarymyzyň bir-biri bilen ýakynlaşmagynyň ýa gysylyşmagynyň netijesinde öýkenimizden gelýän howanyň olara degişmeginden galmagal emele gelýär. Birnäçe çekimsiz sesler owaz perdeleriniň titremeginden hasyl bolan owaz bilen agyz boşlugyndaky gep agzalarymyzyň emele getiren galmagalyndan hasyl bolýarlar. Birnäçe çekimsiz sesler bolsa diňe agyz boşlugyndaky gep agzalarymyzyň emele getiren galmagalyndan hasyl bolýarlar.

Çekimsiz sesler gatanjyna, hiline we hasyl bolýan orunlaryna garap hem özara toparlara bölünýärler.

Olar **gatanjyna** garap, özara üç topara bölünýärler:

**1. Sonorly sesler.** Bu sesleri aýdanymyzda, owaz perdesiniň titremeginden hasyl bolýan owaz agyz boşlugyndaky gep agzalarymyzyň degişmeginden emele gelen galmagaldan köp bolýar. Bulara: ***l, m, n, ň, r, w, ý*** sesleri degişlidir.

**2. Açyk sesler.** Bu sesleri aýdanymyzda owaz perdesiniň titremeginden hasyl bolýan owaz agyz boşlugyndaky gep agzalarymyzyň degişmeginden emele gelen galmagaldan az bolýar. Şonuň üçin-de galmagaly owazyndan köp bolan seslere **açyk çekimsizler** diýilýär. Türkmen dilindäki açyk çekimsizler şulardyr: ***b, g, d, j, ž, z, h, (w).***

**3. Dymyk sesler.** Bu sesleri aýdanymyzda owaz perdesi titräp, owaz hasyl etmeýär, diňe agyz boşlugyndaky gep agzalarymyzyň bir-birine degişmeginden galmagal emele gelýär. Şonuň üçin hem diňe galmagaldan hasyl bolýan seslere dymyk çekimsizler diýilýär. Türkmen dilindäki dymyk çekimsizler şulardyr: ***k, p, s, t, ç, ş, f,( h).***

Çekimsiz sesler **aýdylyşynyň hiline** garap hem aşakdaky ýaly toparlara bölünýär:

**a) zarply sesler.** Birnäçe çekimsiz sesleri aýdanymyzda biri-birine degşip duran gep agzalarymyz öýkenden gelýän howanyň zarbyna çaltlyk bilen biri-birinden aýrylyşýarlar ýa-da degişmän duran gep agzalarymyz bat bilen bir-birine degişýärler. Mysal üçin, alyn dişlerimiziň iç ýüzüne degşip duran dilimiziň öýkenden gelýän howanyň zarbyna çaltlyk bilen bir-birinden aýrylyşmagyndan ***t, d*** sesleri hasyl bolýarlar. Şonuň üçin hem gep agzalarymyzyň bat bilen birden bir-birine degişmeginden ýa-da bir-birine gysylyşyp duranlarynyň bat bilen bir-birinden aýrylyşmagyndan emele

gelýän seslere **zarply sesler** diýilýär. Zarply çekimsizleri dowamly aýtmak bolmaýar, olar birbada, zarp bilen aýdylyp gutarylýar. Türkmen dilindäki zarply çekimsizler şulardyr: ***b, p, d, t, k, g, ç, j.***

**b) süýkeş sesler.** Bu sesleri aýdanymyzda, öýkenden gelýän howa bir-birine degşip duran gep agzalarymyzyň arasyndan süýkeşip, syzylyp çykýar. Mysal üçin, öýkenden gelýän howanyň ýokarky alyn dişimize degşip duran dilimiziň arasyndan süýkeşip, syzylyp geçmeginden ***z, s*** sesleri hasyl bolýarlar. Şonuň üçin hem bir-birine degşip duran gep agzalarymyzyň arasyndan süýkeşip, syzylyp çykmagyndan hasyl bolýan seslere **süýkeş sesler** diýilýär. Türkmen dilindäki süýkeş sesler şulardyr: ***ž, z, s, ş, f, h, (g), (b).***

Gep agzalarymyzyň biri-birine gaty degişmän, aralaryndan azajyk ýşgalaň galdyrylyp aýdylýanlaryna **ýşgalaňly sesler-de** diýilýär. Ýşgalaňly sesler hem özara ýasy ýşgalaňly we tegelek ýşgalaňly sesler diýen iki topara bölünýärler. Meselem: "*oba, Dilber, iber*" diýen sözlerdäki ***b*** harpy ýasy ýşgalaňly ***b*** sesini aňladyp, "*wekil, Wepa, aw, gawun, tüwi*" diýen sözlerdäki ***w*** harpy tegelek ýşgalaňly ***w*** sesini aňladýar. Diýmek, biziň häzirki harplarymyz bir sesi aňlatmak üçin ulanylman hem zarply, hem süýkeş sesleri-de aňladyp bilýärler. Mysal üçin, ***b*** harpy söz başynda, ***k, p, t*** seslerinden soň gelende, zarply ***b*** sesini aňlatsa (bal, bol, berk, bil, akbaş, çepbekeý), başga ýagdaýlarda gelende bolsa (baba, torba, çorba, Bibi, kebelek) süýkeş, ýasy ýşgylaňly ***b*** sesini bildirýär. ***G*** harpy hem şunyň ýaly, esasan, söz başynda we ***k*** sesinden soň gelende, zarply ***g*** sesini bildirip, sözüň başga ýerlerinde gelende bolsa süýkeş ***g*** sesini bildirýär. Meselem: "gawun, garpyz, geýim, gül, çakgy, pökgi, mekge, tokga" diýen sözlerdäki söz başynda we ***k*** harpyhdan soňra gelen ***g*** harpy zarply ***g*** sesini aňladýar. "Aga, oglan, bag, ýag, ige, çäge, bezeg, isleg" diýen sözlerdäki ***g*** harpy bolsa süýkeş ***g*** sesini berýär. ***"g, b"*** harplary sözde gelýän orunlaryna görä zarply ýa-da süýkeş sesleri berýär.

**Sonorly sesler** hem aýdylyşlaryna garap, özara dört topara bölünýärler:

a) Burun sesleri. ***"m, n, ň"*** seslerini aýdanymyzda, öýkenimizden gelýän howa burnumyz arkaly daşaryk çykýar. Şonuň üçin hem bulara burun sesleri diýilýär.

b) Titreýji ses. ***"R"*** sesini aýdanymyzda, dilimiziň ujy ýokarky kentlewüge degip titreýär. Şonuň üçin hem muňa titreýji ses diýilýär.

ç) Gapdal yşgalaňly sesler. ***"l, ý"*** seslerini aýdanymyzda dilimiz ýokarky kentlewük ebşirin alyn dişimize degşip, howa iki owurdymyzdaky yşgalaňdan geçip daşaryk çykýar. Şonuň üçin hem bulara gapdal yşgalaňly sesler diýilýär.

d) Tegelek yşgalaňly ses. ***"W"*** sesini aýdanymyzda, dodagymyz öňe baka uzalyp ýygrylýar-da, arasynda tegelek yşgalaň galýar. Şonuň üçin hem muňa tegelek yşgalaňly ses diýilýär.

**Çekimsiz sesleriň seslenýän orunlaryna garap bölünişleri**

Gep agzalarymyzyň sesi hasyl etmek üçin edýän hereketine artikulýasiýa diýilýär. Sesiň seslenýän ornuna bolsa şol sesiň artikulýasiýasynyň orny diýilýär. Türkmen dilindäki çekimsiz sesler hem özleriniň seslenýän orunlaryna garap, esasan, ýedi topara bölünär:

**1. Bogaz sesi.** Bu ses bogazymyzda hasyl bolýar. Şonuň üçin hem muňa bogaz sesi diýilýär. Meselem: "haly, hamyr, şäher, hil halal mähir" diýen sözlerdäki ***h*** sesi bogaz sesidir.

**2. Yzky kentlewük sesler: *g, k, h.*** Bu sesleri aýdanymyzda, dilimiz birneme yza çekilip, ortasy aşagrak düşýär-de, düýbi yzky kentlewüge degýär. Şonuň üçin hem bu seslere yzky kentlewük sesler diýilýär.

***G, k*** harplary birnäçe hili sese derek ulanylýandygy üçin, olar ýogyn çekimliler bilen ýanaşyk ulananlarynda yzky kentlewük sesi aňlatmaga hyzmat edýärler. Meselem: "garpyz, gamyş, guzy, gyzyl, kak, dok, ýakyn". Yzky kentlewük ***h*** sesi türkmen dilinde örän az ulanylýar. Ol "harç, parh, nyrh, ahmal, ahmyr, bahyl, sahy, waharman" ýaly sözlerde ulanylýar.

**3. Ortaky kentlewük sesler *g, k, ň.*** Bu sesleri aýdanymyzda, dilimiz yza çekilip, ortasy güberilýär-de, ýokarky kentlewügimiziň ortaragyna degýär. Şonuň üçin bulara **ortaky kentlewük sesler** diýilýär.

***K, g*** harplary diňe inçe çekimli sesler bilen ulanylanda, ortaky kentlewük ***g, k*** seslerini aňladýar. Meselem: "kelem, kädi, kömür, köz, küýze, iki, ekiz, tilki, elek, körük, gül, gülgüne".

***Ň*** harpy ýogyn we inçe çekimliler bilen ulanylanda, ortaky kentlewük ***ň*** sesini aňladýar, ýöne ýogyn çekimliler bilen ulanylanda, inçe çekimliler bilen ulanylandaka garanda, birneme yzrakda hasyl bolýar. Özi hem söz başynda ulanylman, diňe söz ortasynda, söz soňunda ulanylýar. Meselem, maňa, aňňal, gaňňa, iňňe, ýeňňe, töňňe, aň, geň.

**Alynky kentlewük ses:** ***ý.*** Bu sesi aýdanymyzda, dilimiz yza çekilip, ortasy güberilýär-de, alynky kentlewügimize degişýär. Şonuň üçinde muňa alynky kentlewük ses diýilýär. Bu ses söz başynda, ortasynda, soňunda, inçe we ýogyn sesler bilen bile gelip bilýär. Meselem: "ýyl, ýüp, geýim, taý, öý, keýik, aýy".

**5. Dil ujy – diş düýbi sesler:** ***ž, j, d, t, n, ç, ş, l, r.*** Bu sesleri aýdanymyzda, dilimiziň ujy alyn kentlewügimize ýa-da alyn kentlewügimiz bilen ebşirin (berk) alyn dişimiziň düýbüne degýär. Şonuň üçin hem bu seslere dil ujy-diş düýbi sesler diýilýär. Bu sesleri aýdanymyzda, dilimiziň degýän ýeri we hereketi birmeňzeş däl. Olardan ***ž, j, ç, ş*** seslerini aýdanymyzda, dilimiziň ujy alynky kentlewügimize degýär, emma ***t, d, n*** seslerini aýdanymyzda bolsa, dilimiziň ujy alyn kentlewük ebşirin (berk) alyn dişimiziň iç ýüzüne degýär. ***R*** sesini aýdanymyzda hem diliň ujy alynky kentlewüge degip titreýär. ***L*** sesini aýdanymyzda bolsa, dilimiziň uç tarapy alyn kentlewügimize ebşirin (berk) alyn dişimize degýär-de, owurdymyzda galan boşlukdan howa daşary çykýar.

**6. Dişara sesleri:** ***z, s.*** Dilimiz aşaky we ýokarky alyn dişlerimiziň arasyna düşýär-de, howa iki dişiň arasyndaky diliň üstünden syzylyp çykýar. Şonuň üçinde bu seslere dişara sesler diýilýär.

**7. Dodak sesler:** ***b, p, w, f, m.*** Bu sesleri aýdanymyzda dodaklarymyz bir-birine degişýärler ýa-da dodaklarymyz biri-birine degişmän, aralarynda azajyk yşgalaň galýar. Şonuň üçin bulara dodak sesler diýilýär. Bu sesleriň hemmesine dodak sesleri diýilse-de, olaryň hemmesinde dodagymyzyň hereketi birmeňzeş däldir. Mysal üçin, ***b, p, m*** seslerini aýdanymyzda, dodaklarymyz biri-birine berk degişýärler ýa-da dergşip duran dodaklarymyz aýrylyşýarlar. Meselem: "bar, bol, bil, bal, pagta, ýüp, çöp, mal, men, iým, tam". "Çorba, torba, oba, dürbi, çebiş, üflemek" diýen sözlerdäki ***b, f*** seslerini aýdanymyzda bolsa, dodaklarymyz bir-birine çalaja degişýär-de, arasynda azajyk yşgalaň galýar.

"Jöwen, gawun, wekil, watan, aw, döw" diýen sözlerdäki ***w*** sesini aýdanymyzda hem dodak öňe bakan uzalyp, ýygrylýar-da, arasynda tegelek yşgalaň galýar. Şonuň üçin muňa tegelek yşgalaňly ses-de diýilýär.

Çaganyň dogry, kämil sözleýşiniň bolmagy – çaganyň mekdebe taýýarlygyny görkezýän esasy görkezijileriniň biridir, sebäbi dogry sözleýiş çaganyň doly we kadaly ösmegi üçin örän möhümdir.

Daş-töweregindäki adamlaryň sözleýşine düşünmegi, çekinmän öz pikirini beýan edip bilmegi, ulular we deň-duşlary bilen aragatnaşykda bolmagy çagany durmuşa taýýarlaýar, olaryň pikirlenişini ösdürýär. Durmuşda sözleýiş dilinde kemçiligi bolan çagalar-da duş gelýär. Sözleýiş diliniň bozulmagy çaganyň häsiýetine belli bir derejede öz täsirini ýetirýär. Sözleýşinde kemçiligi bolan çagalar öz kemçiliklerini duýandan çekinip, hatda kemsinip başlaýarlar. Olarda utanjaňlyk, geplemezlik, göwnüçökgünlik peýda bolýar, olaryň daş-töweregindäkiler, deň-duşlary bilen bolan aragatnaşygy belli bir derejede kynlaşýar. Sözleýiş dilindäki kemçilikler ýazuwa hem öz täsirini ýetirýär. Sözleýiş dili bozulan okuwçy nädogry sözleýşi ýaly ýazuwda-da ýalňyşlyk goýberýär. Şonuň üçin-de çaganyň sözleýşiniň öz wagtynda, ýagny mekdebe çenli ýaşda düzedilmegi zerurdyr.

Mekdebe çenli ýaşly çagalaryň sözleýşinde iň köp ýaýran kemçilikleriň biri hem **ses aýdylyşynyň bozulmagydyr.** Esasan hem süýkeş s-z, zarply ç, j sonorly l, r, ý, ň, yzky kentlewük k, g, h ýaly ses toparlarynda ses aýdylyşy bozulýar. Käbir çagalarda diňe bir ses toparyna degişli sesler (diňe dişara ýa-da sonorly sesler) bozulan bolýar. Käbir çagalarda bolsa, iki ýa-da birnäçe ses toparlary (yşgalaňly we sonorly sesler) birden bozulan hem bolýar.

Sesi nädogry aýtmagyň **3 görnüşi** tapawutlandyrylýar:

1. Sesiň ýoýulyp aýdylmagy (bokurdak "r" sesi-diliň ujy titremän, ýumşak kentlewük titreýär).

2. Çaganyň sözleýşinde sesiň ýoklugy ("sary" diýmän "say" diýýär, ýagny "r" sesini aýtmaýar).

3. Bir sesi başga bir ses bilen çalyşmagy ("ary" diýmän "aly", ýagny "r" sesini "l" sesi bilen çalyşýar).

Sesiň ýoýlup aýdylmagynyň sebäbi gep agzalarynyň hereketiniň kämilleşmänligidir. Çaga gep agzalaryny (esasan hem, dili) dogry hereketlendirip bilmeýär. Sesiň ýoýulyp aýdylmagy sözüň manysyna täsir etmeýär, sebäbi munda bir ses başga bir ses bilen çalşyrylyp aýdylmaýar.

Bir sesiň başga bir ses bilen çalşyrylyp aýdylmagynyň esasy sebäbi, çaganyň sesi nädogry kabul etmegindedir (sesi eşidişi bozulan). Çaga sesleri tapawutlandyrmagy başarmaýar. Munda bir ses başga bir ses bilen çalşyrylyp aýdylýar we sözüň manysy üýtgeýär ("ga**r**" diýmän "ga**l**").

Ses aýdylyşyndaky kemçilikleriň görnüşlerini bilmeklik çagalar bilen işlemekligiň usullaryny kesgitleýär. Çaga sesi ýoýup aýdýan bolsa, onda gep agzalarynyň, ownuk we umumy hereketiň ösdürilmegine üns berilýär. Eger-de, çaga bir sesi başga bir ses bilen çalşyp aýdýan bolsa, onda sözleýşi, sesi eşidiş ünslüligini ösdürmeklige üns berilýär.

Sözleýşi kemçilikli çagalarda gabat gelýän ses bozulmalary grek harplarynyň ady esasynda, her toparyň esasy sesine görä adalga bilen berilýär. Mysal üçin, "sigmatizm" grek dilindäki sigma harpynyň "s" sesi aňladyşyna görä.

Mekdebe çenli ýaşly çagalarda gabat gelýän ses bozulmalary şu aşakdakylardyr:

**Sigmatizm.**

"s, z, ş, ž, ç" sesleriniň aýdylyşyndaky ýetmezçilige sigmatizm diýilýär. Bu sesleriň başga bir sesler bilen çalşyrylyp aýdylmagyna parasigmatizm diýilýär.

1. Dodak sigmatizmi.

Nädogry ses aýdylyşynyň bu görnüşinde "F", "w" seslerine golaýrak sesler aýdylýar. Meselem: sap-fap, sagat-wagat.

2. Diş-düýbi sigmatizmi.

Nädogry ses aýdylyşynyň bu görnüşinde "s", "z" sesleriniň ýerine "t", "d" sesleri aýdylýar. Meselem: sagat-tagat, sygyr-dygyr. Bu kemçiligi parasigmatizm diýip atlandyrsaň hem bolar, sebäbi bu ýagdaýda bir ses başga bir ses bilen çalşyrylýar.

3. Gapdal sigmatizmi.

1) Diliň ujy dişiň arkasyndaky tümmejige (alweola) direlýär, dil bolsa ýazgyn ýagdaýda bolmak bilen, onuň gyrasy azy dişleriň iç ýüzüne tarap galýandygy sebäpli, çykarylýan dem diliň gapdallary bilen goýberilýär. Netijede "bulkudaýan" ses emele gelýär. 2) Diliň ujy "l" sesini aýdandaky ýaly ýokarky kentlewüge direlen, howa gapdallaýyn çykýar.

4. Burun sigmatizmi.

Aýdylyşdaky bu ýetmezçilikde diliň düýbi galýar we ýumşak kentlewüge galtaşýar, ýumşak kentlewük aşak düşýär we dem burnuň üsti bilen geçýär, şeýle bolansoň myňňyldy garyşykly "h" sesine çalymdaş ses eşidilýär.

Mundan başga-da köplenç ýagdaýda "ş", "ž" sesleri "s", "z" sesler bilen çalşyrylyp aýdylýar. Sesiň şeýle nädogry aýdylyşyna parasigmatizm diýilýär. Meselem: guş-gus, hažžyk-hazzyk.

**Sigmatizmi düzetmek** üçin çaganyň görüş we eşidiş ünslüliginden peýdalanmaly.

Çaga bilen aýnanyň öňünde oturyp, dil düzediş mugallymy (terbiýeçi) ses dogry aýdylanda gep agzalarynyň nähili ýagdaýda bolmalydygyny görkezýär, şeýle-de çaganyň nädogry aýdyşyny onuň özüne diňletdirýär. Çaga aýnada gep agzalarynyň dogry hereketini görmek we sesi diňlemek arkaly dogry ses aýdylyş bilen nädogry aýdylyşy tapawutlandyrýar. Soňra sese degişli artikulýasion maşklar ýerine ýetirilýär (her sese degişli maşklar ses goýmaklygyň taýýarlaýyş döwründe berlen).

Dil düzediş mugallymy (terbiýeçi) çaga gowşaksy dili ýokarky we aşaky alyn dişleriň arasynda goýmagy hem-de diliň ujuna üflemegi teklip edýär. Howa akymy diliň tekiz üstünden geçýär we ýşa düşýär, ýş ýokarky alyn dişleriň hem diliň ujunyň kömegi bilen emele gelýär.

Burun sigmatizmi düzetmek üçin ilki bilen agyz boşlugyndan howa akymynyň dogry çykmagyny gazanmaly. Şunuň üçin birnäçe maşklar ýerine ýetirilýär: diliň öň (alyn) tarapyny ilki dodaklaryň, soňra dişleriň arasynda goýup, şeme, pagta, kagyza we ş.m. üflemek.

***"S"* sesiniň aýdylyşynyň kadaly ýagdaýynda** gep agzalary şu aşakdaky ýagdaýda bolýar:

– dil ýaýbaň (ýazgyn) halda;
– diliň ujy aşaky we ýokarky alyn dişleriň arasynda bolýar;
– dodaklar birneme açyk ýagdaýda;
– ýokarky we aşaky azy dişler diliň gapdallaryny çalaja gysýar;
– dem çykaryş birneme güýçli.

***"Z"* sesi** aýdylanda hem gep agzalarynyň ýerleşiş ýagdaýy "s" sesini aýdandaky ýaly ýagdaýda bolýar, ýöne ses perdeleri gysby bolup, titreýär.

***"Z"*** sesini aýtmak üçin taýýarlyk geçirilende, dil düzediş mugallymy (terbiýeçi) çaga bokurdagyň titreýänini duýmagy (ses aýdylanda bokurdaga eliň arka tarapyny goýmaly) öwredýär. Çaga bir eli bilen terbiýeçiniň ses perdeleriniň, beýleki eli bilen bolsa, öz ses perdeleriniň titreýänini duýýar. Dogry howa akymy (uzak we güýçli) ýola goýulandan soň, gep agzalarynyň hereketi dogry ýerine ýetirlenden soňra ses goýlup, berkidilýär.

***"Ş, Ž"*** sesleri goýlanda ilki bilen çaganyň dilini ýazgyn görnüşde saklamagy, diliniň ujuny ýokarky dişleriniň aňyrsyna galdyrmagy

başarýanyny-başarmaýanyny anyklamaly. Eger muny başarmasa, onda türgenleşdirmeli. Diliňi ýazgyn saklamak üçin çaga dilini aşaky dodagynyň üstünde goýup, "pä-pä" diýmegi tabşyrmaly ("Diliňe temmi bermek" maşky). Çaga dili ýazgyn saklamagy başarandan soňra, dili käsejik görnüşde ýokaryk galdyrmagy öwretmeli ("Käsejik", "Süýji mürepbe" maşklary). Eger çaga, dilini ýokary galdyrmagy başarmasa, onda dil düzediş mugallymy (terbiýeçi) şpateli ýa-da ýasyja zady diliň ujunyň aşagyna eltýär we dili galdyrýar. Haçan-da çaga dilini şeýle ýagdaýda goýmagy başaranda, dile üflemegi tabşyrylýar. "Ş" sesi goýlup, berkidilenden soňra "ž" sesi goýulýar. "Ž" sesi bokurdakda ses perdeleriniň titreýänini duýmak arkaly goýulýar. Dil düzediş mugallymy (terbiýeçi) çaganyň eliniň arka tarapyny öz bokurdagyna goýup, "ş" sesini aýtmak bilen sese owaz goşup aýdýar. Çaga bir eli bilen terbiýeçiniň bokurdagynda ses perdeleriniň, beýleki eli bilen bolsa, öz ses perdeleriniň titreýänini duýýar.

**"Ş" sesiniň aýdylyşynyň kadaly ýagdaýynda** gep agzalary şu aşakdaky ýagdaýda bolýar:

– dodaklar öňe tarap uzaýar;

– dişler çalarak açyk;

– diliň ujy kentlewüge tarap galýar, ýöne oňa degmeýär, aralykda yş galýar;

– diliň gapdal taraplary ýokarky azy dişleriň iç ýüzüne gysylýar hem-de çykarylýan demiň gapdaldan syzylyp çykmagyna ýol bermeýär;

– kentlewügiň düýbi galyk;

– ses perdeleri biri-birinden aýry;

– dem çykaryş az-kem güýçlüräk.

***"Ž"* sesi** aýdylanda hem gep agzalary **"ş"** sesindäki ýaly ýagdaýda, ýöne ses perdeleri biri-birine gysylyşyp durlar we titreýärler, dil bolsa gaty kentlewüge tarap has ýokary galýar, dem çykarylanda howanyň güýji **"ş"** sesi aýdylandakydan gowşak.

**"Ç" sesi** öýkünme arkaly goýup bolmasa, onda dil düzediş mugallymy (terbiýeçi) çagadan ýumşaksy ***"t"*** sesi bilen gutarýan bogny aýtmagy talap edýär ("at", "ot"...), şol wagtyň özünde-de şpateli ýa-da ýasyja zady diliň ujunyň aşagyna eltýär we ony ýokarky dişiň arkasyndaky tümmejige (alweola) tarap galdyrýar, şeýle-de barmagy bilen



Неподшитые заметки Стр.74

onuň agzynyň gyralaryna ýuwaşja basmak bilen dodaklary öňe çykarýar. Dodagyň we diliň şeýle ýagdaýynda ýumşaksy ***"t"*** sesi bilen gutarýan "at", "ot" bogunlarynyň ýerine "aç", "oç" eşidilýär.

**"Ç" sesiniň aýdylyşynyň kadaly ýagdaýynda** gep agzalary şu aşakdaky ýagdaýda bolýar:

– dodaklar birneme öňe uzaýar;
– dişler çalarak açyk;
– kentlewügiň düýbi galyk;
– ses perdeleriniň arasy açyk;
– demiň çykmasy güýçli.

**Lambdasizm.**

***"L"*** sesiniň aýdylyşyndaky kemçilige lambdasizm diýilýär. ***"L"*** sesiniň beýleki sesler bilen çalşyrylyp aýdylmagyna paralambdasizm diýilýär.

Lambdasizmiň görnüşleri:

1. "*L*" sesi düýbünden aýdylmaýar (balyk-bayk).
2. "*L*" sesi myňňyldap "Ň", ýaly aýdylýar, diliň düýbi ýumşak kentlewük bilen galtaşýar, howa burnuň üstünden geçip gidýär.

Paralambdasizm.

1. "*L*" sesi dodak-diş sesi "*w*" bilen çalşyrylýar (balyk-bawyk).
2. "*L*" sesi "*ý*" bilen çalşyrylýar (alma-aýma).
3. "*L*" sesi "*r*" sesi bilen çalşyrylýar (tal-tar).
4. "*L*" sesi dodak "*b*" sesi bilen çalşyrylýar.
5. "*L*" sesi "*y*" sesi bilen çalşyrylýar (laçyn-yaçyn).
6. "*L*" sesi "*n*" sesi bilen çalşyrylýar (pil-pin).
7. "*L*" sesi "*k*" sesi bilen çalşyrylýar.
8. "*L*" sesi "*u*" sesi bilen çalşyrylýar.

**Nädogry aýdylýan "l" sesini düzetmegiň usullary:**

1. Dil düzediş mugallymy (terbiýeçi) çaga bilen aýnanyň öňünde oturyp, oňa diliniň ujuny ýokarky alyn dişleriň düýbüne berk dirär ýaly galdyrmagy hem-de dilini dartgynly halda saklamagy teklip edýär.

2. Çaga dilini dişleriň arasyndan çykarmak, diliň ujuny ýuwaşja dişläp, ***"y"*** sesini uzak aýtmagy teklip etmeli. ***"L"*** sesi dogry eşidilenden soň, dili ýokarky dişiň arkasyna geçirmeli.

3. Dodaklary öňe uzadyp, ***"u"*** sesini uzak aýtmaly, diliňi öňe uzan dodaklaryň arasyndan çykarmaly, dil düzediş mugallymy (terbiýeçi)

barmaklary bilen çaga sesi aýdýarka onuň dodaklaryny gapdala çekende çaganyň dişleri görnüp, ***"l"*** sesi eşidilýär.

Çaga ***"l"*** sesini başga ses bilen çalşyryp aýdanda ilki bilen sesi tapawutlandyryp eşitmegi öwretmeli (aýnanyň öňünde gep agzalarynyň ýerleşişi, hereketi görkezilýär, sesiň özi aýdylýar).

***"L"*** sesi dogry goýlandan soňra bogunda, sözde, sözlemde berkidilýär.

***"L"* sesiniň aýdylyşynyň kadaly ýagdaýynda** gep agzalary şu aşakdaky ýagdaýda bolýar:

– diliň ujy ýokarky alyn dişleriň aňyrsyndaky tümmejige (alweola) ýa-da dişlere direýär;

– diliň düýbi galyk;

– dişleriň arasy açyk;

– dodaklary yzyndaky çekimlä bagly ýagdaýda;

– kentlewügiň düýbi galyk, çykarylýan howa burnuň üsti bilen geçmez ýaly ýoly ýapýar;

– ses perdeleriniň arasy syk bolup, titreýärler.

**Rotasizm.**

***"R"*** sesiniň aýdylyşyndaky kemçilige rotasizm diýilýär. "R" sesiniň başga bir ses bilen çalşyrylyp aýdylmagyna pararotasizm diýilýär.

Rotasizmiň görnüşleri:

1. "*R*" sesi düýpden aýdylmaýar (erik-eik, merduwan-meduwan).

2. Welýar "r"-sesi. Bu ýagdaýda diliň uju titremän kentlewügiň düýbi titreýär.

3. "*R*" sesi diliň ujunda aýdylman, gapdal ujy bilen aýdylýar (gapdal rotasizm). Şeýle bolanda "*r*" sesiniň ýerine "*r*" we ýumşaksy "*l*" sesleriniň çalt birleşmesinden emele gelen ses eşidilýär.

4. "*R*" sesi "*ň*" sesi ýaly myňňyldap çykýar, şeýle bolanda diliň düýbi ýumşak kentlewük bilen galtaşýar we dem burun arkaly çykýar.

5. "*R*" sesi bir zarpda aýdylýar, ýagny diliň ujunyň yzygiderli yrgyldysyna derek diliň ujy kentlewüge bir gezek degýär.

Pararotasizm.

1. "*R*" sesi "*w*" sesi bilen çalşyrylýar (darak-dawak).

2. "*R*" sesi "*d*" sesi bilen çalşyrylýar (orak-odak).

3. "*R*" sesi "*y*" sesi bilen çalşyrylýar (açar-açay, atyr-atyy).

4. "*R*" sesi "*l*" sesi bilen çalşyrylýar (garpyz-galpyz, durna-dulna).

5. "*R*" sesi "*g*" sesi bilen çalşyrylýar (kerep-kegep, serçe-segçe).

6. "*R*" sesi "*ý*" sesi ýa-da ýumşaksy "*l*" bilen çalşyrylýar (gar-gaý, garaly-gaýaly).

**Nädogry aýdylýan "*r*" sesini düzetmegiň usullary:**

1. "*R*" sesini dogry aýtmak üçin ilki bilen diliň ýazgyn bolmagy we ýokaryk galmagy zerurdyr. Munuň üçin birnäçe artikulýasion maşklar ýerine ýetirilýär: "Diliňe käýemek", "Piljagaz", "Käsejik" we ş.m. (taýýarlaýyş döwründäki "*r*" sesine degişli maşklar). Egere-de çaga dilini dilasty sapajygy gysga bolandygy sebäpli galdyryp bilmese, onda dilasty sapajygyň süýnmegi üçin maşklar geçirilýär: "Atjagaz", "Kömelejik". "Garmoşka" (taýýarlaýyş döwründäki maşklar).

2. Çaga dili ýazgyn halda saklamagy, ýokaryk galdyrmagy başarandan soň, diliň ujunyň titremegine üns bermeli. Eger-de öýkünme usuly (traktoryň, motosikliň sesine) arkaly sesi goýmak başartmasa, onda çaga agzyny giňden açyp ýazgyn dili ýokaryk galdyrmagy, diliň ujuny goýbermän, batly arasyny üzüp, ençeme gezek *dddddd*..... diýip aýtmagy tabşyrmaly. Ilkibaşda "*d*" sesini haýal, soňra çalt depginde aýtmaly.

3. Çaga "*d*" sesini aýdýarka dil düzediş mugallymy (terbiýeçi) diliň ujunyň aşagyna goýlan gural (ujy togalak şarjagazly demir) bilen dili ýygy-ýygydan saga-çepe yralaýar. Guralyň ýerine çaganyň sag eliniň süýem barmagyny hem ulansa bolýar (barmagy ilki bilen öňünden arassalamaly). "*R*" sesi goýlandan soň bogunda, sözde, gepleşikde berkidilýär.

***"R"* sesiniň aýdylyşynyň kadaly ýagdaýynda** gep agzalary şu aşakdaky ýagdaýda bolýar:

– dodaklar yzyndaky çekimlä bagly ýagdaýda;

– diliň uju käsejik görnüşde, alynky dişleriň arka ýüzünde bolup, diliň ujy titreýär;

– dişleriň arasy açyk;

– diliň düýbi aşak goýberlen;

– ses perdeleri gysylyşyp durup, titreýär;

– kentlewügiň düýbi ýokary galyp, howanyň burnuň üstünden çykmagyna ýol bermeýär.

**Kentlewük seslerini aýtmakdaky kemçilikler.**

**a) Kappasizm.**

"*K*" sesini aýtmakdaky kemçilige kappasizm diýilýär. "*K*" sesiniň başga bir ses bilen çalşyrylyp aýdylmagyna **parakappasizm** diýilýär.

1. "*K*" sesi aýdylanda dogry "*k*" sesine derek bogazda şyrkyldy eşidilýär. Munda diliň yzky gerşi kentlewüge galmaýar, diremeýär.

2. "*K*" sesi "*T*" sesi bilen çalşyrylýar ("kebelek" sözüne derek "tebelet" eşidilýär).

3. "*K*" sesi düýbünden aýdylmaýar ("köwüş" sözüne derek "öwüş" eşidilýär).

4. "*K*" sesi "*h*" sesi bilen çalşyrylýar ("akar" sözüne derek "ahar").

**b) Gammasizm.**

"*G*" sesini aýtmakdaky kemçilige gammasizm, "*G*" sesiniň başga bir ses bilen çalşyrylyp aýdylmagyna paragammasizm diýilýär.

1. "*G*" sesi aýdylanda dogry "*g*" sesine derek bogazda şyrkyldy eşidilýär.

2. "*G*" sesi "*D*" sesi bilen çalşyrylýar (garpyz-darpyz)

**ç) Hitizm.**

"*H*" sesiniň aýdylyşyndaky kemçilige hitizm, "*h*" sesiniň başga bir ses bilen çalşyrlyp aýdylmagyna parahitizm diýilýär.

1. "*H*" sesi aýdylanda dogry "*h*" sesine derek bogazda şyrkyldy eşidilýär.

2. "*H* sesi "*k*" sesi bilen çalşyrylýar ("halta" ýerine "kalta" eşidilýär ýa-da "*h*" sesine derek "*s*" eşidilýär: hasyl-sasyl).

**Nädogry aýdylýan kentlewük seslerini düzetmegiň usullary:**

Dil düzediş mugallymy (terbiýeçi) "k, g, h" seslerini goýanda çaganyň görüş (aýnanyň öňünde), duýuş, eşidiş ünslüliginden peýdalanýar.

1. Eger-de "*k*" sesini öýkünme ýoly arkaly goýup bolmasa, onda "*k*" sesini "*t*" sesiniň kömegi arkaly goýulýar. Dil düzediş mugallymy (terbiýeçi) çaga "*ta*" bognuny ençeme gezek yzly-yzyna aýtmagy teklip edýär we şol wagt onuň diliniň ujuny arassa gural ýa-da çemçe bilen basýar hem kem-kemden dili agyz boşlugynyň içine tarap süýşürýär. "*K*" sesi aýdyň eşidilenden soň, gural ulanmazdan "*k*" sesini aýtmaklyk teklip edilýär.

2. "*G*" sesini goýmak üçin dil düzediş mugallymy (terbiýeçi) çaganyň bir elini öz bokurdagynda, beýlekisini bolsa çaganyňkyda goýup, "*k*", "*g*" seslerini aýtmak bilen "Haýsy sesi aýdanymyzda "öýjagazyň"

(bokurdagyň) diwarlary titreýär?" diýip soraýar we onuň bilen şol sesleri bilelikde aýdýar. Çaga "*g*" sesinde ses perdeleriniň titreýänini duýýar.

3. Eger-de duýmak arkaly "*g*" sesini goýmak başartmasa, onda "*g*" sesini "*d*" sesiniň kömegi arkaly gural ulanmak bilen goýulýar ("*k*" sesindäki ýaly).

4. "*H*" sesini öýkünme usulynda goýulanda, çaga agzyny gaty açmak we "üşän ellerini ýylatmak" (ellerine üflemek) tabşyrylýar. Çaganyň diliniň ujunyň aşakda bolup, diliň yzky gerşiniň kentlewüge tarap galmagyna (ýöne oňa degmeli däl) üns bermeli.

6. Eger-de "*h*" sesini öýkünme ýoly arkaly goýup bolmasa, onda "*h*" sesini "*s*" sesiniň kömegi arkaly gural ulanyp goýulýar ("*k*" sesiniňki ýaly).

**"*K*" sesiniň aýdylyşynyň kadaly ýagdaýynda** gep agzalary şu aşakdaky ýagdaýda bolýar:

– dodaklaryň, dişleriň arasy "*a*" sesini aýdandaky ýaly ýagdaýda;

– diliň ujy aşak goýberlen;

– diliň yzky gerşi gaty eplenip, gaty we ýumşak kentlewügiň aralygyna degip durýar;

– kentlewügiň düýbi galyk hem-de bogazyň yzky diwaryna ýelmeşýär, burna geçýän howa ýoluny ýapýar;

– ses perdeleriniň arasy açyk;

– çykýan howa güýçli.

***"G", "h"* sesleri** aýdylanda hem gep agzalary "*k*" sesindäki ýaly, ýöne "*g*" sesinde ses perdeleri gysby bolup titreýär, çykýan howa "*k*" sesindäki ýaly güýçli däl. "*H*" sesiniň "*k*" sesinden tapawudy-kentlewük bilen diliň arasynda yş galyp galmagal emele gelýär.

**Ýotasizm.**

"*Ý*" sesini aýtmakdaky kemçilige ýotasizm, "*ý*" sesiniň başga bir ses bilen çalşyrylyp aýdylmagyna paraýotasizm diýilýär.

"*Ý*" sesi köplenç ýumşaksy "*l*" sesi bilen çalşyrylyp aýdylýar (ýelek-lelek, ýelken-lelken).

**Nädogry aýdylýan "*ý*" sesini düzetmegiň usullary:**

1. "*Ý*" sesine derek wagtlaýynça "*i*" sesini aýtmak. Çaga "*i*" sesini çekip aýtmak bilen, "i" sesli ses düzümlerini, sözleri aýtmaklyk tabşyrylýar (ia, io, aia, ai, tai, taiçanak we ş.m.). Soňra kem-kemden "*i*" sesi çekmän aýdylýar.

2. "*Ý*" sesini "*z*" sesi arkaly gural ulanmak bilen öwredilýär. Çaga "za" bognuny aýtmak teklip edilýär, şol wagt gural bilen diliň ujuna basylyp, dili agzyň içine süýşürilýär. "za" bognuň ýerine "ýa" eşidilýär. Ses goýlandan soň berkidilýär.

**"Ý" sesiniň aýdylyşynyň kadaly ýagdaýynda** gep agzalary şu aşakdaky ýagdaýda bolýar:

– dodaklar "*i*" sesini aýdandaky ýaly dişlere ýakynlaşýar;

– dişleriň arasy "*i*" sesini aýdandaky ýaly ýagdaýda;

– diliň ujy "*i*" sesini aýdandakydan has berkräk direýär, diliň gerşi "i" sesini aýdandakydan has ýokary galýar we kentlewügiň ortaky bölegi bilen aralykda darajyk yş galýar;

– ýumşak kentlewük galyk;

– ses perdeleri jebis durup, titreýärler.

**"Ň" sesini** aýtmakdaky kemçilikler.

Köplenç "*ň*" sesine derek "*n*" sesi aýdylýar.

Öýkünme arkaly **düzetmek** başartmasa, onda "*n*" sesi arkaly gural ulanyp düzedilýär. Çaga "*n*" sesini aýdanda, gural bilen diliň ujuna basmaly we dili agzyň iç ýüzüne tarap süýşürmeli.

**"Ň" sesi aýdylanda** gep agzalary "*g*" sesini aýdandaky ýaly ýagdaýda bolýar. Ýöne diliň yzky böleginiň arkasy ýumşak kentlewüge has gysylýar, öýkenden gelýän howa akymy gowşak.

**Açyk çekimsizleri** aýdylandaky kemçilikler olaryň dymyk taýlary bolan çekimsizler bilen çalşyrylmagynda ýüze çykýar. Bu kemçiligi düzetmekde görüş (çaga dogry sesiň artikulýasiýasynyň ýerleşişini aýnada görýär), eşidiş (sesi eşidýär), duýuş (elini bokurdaga goýmak bilen ses perdeleriniň titreýşini duýýar) ünslüligi peýdalanylýar.

Ses aýdylyşynyň bozulmagynyň görnüşlerinden başga-da ses bozulmagynyň derejelerini-de tapawutlandyrýarlar. Logopediýada nädogry ses aýtmaklygyň **üç derejesini** belleýärler.

Birinji derejede sesiň düýbünden aýdyp bilinmezligi. Çaga sesi aýratynlykda, sözde, sözlemde aýdyp bilmeýär, şeýle-de nusga boýunça-da gaýtalamagy hem başarmaýar.

Ikinji derejede çaga sesi aýratynlykda (kä halatda käbir sözlerde) dogry aýdýar, ýöne hemme sözlerde, sözlemde şol sesi ýoýýar ýa-da aýtman geçýär. Munda sesiň dogry aýdylyşy bolup, ses sözde, sözlemde berkidilmedik bolýar.

Üçünji derejede, çaga sesi aýratynlykda, sözde, sözlemleri gaýtalanda dogry aýdýar, ýöne gepleşikde şol sesi başga bir ses bilen çalyşýar.

Sesi nädogry aýtmagyň derejelerini bilmeklik nädogry aýdylýan sesi düzetmek işinde haýsy ugurlara üns bermelidigini kesgitleýär: ses goýmak (birihji derejede), sesi berkidip ýuwaş-ýuwaşdan gepleşige girizmek (ikinji derejede), sesi aýyl-saýyl etmek (üçünji derejede).

Ses aýdylyşyny düzetmeklik işine başlamazdan öň çaganyň **ses aýdyşy** barlanylýar. Çaganyň sözleýşinde haýsy sesiň nähili bozulandygy anyklanylýar. Sesler aýratynlykda, aýratyn sözlerde, sözleýişde barlanylýar. Şeýle etmek bilen sesi nädogry aýtmaklygyň görnüşi, derejesi anyklanylýar we ýerine ýetirilmeli iş, ýagny çaga ses goýmaklyk ýa-da bar bolan sesi sözde, sözleýişde berkitmeklik ýa-da sesi aýyl-saýyl etmeklik bellenilýär.

Terbiýeçi (dil düzediş mugallymy) topardaky her bir çaganyň sözleýiş dilinii barlaýar. Sözleýiş dili iki gezek ýylyň başynda (sentýabrda) işi dogry meýilleşdirmek üçin hem-de ýazda netije çykarmak üçin barlanylýar.

Terbiýeçi çaga suratlary görkezmek, sorag-jogap alyşmak, sözleri terbiýeçiniň yzyndan gaýtalatdyrmak arkaly haýsy sesiň bozulanyny belleýär. Suratlar alnanda gerekli sesler sözüň başynda, ortasynda we ahyrynda bolan ýagdaýda alnylýar (**s**agat-a**s**man, pala**s**). Şeýle-de terbiýeçi (dil düzediş mugallymy) çaganyň sesleri aýdýan wagtynda onuň gep agzalarynyň hereket edişine, nähili ýagdaýda durýanyna üns berýär.

**Sesi kabul edişini** (sesi tapawutlandyryşyny) barlamak üçin çalşyrylýan sesleri we şol sesli bogunlary, sözleri gaýtalamak; şol sese degişli suraty tapmak we ş.m. ýumuşlar berilýär (sa-şa; ra-la; aş-as; Merdan-meýdan...).



1) 2) 3)

**Gep agzalary** barlanylanda, esasan hem, diliň, dişleriň, äňiň (dişleriň gysylyşy), dodaklaryň, kentlewügiň gurluşyna üns berilýär. Dişleriň gysylyşynyň nädogry bolmagy ses aýdylyşynyň bozulmagyna eltýär. Esasan hem, şu aşkdaky näsazlyklar çagalarda köp gabat gelýär:

1) aşaky diş hatarlarynyň has öňe çykmagyna progeniýa diýilýär. Munda diliň ujunyň aşaky alyn dişleriň arkasynda ýazgyn ýerleşmegine kynçylyk döreýär;

2) dişleriň gysylyşynyň açyk bolmagy howa akymynyň kadaly çykmagyna päsgel berýär;

3) ýokarky diş hatarlarynyň has öňe çykmagyna prognatiýa diýilýär. Munda diliň ujunyň ýokarky alyn dişleriň arkasynda ýazgyn ýerleşmegine kynçylyk döreýär (esasan hem, "ş", "ž", "ç" seslerini dogry aýtmakda kynçylyk döreýär). Bu çagalary diş lukmanyna maslahata ugratmaly. Eger çaganyň gep agzalary oňat hereket edip, sesi kabul etmegi kadaly bolsa, onda bularyň ses aýdyşyny düzetmeklik zerurdyr.

Dişleriň has ownuk (iri), gyşyk, dişleriň aralarynyň açyk bolmagy ýa-da aşaky (ýokarky) alyn dişleriň ýok bolmagy hem sesiň bozulmagyna öz täsirini ýetirip biler.

Dodaklaryň etlek, ýogyn, gysga, az hereketli bolmagy hem ses aýdylyşynyň bozulmagyna sebäp bolup biler.

Kentlewügiň dar, beýik (pes) bolmagy; diliň uly, kiçi, dil asty sapajygyň gysga bolmagy hem ses aýdylyşynyň bozulmagyna eltýär.

Eger çagadaky ses aýdyşynyň bozulmagy beýleki kemçilikler (rinolaliýa, dizartriýa, çala eşitmeklik, kerlik we ş.m.) bagly bolsa, onda ony hünärmene (dil düzediş mugallymyna, surda mugallymyna, psihiatra we ş.m.) ugratmaly.

**Sesi düzediş işleri** şu döwürleri öz içine alýar:

## I. Taýýarlaýyş döwri

Bu döwürde gep agzalarynyň dogry hereketi kämilleşdirilip, kadaly howa akymy, eliň ownuk hereketi, sesi eşidişi ösdürilýär.

Gep agzalarynyň hereketini kämilleşdirmek, esasan hem, artikulýasion maşklar arkaly ýerine ýetirilýär. Düzedilýän ses üçin dogry artikulýasion maşky saýlap almak dil düzediş mugallymyna baglydyr. Dil düzediş mugallymynyň görkezmegi bilen maşklar aýnanyň öňünde haýallyk bilen belli bir yzygiderlilikde ýerine ýetirilýär. Çaga maşky dogry ýerine

ýetirmegi öwrenenden soňra, gep agzalarynyň ýerleşişini we hereketini aýnasyz duýmagy başarmalydyr.

Her bir maşka ýerine ýetirýän hereketine görä at berlip, degişli suratlar (mysal üçin, "Piljagaz") ulanylsa has-da maksadalaýyk bolýar. Çaganyň başarnygyna, ukybyna we kemçiligine baglylykda artikulýasion maşklar arasynda dyngy bermek bilen 8-10 gezek ýerine ýetirilýär.

Maşklar goşgy setirleri bilen berilse, çaga şol maşky ýerine ýetirmek has-da aňsat düşýär.

Aşakda dogry sesi goýmak üçýn ulanylýan birnäçe artikulýasiýon maşklardan mysallara ýüzleneliň.

1. "Piljagaz"



Ýerine ýetirenimizde,
Piljagaz maşkyn
Dilimiz titretmän,
Saklaýas ýazgyn



Bu artikulýasion maşk *"s, z, ş, ž, r"* seslerini dogry aýtmak üçin ýerine ýetirilýär.

*Maşkyň ýerine ýetiriliş usuly:* ýazgyn dili çykaryp, gowşatmaly we aşaky dodagyň üstünde goýmaly. Şu ýagdaýda dili 10-15 sekunt saklamaly. Diliň titremezligine üns bermeli.

2."Käsejik"



Agzymyz giňden açyp,
Galdyryp ýazgyn dili.
Dil ujumyz ýokarky
Dişe degmän saklaly.



Bu artikulýasion maşk *"r, ş, ž, ç"* seslerini dogry aýtmak üçin ýerine ýetirilýär.

*Maşkyň ýerine ýetiriliş usuly:* agzyňy giňden açmaly. Ýazgyn dili ýokaryk galdyrmaly. Diliň gapdallaryny we ujuny ýokarky dişe tarap

galdyrmaly, ýöne dişe degmeli däl. Dili şu ýagdaýda 10-15 sekunt saklamaly.

3. "Iňňejik"



Inçe, dartgynly dili,
Öňe tarap uzadyň.
Ine şeýle ýagdaýda,
"Iňňe" maşkyny ediň.



Bu artikulýasion maşk *"l, r"* seslerini dogry aýtmak üçin ýerine ýetirilýär.

*Maşkyň ýerine ýetiriliş usuly:* agzy biraz açmaly. Inçe, dartgynly dili mümkin boldugyça has öňe uzatmaly. Dili şu ýagdaýda 15 sekunt saklamaly.

4. "Depejik"



Diliň gapdallaryny,
Gysyp azy dişlerne,
Diliň ujuň diräliň,
Aşak alyn dişlere.



Bu artikulýasion maşk *"s, z"* seslerini dogry aýtmak üçin ýerine ýetirilýär.

*Maşkyň ýerine ýetiriliş usuly:* agzy biraz açmaly. Dili ýazgyn etmeli. Diliň gapdallary ýokarky azy dişlerine gysylan bolmaly. Diliň ujuny aşaky alynky dişlere diremeli. Şu ýagdaýda dili 15 sekunt saklamaly.

5. "Ýelken"



Agzyňyzy açyp giň,
Diljagazy inçeldiň.
Galdyryp, inçe dili,
Güberçege degiriň



Bu artikulýasion maşk *"r, ş, ž, l"* seslerini dogry aýtmak üçin ýerine ýetirilýär.

*Maşkyň ýerine ýetiriliş usuly:* agzy giňden açmaly. Dili inçeldip, ýokary galdyryp, ýokarky dişleriň aňyrsyndaky alweola (güberçege) degirmeli. Şu ýagdaýda dili 15 sekunt saklamaly.

6. "Kömelejik"



Ýazgyn dili kentlewüge,
Ýelmeşdirip göreliň.
Dili ondan aýyrman,
Kömelegiň aýagyn,
Gowuja süýndüreliň.



Bu artikuliýasion maşk *"r, ş, ž,ç"* seslerini dogry aýtmak üçin ýerine ýetirilýär.

*Maşkyň ýerine ýetiriliş usuly:* Ýazgyn dili kentlewüge ýelmeşdirmeli. Kömelegiň aýajygy (dilasty sapajyk) süýner ýaly diliňi kentlewükden aýyrman, agzy mümkin boldugyça giňräk açmaly. Şu ýagdaýda dili 15 sekunt saklamaly.

7. "Sagat"



Açyp biraz agzyňy,
Diliň çykar inçeldip.
Şonda sagada meňzär,
Sag-çepe hereket edip.



Bu artikulýasion maşk *"l, r"* seslerini dogry aýtmak üçin ýerine ýetirilýär.

*Maşkyň ýerine ýetiriliş usuly:* agzy biraz açmaly. Dili inçeldip çykaryp, saga-çepe hereketlendirmeli (Dili agzyň içine salmaly däl).

8. “Teker”



“Depejik” maşkyny,
Ýerine ýetireli.
Dili “oklaw” ýaly,
Hereketlendireli.



Bu artikulýasion maşk *“s, z”* seslerini dogry aýtmak üçin ýerine ýetirilýär.

*Maşkyň ýerine ýetiriliş usuly:* “Depejik” diýen maşky ýerine ýetirip, diliň ortaky bölegini mümkin boldugyça has öňe çykarmaly, soň dili adaty ýagdaýa getirmeli. Şunuň ýaly ýagdaýda dili “oklawjyk” görnüşinde öňe-yza hereket etdirmeli.

9. “Hiňňildik”



Bir burna, bir eňege
Uzadyp inçe dili
Hereketde dilimiz
Ýasalyň “hiňňildigi”.



Bu artikulýasion maşk *“r, ş, ž, ç”* seslerini dogry aýtmak üçin ýerine ýetirilýär.

*Maşkyň ýerine ýetiriliş usuly:* agzy biraz açmaly. Dili inçeldip, öňe çykarmaly. Dili gezekli-gezegine bir burna, bir-de eňege tarap uzatmaly. Agzy ýummaly däl.

10. “Reňkleýji”



Kentlewükde hereket
Etsin meň inçe dilim.
Endik edip öwrensem
Bolar kämil sözleýşim.



Bu artikulýasion maşk *"r, l, ş, ž, ç"* seslerini dogry aýtmak üçin ýerine ýetirilýär.

*Maşkyň ýerine ýetiriliş usuly:* "Ýelken" maşkyny ýerine ýetirip, kentlewügiň üstü bilen diliň ujuny öňe-yza hereket etdirmeli.

11. "Ýylan"



Bu maşkymyz meňzeşdir,
"Iňňejik" diýen maşka.
Tapawudy ol maşkdan,
Dilim uzar öňe-yza.



Bu artikulýasion maşk *"k, h, l, g"* seslerini dogry aýtmak üçin ýerine ýetirilýär.

*Maşkyň ýerine ýetiriliş usuly:* "Iňňejik" maşkyny ýerine ýetirmeli. Iňňä meňzeş inçe dili has öňe uzatmaly, soň dili adaty ýagdaýa getirmeli.

12. "Atjagaz"



Agzymyz giňden açyp,
Kömelegi ýasaly.
Atymyzy aýlawa
Ýaryşa goýbereli.



Bu artikulýasion maşk *"r, ş, ž, ç"* seslerini dogry aýtmak üçin ýerine ýetirilýär.

*Maşkyň ýerine ýetiriliş usuly:* Kömelejik maşkyny ýerine ýetirmeli. Diliňi kentlewükden aýyrman agzyňy gaty açmaly, soň diliňi jukguldadyp goýbermeli.

13. "Süýji mürepbe"



Agzymyz açsak biraz,
Ýazgyn dil öňe uzar.
Ýalap dodagymyzy
Dili agza salyň biraz.



Bu artikulýasion maşk *"ş, ž, ç, r"* seslerini dogry aýtmak üçin ýerine ýetirilýär.

*Maşkyň ýerine ýetiriliş usuly:* agzy biraz açmaly. Ýazgyn dili uzadyp, ýokarky dodagy ýalamaly, soň dili adaty ýagdaýa getirmeli.

14. "Tüýdüjek"



Uzadyp ýazgyn dili,
Ýokaryk eplemeli.
Ýasap "täsin tüýdügi",
Şoňa biz üflemeli.



Bu artikulýasion maşk *"s, z, ş, ç"* seslerini dogry aýtmak üçin ýerine ýetirilýär.

*Maşkyň ýerine ýetiriliş usuly:* ýazgyn dili uzatmaly. Diliň gapdallaryny ýokarlygyna eplemeli. Emele gelen tüýdüjege üflemeli.

15. "Diliňe temmi bermek"



Agzy açyp çalarak,
Käýýäň dile berkiräk.
Dodakda goýup dili
Ýerine ýetiriň maşky.



Bu artikulýasion maşk *"s, z, ş"* seslerini dogry aýtmak üçin ýerine ýetirilýär.

*Maşkyň ýerine ýetiriliş usuly:* agzy biraz açmaly, dili aşaky dodagyň üstünde goýmaly. Dodak bilen "pä-pä-pä" diýip aýtmaly. Ýazgyn dili rahat saklamaly.

16. "Dişiňi arassala"



Diliň ujuny aýlap,
Dişiňi arassala
Şeýle etseň, eý, bala.
Sözleýşiň bor arassa.



Bu artikulýasion maşk *"s, z"* seslerini dogry aýtmak üçin ýerine ýetirilýär.

*Maşkyň ýerine ýetiriliş usuly:* agzy biraz açmaly we diliň ujy bilen bir tarapdan beýleki tarapa hereket etmek arkaly iç ýüzünden aşaky dişleri arassalamaly.

17. "Garmoşka"



Ýylgyryp aç agzyňy.
Dil ýelmeşsin kentlewge.
Soňra agzyň açyp-ýap,
Öwrülsin bu endige.



Bu artikulýasion maşk *"ş, ž, ç, r"* seslerini dogry aýtmak üçin ýerine ýetirilýär.

*Maşkyň ýerine ýetiriliş usuly:* ýylgyryp agzy biraz açmaly, dili kentlewüge ýelmeşdirmeli. Diliňi kentlewükden aýyrman agzyňy açyp-ýapmaly. Maşk ýerine ýetirilende agzy gatyrak açmaga çalyşmaly.

Nädogry aýdylýan sesi düzetmekde onuň emele gelşi we orny boýunça meňzeş ýa-da ýakyn seslere salgylanmak möhümdir. Şeýle seslere daýanç sesler diýilýär.

Mysal üçin: *"l"* – sesi üçin *"t, y"*; *"r"* – sesi üçin *"d"* we ş.m.

Aşakdaky artikulýasion maşklar muňa mysal bolup biler.

18. "Gämi gygyrýar"



Agzyňy biraz aç-da,
"Y" sesin uzak gygyr.
Diliň ujy aşakda,
Arkasy kentlewükde.

Bu artikulýasion maşk *"l"* sesini dogry aýtmak üçin ýerine ýetirilýär.

*Maşkyň ýerine ýetiriliş usuly:* agzy biraz açmaly we *"y"* sesini

uzak edip aýtmaly. Diliň ujy aşak tarapda bolup, arka ýüzi kentlewüge tarap galýar.

19. "Deprejik"



Agzyňyz giňden açyp,
Ýazgyn dili galdyryň.
Diliň ujün goýbermän,
"D" sesin köp gaýtalaň.

Bu artikulýasion maşk *"r"* sesini dogry aýtmak üçin ýerine ýetirilýär.

*Maşkyň ýerine ýetiriliş usuly:* agzy giňden açmaly. Ýazgyn dili ýokaryk galdyrmaly. Diliň ujuny goýbermän, batly arasyny üzüp, ençeme gezek dddddd...... diýip aýtmaly. Ilki başda *"d"* sesini haýal, soňra çalt depginde aýtmaly.

Eger-de çaga haýsy hem bolsa bir artikulýasion maşky ýerine ýetirmegi başarmasa, onda mehaniki kömegi (şpatel, zondlar) ulansa bolýar.

Dil düzediş mugallym çaga bilen bilelikde maşklary aýnanyň öňünde ýerine ýetirýär. Mugallym artikulýasiýany dogry görkezmek bilen, öz gep agzalarynyň ýerleşişini we hereketini görmezden hem duýmagy başarmalydyr.

Eger-de çaganyň agyz boşlugyndaky bedeniň maşklary dogry ýerine ýetirilse, çaga dilini gerekli ýagdaýda dogry saklap bilse, howa akymy güýçli, uzak bolsa, onda ses goýmaklyga geçilýär.

## II. Sesi goýmak döwri

Bu döwrüň esasy maksady sesiň aýratynlykda dogry aýdylmagyny gazanmakdyr.

Nädogry aýdylýan sesi goýmagyň esasy usullary:

1. Öýkünme usuly. Bu usulda çaga dogry ses aýdylandaky gep

agzalarynyň ýerleşişini görýär, gerekli sesi eşidýär, sesiň emele gelşini duýýar, soňra sesi gaýtalaýar.

2. Nädogry aýdylýan sesi düzeltmek üçin mehaniki kömek (şpatel, zondlar) bermek usuly. Eger-de nädogry aýdylýan sesi düzetmek üçin çaga görmek, eşitmek, duýmak ýeterlik derejede kömek bermese, onda gep agzalarynyň dogry ýerleşmegi, hereket etmegi üçin çaga mehaniki kömek berilýär. Mysal üçin: nädogry aýdylýan (r) sesi düzedilende ýazgyn dili ýokarky dişleriň aňyrsynda saklamak üçin şpatel, diliň ujuny titretmek üçin ýörite zond ulanylýar.

3. Garyşyk usuly. Munda nädogry aýdylýan sesi düzetmek üçin ýokarda agzalan usullaryň ikisi-de ulanylýar.

Ýokarda aýdylan usullaryň hemmesinde-de dil düzediş mugallymy çaga söz bilen görkezme berip durýar. Haçan-da çaga sesi aýratynlykda dogry aýtmagy başarsa, onda şoňa degişli ses meňzetmeleri ulanylýar. Mysal üçin: Gaplaň nähili arlaýar? *rrrrrrrrrrrrrr...*

Dil düzediş mugallymy nädogry aýdylýan her bir sesi düzetmek üçin surat şekillerinden peýdalanýar. Surat şekilleri düzedilýän sese gabat gelmelidir. Aşakda nädogry aýdylýan sesi düzetmek üçin ulanylýan surat şekilleriniň birnäçesine ýüzleneliň.



1. It nädip hyrlaýar? (*r.r.r.r...*)
2. Eje nädip käýeýär? (*e.e.e.e...*)
3. Oglanjygyň dişi agyrýar (*o.o.o.o...*)





Неподшитые заметки Стр.91

1. Ýel beriji howa çykarýar. (s.s.s.s...)
2. Ýylan hyşşyldaýar. (ş.ş.ş.ş...)
3. Gämi ýüzýär. (y.y.y.y...)

Nädogry aýdylýan sesler düzedilende çaganyň ähli agzalary deň işleýär, ýagny görşi çaga gep agzalaryny we onuň ýerleşişini görmäge; eşidişi dogry aýdylýan sesi kabul etmäge; duýuş agzasy dodagyň, diliň hereketini, titreýşini, howa akymyny, sesi duýmaga kömek edýär.

### III. Düzedilen sesi berkitmek

Dogry aýdylýan ses berkidilende esasy maksat çaganyň sesi sözleýşinde dogry ulanmagyny gazanmakdyr.

Dogry aýdylýan ses oýunlaryň, ýumuşlaryň, gönükmeleriň üsti bilen berkidilip, diňe bir sesi dogry aýdyşyna üns berilmän, eýsem eşidiş ünslüligini, eliň ownuk hereketini ösdürmeklige; söz baýlygyny artdyrmaklyga; baglanyşykly sözleýşi, pikirlenmäni ösdürmeklige hem üns berilýär.

Sesler belli bir yzygiderlilikde bogunda, sözde, sözlemde we çaganyň özbaşdak sözleýşinde berkidilýär.

Sesler bogunda berkidilende dogry aýdylýan ses açyk, ýapyk bogunda, iki çekimliniň arasynda, iki sany çekimsizden soň gelýän ýagdaýda gelip biler.

Sesiň **bogunda** berkidilişine mysallar

**"s" – sesi bogunda berkidilende**

Oýun: *"Pianinoda oýna"*

---------

---------

---------

Çaga barmaklaryny gezekli-gezegine notalara urmak bilen berkidilýän sesli bogunlary gaýtalaýar.

sa-so-su-sy

as-os-us-ys

**"*r*" sesiň bogunda berkidilişine mysal:**

Oýun: *"Sözi gutar"*

Dil düzediş mugallymy sözüň başyny aýdýar, çaga iň soňky bognuny aýdar: du-**tar,** älemgo-**şar**

Oýun: *"Uçary uçur"*




Çaga uçary bulutlaryň arasy bilen uçuryp, "dra-dro-dru" diýip aýdýar.

Sesler sözlerde berkidilende dogry aýdylýan sesiň sözüň başynda, ortasynda ahyrynda gelşine üns berilýär, ýöne çaganyň beýleki nädogry aýdan sesi bar sözden gaça durmaly.

Sesiň **sözde** berkidilişine mysallar

**"*r*" sesi sözlerde berkidilende:**



Suratlar boýunça ýumuşlar:

1. Suratlaryň atlaryny aýtmaly.

2. Suratlaryň atlaryny dil düzediş mugallymynyň aýdan tertibinde aýtmaly we görkezmeli.

3. Suratlaryň atlaryny ýatdan aýtmaly.

4. Sözüň birinji bogny boýunça suraty tapmaly (**gar**......pyz).

5. (r) sesi sözüň başynda (ortasynda, ahyrynda) eşidilýän suraty görkezmeli.

6. Oýun: "Näme ýok?" Çaga gözüni ýumanda dil düzediş mugallymy bir suraty aýyrýar ýa-da üstüni ýapýar.

7. Ýokarky hatardan sagdan ikinji suraty aýtmaly.

8. Diňe iýilýän predmetleriň atlaryny aýtmaly.

Sesler sözlerde berkidilenden soň söz düzüminde-de berkidilýär. Düzedilen sesler **söz düzümlerinde** berkidilende şol sese degişli sözler alynýar.

**"s" – sesi üçin:**

Oýun: *"Ýatla we gaýtala"* (Çaga dil düzediş mugallymynyň yzy bilen söz düzümlerini gaýtalaýar).

| | |
|---|---|
| uzyn saç | sary gül |
| demir sandyk | süýji gawun |
| ajy sogan | salkyn howa |

Düzedilen sesleriň **sözlemde** berkidilişine mysallar

**(ş) sesi üçin ýumuş:** *"Suratlar boýunça sözlem düz"*





Towşan käşir iýýär.

**"l" – sesi üçin ýumuş:** *"Suratlar arkaly soraglara doly jogap ber"*




1. Tokaýda näme ýaşaýar?
2. Topragy näme bilen agdarýarlar?
3. Ýagyşdan soň asmanda näme peýda bolýar?
4. Aşpez näme bişirdi?
5. Oduny näme bilen çapýarlar?
6. Balykçy näme tutdy?
7. Aýnajyk eline näme geýdi?
8. Bagda näme ösýär?

Haçan-da çaga sözlem düzende, dil düzediş mugallymy onuň öz pikirini dogry beýan etmegini, doly, ýaýraň, dürli mazmunly sözlem bilen jogap bermegini gazanmagy başarmaly.

Sesler dürs sözlerde, goşgularda, tapmaçalarda berkidilende-de düzedilýän sesi bar bolan sözler alynýar.

Düzedilen sesler bogunda, sözde, sözlemde berkidilenden soňra, çaga öz sözleýşinde ony ulanmagy başarýar.

### IV. Sesleri aýyl-saýyl etmek

Eger-de çaga bir sesi başga ses bilen çalyşýan bolsa (guş-gus), onda sesleri tapawutlandyrmagy we sözleýşinde dogry ulanmagy öwretmeklik göz öňünde tutulýar.

Sesler aýratynlykda, bogunda, sözde, sözlemde (goşgular, matal, nakyl, hekaýa) we özbaşdak sözleýişde aýyl-saýyl edilýär.

Çaga sesiň dogry artikulýasiýasyny aýnada görmek, sesi eşitmek, emele gelşini duýmak bilen nädogry aýdylýan sesi aýyl-saýyl edýär. Mysal üçin (s-ş) – sesleri aýyl saýyl edilende:

1. "*s*" – sesinde diliň dişiň arasynda, "ş" – sesinde bolsa ýokarky dişiň aňyrsynda ýerleşýänini çaga aýnada görýär.

2. "*ş*" – sesi aýdylanda howa akymynyň mylaýym çykýandygyny, "*s*" – sesinde bolsa, howa akymynyň sowukdygyny çaga elini agzyna golaý goýup duýýar.

3. Artikulýasion apparatynyň ýerleşişini, hereketini görkezmezden sesleri eşidip aýyl-saýyl edýär.

Sesler aýyl-saýyl edilende ulanylýan gönükmelerden, ýumuşlardan, oýunlardan mysallar:

"*S*" – "*Ş*" seslerini bogunda aýyl-saýyl etmek üçin oýun: "Kim ünsli?".

Çaga dil düzediş mugallymynyň aýdýan seslerini ünsli diňleýär, "*s*" – sesini eşidende bir gezek, "*ş*" – sesini eşidende iki gezek çapak çalmaly.

Mysal üçin: *s* (1) *p*, *ç*, *m*, *ş* (2), *s*, (1), *t*, *ş* (2).

"*R-L*" seslerini sözde aýyl-saýyl etmek üçin oýun: "4-nji artykmaç".




Çaga "*r*" sesi ýok bolan suraty atlandyrýar.

Düzediş işleri mekdebe çenli ýaşda, has dogrusy näçe öň gijikdirmän öz wagtynda ir geçirilse, kemçilikleri aýyrmak aňsat bolýar.

Dil düzedişlik işiniň netijeliligi kemçiligiň görnüşine, derejesine, çaganyň ýaşyna, onuň dil düzedişlik işine işeňňir gatnaşyşyna düzediş çäreleriniň köp ugurlylygyna, dil düzediş mugallymynyň ussatlylygyna-da baglydyr.

„S" – sesini düzetmek üçin ulanylýan öwrediji oýunlar, ýumuşlar:

**Ýumuş: Bogunlary we sözleri gaýtala**

**sa-sy-so-su**

| | | | |
|---|---|---|---|
| san | sabyn | sagymçy | syýa |
| sap | sahna | satyjy | syçan |
| saç | sakgyç | sandyk | sygyr |
| saýa | sakgal | sazanda | syýahatçy |
| sagat | sakçy | saýawan | sogan |
| saman | sazak | sarymsak | somsa |
| | saçak | sallançak | sowgat |
| | sapak | saçakçy | susak |

**se-si-sö-sü**

| | | |
|---|---|---|
| Selbi | käse | süren |
| sebet | pisse | sübse |
| selle | siňek | süzme |
| seçek | sim | süzgüç |
| serhet | söwüt | sülgün |
| desse | süýt | sürüji |
| kise | süňk | |

**Ýumuş: Söz düzümlerini gaýtala**

| | |
|---|---|
| uzyn saç | sary gül |
| owadan sagat | salkyn howa |
| demir sandyk | saýrak guş |
| ökde sazanda | süýem barmak |
| sary sogan | süýji gawun |

**Ýumuş: Suratlarda näme çekilipdir?**












**Ýumuş: Dogry gaýtala**

| | |
|---|---|
| sa-sa-sa | ak hasa |
| as-as-as | owadan palas |
| us-us-us | yssy tomus |
| se-se-se | gülli käse |
| sö-sö-sö | uly sübse |

**Ýumuş: Suratlaryň kömegi arkaly sözlemleri gaýtala**

Şahada  (serçe) otyr.

Sadap  (ysyrga) satyn aldy.

Enem  (sapak) saraýar.

Ejem  (sygyr) sagýar.

Sona  (saçda) ýumurtga çakdy.

Gözel  (sogan) arassalady.

Ekinde  (sarymsak) gögerýär.

Çölde  (sazak) ösýär.

Çaýy  (käsä) guýdular.

Sona  (sübse) bilen içerini syrdy.

**Ýumuş: Suratlar boýunça soraglara jogap ber**

Mellekde näme ösýär?
It näme gemirýär?
Nähili ulag gidip barýar?
Dükanda näme satylýar?

Ýelekden näme edilýär?
Kim dükanda zat satýar?
Eliňi näme bilen ýuwmaly?
Haýwanat bagynda näme bar?
Awtobusy kim sürýär?
Bäbegi nämede ýatyrýarlar?







**Ýumus: Suratlar boýunça sözlem düz**





## Hekaýa

Güýz pasly

Güýz geldi. Howa sowap başlady. Asmanda gara bulut peýda boldy. Saýrak guşlaryň hem sesi kesildi. Olar ýyly ýurtlara göçüp başladylar. Agaçlaryň ýapraklary saraldy. Pagtaçylar bolsa, pagta ýygmaga başladylar.

**Ýumuş: Soraglara jogap ber:**

Haýsy pasyl geldi?
Howa nähili?
Guşlar näme etdiler?
Ýapraklar nähili boldy?

**Ýumuş: Hekaýa düzmeli**

Biziň öýümiziň gapdalynda bir hin bar. Şonda  (syçan) ýaşaýar. Biziň pişigimiz  (süýdi) oňat görýär. Ejem oňa köplenç süýdi  (käsede) berýär. Bir gün pişik  käsedäki  (süýdi) ýalap durka  (syçany) gördi. Ol  (syçany) tutjak boldy.  (syçan) gaçyp öz hinine girdi.

## GOŞGULAR

### Tüweleý

*K.Nurbadow*

Gamçy bilen saýgylap,
Atyny salyp ýüzin,
Kowalap ýör salgymy,
Suwdur öýdüp günuzyn.

### Guşlaň aýdymy

*S.Hydyrow*

Söýýäris biz
Gülleri bagda.
Saýramagy
Säher çagda.
Bagda saýrap
Hezil edýäs,
Bag ekene
"Sag bol" aýdýas.

### Sary ýaprak

Sary ýaprak, sary ýaprak
Düşýäň ýere sary ýaprak
Münüp gelýäň ýyndam ýele,
Düşeniňde birden ýere
Hiç zat bolmaz ýaly saňa
Uzadaýyn eli saňa.

### "Salam" sözi

*K.Taňrygulyýew*

"Salam" sözi, balalar,
Iň ilki dile geler.
Sözleriň iň gowsudyr,
Ol edep bile geler.
Nirde duşsa ulular,
Salam berseň hoş bolar.
Edep-ekram hakdadyr,
Çagalar köp goşgular.

## Sübse

*A.Allanazarow*

"Sübüs-sübüs"… ýoly,
Syryp ýör sübse,
Oturyp bilenok,
Ol bilin bogsa.

## MATALLAR

Sogan däl ol, burçam däl ol,
Söýýär ony ähli çaga.
Nana çalyp iýäýmeseň,
Miltiň ýokdur çeýnemäge.

*(sarymsak)*

Şaha-şaha şahaly,
Şahy gymmat bahaly.
Ol gezmez suwsuz çölde.
Gezer tokaý jeňňelde.

*(sugun)*

Iş etmez çozar nana,
Gezip ýören gaçakçy.
Çalym eder mugthor hana,
Ady onuň………. *(saçakçy)*

Tutdurmady öýümizde,
Zymdyrylyp herýan geçen.
Şykyr edip ýazdy gapan
Düşen eken, oňa ……. *(syçan)*

Synadan dörän syna
Sowukdan eder kine.
Ýylylyga açylar,
Tämiz howa eçiler.
Ösümligiň şelpesi
Ýeller ony ýelpesin

Sowuk ondan ar alar
Gyşa çenli saralar.
*(ýaprak)*

Gyzyl, sary, ýaşyl göz,
Her birisi syrly söz
Syryny açmak gerek
Soň ýoldan geçmek gerek.
*(üç yşyk)*

*M.Kadyrow*

Jaý içinde ylgaşlap,
Çar tarapa ýortar ol.
Näme öňünden çyksa,
Hiç aýaman kerter ol.
Şonuň näme ady bar?
Kimiň aýtjak zady bar?
*(syçan)*

**"Jurrr!"**

*H.Şirow*

Okuwyňa giç galma turrrr!"
*(sagat)*

Diňleseň göwnüň
Bolýar ala-ýaz.
Adyna onuň
Diýýäris biz.... *(saz)*

**Sanawaç**

*K.Taňrygulyýew*

– Aýterek, Günterek,
Bizden size kim gerek?
– Sanap bilse ellini
Iberäýiň Selbini!

### Sanawaç

| | |
|---|---|
| Sary-sahy | Öz dostuňyz |
| Aman-alçak | Durdy, Nedir |
| Nury-göwnaçyk | Aýdyň sizem |
| Geldi-galjaň | Nähilidir? |

## NAKYLLAR WE ATALAR SÖZI

Ýagşy söz baldan süýji.

Kiçisini sylamadyk, ulusyny sylamaz.

Sag ýatsa – ýaman, syrkaw-gezse.

Uky ýassyk islemez.
Arassaçylyk saglygyň girewidir.
Okasaň, bilim alarsyň – hemme zady bilersiň.
Bar zadyň sakasy – saglyk.

## ÝAŇYLTMAÇLAR

Selbi sebetdäki suwkädä suw salyp, sülleren selmelere sepdi.

Sapar saman saraýa saman salanda, sekiz sany syçanyň samana sümenini gördi.

Sona Saparlaryň sary sygryny sagyp, süýdünden sargan serdi.

**"*L*" sesi** üçin ulanylýan goşgular, matallar, nakyllar we atalar sözi, sanawaçlar, ýaňyltmaçlar.

## GOŞGULAR

### Top

*E.Amanow*

Oýnalyň-a, oýnalyň
Topy elden goýmalyň!
Aramyzda bökjekläp,
Oýun eder edep top!

Özi ýeke bolsa-da,
Hemmämize ýeter top.

**Torgaý**

*A.Allanazarow*

Galyp ýerden derek boý,
Torgaý gökden esetdi:
Soňam janserek bolup,
Pel-pelledi, ses etdi.
Näderini bilmän dur.
Güläýmeli hut gülseň
Näme beýge galdyň sen
Düşüp bilmejek bolsaň?

**Göle jan**

*Ý.Pirgulyýew*

Gölejan-a, göle jan
Gel-de elim ýala jan.
Ot getirdim iý hany
Maňa "Sag bol" diý hany.

**Mekan**

*K.Nurbadow*

Öz-özi öýkeläp,
Aglaýar Mekan.
Başyny ýaýkalap,
Aglaýar Mekan.

Ýüzün turşardyp,
Aglaýar Mekan.
Dodagyn kürşerdip,
Aglaýar Mekan.

Aglaýar Mekan,
Aglaýar Mekan...
Soň näme boljagyn
Aňmaýar Mekan:

– Tiz goý sesiňi,
Aglama Mekan;
Aglak asyl-ha
Bolmaz ullakan.

### Kömelek

*I.Akmyradow*

Tapyl, tapyl kömelek
Höwrüň mende kömelek.
Seni gözläp gözlerim
Boldy-la elek-çelek.

### Güller

*S.Otuzowa*

Suwarýaryn her günde
Güllerimi säherde,
Bir enaýy açylýar
Olar her ýyl baharda.

### Kelem

*K.Taňrygulyýew*

– Sarapsyň-la başyňy,
Agyrýarmy, eý kelem?
Galyň geýýäň eşigi,
Sebäbini diý, kelem!
– Gün uraýýar kellämi
Oramasam sellämi.

### MATALLAR

*A.Annamyradow*

Ýapragy ýok, püri bar,
Ösýär dagda, tokaýda.
Täze ýyl baýramynda
Bezegdir ol köp öýde.
Dört pasyllap solmaýan,
Agaçlaryň ýaşyly.
Iller ony bezänsoň,
Oýnawaçdyr hasyly. *(arça)*

*H.Şirow*

Sülmüräp otur
Owadan agaç.
Adyna onuň
Diýýäs.........

*(leýlisaç)*

Atlar arkaýyn
Ýüwürer ýaly,
Aýaklaryna
Kakýarlar..........

*(naly)*

Ýer depip berýär,
Çekip berýär çil,
"Iki gulakly
Hossarymyz"......

*(pil)*

Orakdan egri, okdan dogry.

*(ýylan)*

**SANAWAÇLAR**

*K.Taňrygulyýew*

– Aýterek, Günterek,
– Bizden Size kim gerek?
– Sanap bilse ellini,
Iberäýiň Gellini!

**Öweleme**

Öweleme, döweleme
Ulalypsyň, tüweleme
Öweleme, düweleme
Goşulyber şüweleňe.

Çapak-çapak elleri
Agyrmasyn gollary
Ulalanda gül ekip,
Begendirer illeri.

## NAKYLLAR WE ATALAR SÖZI

Balygyň diriligi suw bilen.
Şemal bolmasa, çöp başy gymyldamaz.
Gyşy gyşlamadygyň, ýazy ýazlamaz.
Dil – gylyçdan ýiti.
Kümüş-gyzylyň könesi bolmaz,
ata-enäniň bahasy.
Ulynyň diýenini etmedik – uwlar.
Köp bil, az sözle.
Müsürde şa bolandan, öz iliňde geda bol.
Adam eli – gyzyl gül
Altyn alma – alkyş al.

**"*R*" sesi** üçin ulanylýan goşgular, matallar, nakyllar we atalar sözi, sanawaçlar, ýaňyltmaçlar.

### GOŞGULAR

*Ý.Pirgulyýew*

**Şar**

Şar bereýin
Oýna, Şaly
Ýaşyly ýok
Gyzyl bary
Çişireňde
Ýarma şary.

**Ogar-ogar**

*Ý.Garaýew*

Akyllyja
Jigim Omar
Gülüp, oýnap
Ogar ogar
Ýadamady
Oýnaberdi
Meň başymy
Aýlaberdi.

**Oýnawaç güjük**

*Ý.Kuşak*

Güjüjegim örän sakdyr
Üýrüp bilýär, sözüm hakdyr
Güjüjegim seni halansoň
Üýrmänjik ýatyr onsoň.

**Ýagyş**

*K.Nurbadow*

Dürtük-dürtük
Nagyş-nagyş
Göýä petir çägeler
Ýagýar-ýagyş
Ýagýar ýagyş
Sorup ýatyr çägeler

**Garganyň aýdymy**

*A.Allanazarow*

Gak-gak, men bir gargajyk
Beriň ýagly çörejik!
Hümmeti zor çöregiň
Tutýar iýsem ýüregim.

**Atym**

Atymy näçe görsem,
Ýene göresim gelýär.

Onuň üstüne münsem,
Menem Görogly bolýan.

**Derek**

*A.Haýydow*

Derek, derek, aý, derek
Munça, boý nämä gerek?

Boýuň çynardan uly
Almadan, nardan uzyn.

**MATALLAR**

*H.Şirow*

Hemmäni bezär, özi lüt gezer
*(iňňe)*

"Arrr!
Meniň sesimi eşiden gorkarrr!"
*(gaplaň)*

"Garrr! Garrr!
Men gygyrsam, gar ýagarrr!"
*(garga)*

"Tarrr!
Ýeri taba gelensoň sürr!"
*(traktor)*

*K.Taňrygulyýew*

Uzakdan görgür
Ýüwrük hem ýörgür
Azar bermeseň,
Uklar ol myr-myr. *(pişik)*

Arkasynda goşa guýruk,
Sürüjiden alyp buýruk
Toga ýapyşyp ýörär
Demir ýürekli
Hemmä gerekli. *(trolleýbus)*

Ýer peşär dörer ýörer
Irden ýatar irden turar,

Öwran-öwran gygyrar-da
Daň atanny habar berer

*(horaz)*

Mesgenleri ýap bolar,
Ýata suwda köp bolar.
Çybyn, çirkeý awlarlar
Elmydam saz söhbetde,
Göwünlerni çaglarlar

*(gurbaga)*

Elim ony göze ýetir
Alys ýeri golaý getir
Oňa belet ýakyn ýat
Awçylara gerek zat

*(dürbi)*

**SANAWAÇLAR**

*K.Taňrygulyýew*

– Aýterek – Günterek,
– Bizden size kim gerek?

– Öýde kömek berýäni
Ýollaň bize Derýany.

**Gak, gak, gargalar**

Gak, gak, gargalar
Agaç başyn dyrmalar.
Sülgünler şaly bişse,
Ýap içinden ýorgalar.

**NAKYLLAR WE ATALAR SÖZI**

Eken orar, eklän görer.
Derdi çeken biler.

Uly başlar, kiçi işlär.
Ir turan işinden dynar.

## ÝAŇYLTMAÇ

Garabogazdan gara bugraly garry Gaýyp gelýär.

**"K" sesini dogry aýtmak** üçin ulanylýan goşgular, matallar, nakyllar we atalar sözi, sanawaçlar, ýaňyltmaçlar.

## GOŞGULAR

### Krokodil

*K.Taňrygulyýew*

Kändigini gör onuň
Agzyndaky çüýüniň,
Pisdigine seret-le
Krokodiliň küýüniň.

### Kömelek

*K.Nurbadow*

Kömelek, kömelek!
Telpegiň misli elek
Bizden gorkup bukulyp
Busup ýatma biderek.

Kömelek, kömelek!
Ak telpegiň tegelek,
Bize seniň özüň däl
Bize telpegiň gerek.

### Agyr ýük

*A.Allanazarow*

Ikilik alan günüm,
Meniň mazam bolmady

Okuwdan soň öýmüze
Dolanasym gelmedi.

Oňa muňa güýmenip,
Ýolda telim oturdym
Agyr eken ikilik
Öýe zordan getirdim.

### Nar

*A.Çaryýew*

Gyzyl donun geýen nar.
Közjagazlar ýygnaýar,
Közjagazlar kämahal
Gyzyl dona sygmaýar.

Ana şonda käbir nar
Darka-darka ýarylýar,
Çalt ýolmasaň olary
Seň paýyňy ary alýar.

### Aýdyşyk

*K.Taňrygulyýew*

– Ak un diý!
– Ak un
– Ekeli gawun!

## SANAWAÇLAR

### Derek

*N.Kaharowa*

Baş derek
Ýaş derek
Pürdemäge
Boý gerek.

*K.Taňrygulyýew*

– Aýterek, Günterek,
– Bizden size kim gerek?
– Ýasap bilse kirpini
Ýollaň bize Kerkini.

**Barmaklaryň sanalyşy**

Başam barmak baş getir,
Süýem barmak süýt getir
Ortam barmak ot getir,
Ogulhajat ok atar
Külem barmak kül atar.

**1-10**

*K.Taňrygulyýew*

Guşda iki ganat bar,
2 kürek gaýykda,
2-ä 2-ni goşsaň,
4 aýak bor keýikde.

Ökdeläp barýas,
Sanamaga biz.
1-den başladyk

Ýetdik 10-a biz
Köpelip barýar,
Bilýän sanymyz.

**KEÝIKOKARA**

*A.Allanazarow*

"Görsün" diýip keýikler,
Çykyp dur ol belende.
Buldy sagyp dolduran
Käseleri elinde.

## MATALLAR

Ýatan wagty göýä ýumak
Endam jany edil törpi
Hany, özüň aýt-da jigim
Ol mekirjäň ady... *(kirpi)*

Bir gaýykda iki ýelken
*(gulak)*

Pyr-pyr eder uçanda
Ganaty bar, gany ýok
Arasynda gök otlaň,
Ol jandaryň sany ýok.
Golaý barsaň uçar ol
Ganatyny açar ol
Ol nämekä, nämekä?
*(kebelek)*

*K.Taňrygulyýew*

Ýörmeläp aňry bakan,
Barýanja zat nämekän?
Tikinçi dälem welin,
Donunda has iňňe kän.
*(kirpi)*

*H.Şirow*

Un eleýän zat,
Torly – tegelek,
Diýýärler onuň
Adyna. . . . . . *(elek)*

Ýüzýär ol suwda
Küregi bar dek

Diýýäs ol guşuň
Adyna ... *(ördek)*

*H.Şirow*

“Mä-mä! Mä-mä!
Çykyp bilýärin tama!”
*(owlak)*

“Gark! Gark! Gark! Gark!
Derýa köle berýärin görk”
*(ördek)*

“Hork! Hork!
Gaharjaň men gork! gork!”
*(ýekegapan)*

Hamyr alyp, berer çörek,
Adyny tiz bilmek gerek.
*(tamdyr)*

Dilip güne goýdular
“Goý” kakasyn! – diýdiler.
Ýüp dek el bilen towlap,
Islän wagty iýdiler.
Gawun eken adamlar
Adyn biler diýdiler
*(kak)*

Gögerer seçek-seçek,
Otamasaň basar peçek,
Doldurar ol atyz käli
Hasyly bar kösük ýaly.

Kemsiz ýetişer güýzde,
Ryýa edmän al gaz-da

Oňa mätäç ýagly palaw,
Bu nämedir, balam bil – ow!
*(käşir)*

## NAKYLLAR WE ATALAR SÖZI

Ekene – bar, ekmedige – ýok.
Ýekäniň çaňy çykmaz.
Her kim ekenini orar.

## ÝAŇYLTMAÇ

Gowaçanyň içini kätmenleseň hem kätmenlemeli, kätmenlemeseňem hem kätmenlemeli.

**"*G*" sesini dogry aýtmak** üçin ulanylýan goşgular, matallar, nakyllar we atalar sözi, sanawaçlar, ýaňyltmaçlar.

## GOŞGULAR

*K.Taňrygulyýew*

Gyýak, gyýak, gyýaklyk
Gyzyl gyýak, gök gyýak
Gyýaklykda kyrk taýak
Kyrk taýakly kyrkaýak.
Gygyl-gygyl gargalar,
Gaýramyzda ýorgalar,
Garga gara garaşar,
"Gak-gak" garga ýaraşar.

### Ala garga

*K.Nurbadow*

*Gak-gak gargalar*
Gara-ak gargalar.
Gara ýeri-garadyr.

Ak ýeri – akdyr.
Gara bilen agy
Goşsaň, täsin atdyr.

Gak, gak gargalar
Gara-ak gargalar
Ol garganyň adyna
Näme garga diýýärler?
"Gara-ak" diýmezler
Ala garga diýerler.

**Batyr towşan**

*A.Allanazarow*

Men möjekden gorkamok
Goý güýçli bolsa bolsun.

Güjük dostum ýanymda
Gelip bilşine gelsin.

**Gazjagaz sapak berýär**

*A.Rahmanow*

Partada otyr
Ençeme çaga
Berýär sapagy
Gazjagaz çaga.

Ga-ga-ga rynja
Ga-ga-ga-rawul
Ga-ga-ga raly
Ga-ga-ga ragol.

Stola urýar,
Ga-ga-ga-lanyn
Geçeris erte.

## Gowaça

*A.Omarowa*

Ýapragym ýaşyl
Sary gülüm bar
Sary, gülümde
Süýji balym bar.

Düwmeden gozam
Altyndan doly
Çagalar gelip,
Ýygarlar meni.

## Güýz

*O.Ýowyýew*

Işläp-işläp,
Gije-gündiz
Miweleri
Bişirdi ol.

Gozalary
Açanam güýz
Bar ýere nur
Seçenem güýz.

## Ýagyş

*A.Atabaýew*

Gök gürleýär gübür-gübür
Gübürdisi dünýä doldy.
Gübür-gübür gübürdiden
Gorkan ýagyş gaçyp geldi.

*K.Taňrygulyýew*

Aşgabagyň giň ýoly
Jan Watanym gül ýaly
Türkmenleriň buýsanjy
Halysy hem gylýaly.

Ýurdumyz giň uludyr,
Bagt bagynyň gülüdir
Bagymyzyň bilbili
Dana Magtymguludyr.

**MATALLAR**

Tes-tegelek gyzyl daş
Jümle älem ondan hoş
*(gün)*

*H.Seýit*

Gyşda ukuçyl ýatar,
Ony oýarar bahar,
Bili ykjam guşalan
Ýoluna ys düşelen
Gyşa çenli ýatmaýar
Galla daşap gatnaýar
Gatnaýar zybyr-zybyr
Jepakeş hem agzybir
Nämekä şunuň ady,
Süýjem halaýan zady
*(garynja)*

*K.Taňrygulyýew*

Biri gider, biri geler
Mydam älem ýagty bolar
Olar her gün dogup ýaşar
Biziň bile salamlaşar.
Kim bilmeşek, matal matdy
Bilmek gezek kime ýetdi?
*(gün bilen aý)*

*H.Şirow*

"Gy-gy-gy-gy! Gy-gy- gy-gy
Turuň, boldy säher çagy"
*(horaz)*

*P.Nurberdiýew*

Ýata bolsun ýa akar,
Içine başşak böker
Çümüp, ýüzüp ýadansoň,
Keýp edip, gyra çykar.

Suwsuz ýerde gezmezek,
Arpa, bugdaý iýmezek,
Saz-söhbetiň içinde
Gyş düşenin duýmazak.
*(gurbaga)*

## NAKYLLAR WE ATALAR SÖZI

Pişige oýun, syçana gözýaş.
Öňüm gelenden, soňum gelsin.
Bu günki işiňi ertä goýma.
Gaharyň aňy bolmaz.
Gowy dost gara günde belli bolar.

## ÝAŇYLTMAÇLAR

***Geldijik gijara gelnejelerinden gaýdyp gelýärkä, gamyşlykda gurruldaýan gurbagany gördi.***

***Gaty-gaty gepleme, çöpi-çöpden çöpleme.***

**"*H*" sesini dogry aýtmak** üçin ulanylýan goşgular, matallar, nakyllar we atalar sözi, sanawaçlar, ýaňyltmaçlar

## GOŞGULAR

### Horazlar

*A.Allanazarow*

Ertir haçan oýansam,
Horazlar meni görýär,
Horazlar işin goýup,
"Eziz" oýandy! diýip,
Bar ýere habar berýär.

**Şeýdip tanyşdym**

Öwrendim her harpy
Aýratynlykda.
Tanyşdym haýsy
Öňümden çyksa,
Her täze tanşymy
Öňkime goşdum
Harplaň bary bilen,
Şeýdip tanyşdym.

**Säher**

*H.Şirow*

Säher bizi oýardy
Dagy-düzi oýardy.
Oýardy tylla güni
Hemmeden ir oýaran
Kimkä onuň özüni?

**SANAWAÇ**

*K.Nurbadow*

Gür başly minara dek,
Ösüp otyr ak derek.
Ak derekde on şaha
Her şahada on pudak
Her pudakda on ýaprak
Ýere gaçdy hemmesi
Gaçyrmanka ýel gelip,
Sana basym gel-de sen.

**MATALLAR**

*A.Mämmedow*

Depesinde şirmaýy
Daragy bar, saçy ýok

Gyzyl sakgaly et dek
Döşden aşak geçenok
Gara daňdan saz eýlär
Haýbatly owaz eýlär.
*(horaz)*

*H.Ataýew*

Eşret gatar, bal gatar,
Durmuşyňa nanyňa
Bedeniňi berkider,
Saglyk goşar janyňa.

Berjaý etseň hormatlap
Ýagar durar bereket
Haýsy ada eýedir
Ol peýdaly bereket?
*(zähmet)*

*P.Nurberdiýew*

Kertik-kertik kekeji bar
Zat çokmaga tikeji bar
Gygyranda ganat kakar
Görüň, göge ýere bakar.

Ýakymlydyr onuň sesi
Ýaňlandyrar beýik pesi
Bu nämedir, ýadyňa sal
Gadym wagtyň sagady ol.
*(horaz)*

**SANAWAÇ**

Hozanak.
Hozanagym hozzullasyn,
Ýagly çörek bereýin.

## NAKYLLAR WE ATALAR SÖZI

Sepilmedik tohum gögermez.
Hoşuň atasy ölmändir.

**Tema boýunça soraglar:**

1. Sesi nädogry aýtmagyň haýsy görnüşleri bar?
2. Ses aýdylyşyndaky kemçilikler haýsylar?
3. Ses düzediş işleri haýsy döwürleri öz içine alýar?
4. “R” sesini düzetmek üçin haýsy artikulýasion maşklar ulanylýar?
5. Sesleri aýyl-saýyl etmek işi nähili ýola goýulýar?

## VI bap. SÖZLEÝŞIŇ UMUMY KEMTERLIGI

**Sözleýşiň umumy kemterligi** (SUK).

5 ýaşa çenli sözleýiş ösüşi kadaly bolan çagalar giňişleýin jümleli, goşma sözlemli sözleýşi arkaýyn ulanyp bilýärler. Olaryň söz baýlygy ýeterlik derejede bolup, sözi ýasamagy we emele getirmegi başarýarlar. Bu ýaşdakylaryň ses aýdyşy kämilleşen bolýar, sözleri ses taýdan seljerip bilýärler.

Ýöne bu ýagdaý hemme çagalarda birmeňzeş bolmaýar. Käbir çagalarda sözleýşiň bu ugurlary (fonetika, leksika, grammatika) saklanan bolýar.

Eşidişi we akyl ýetirişi kadalaýyk bolup, sözleýşiň fonetika, leksika, grammatika ugurlarynyň bozulmagyna sözleýşiň umumy kemterligi diýilýär. Bularyň ses aýdyşy bozulan bolup, sesi eşidişi ýeterlik derejede ösmedik bolýar, sözleri ses taýdan seljermegi başarmaýarlar, söz baýlygy çäklidir we sözleýşiň grammatik taýdan gurluşy bozulandyr. SUK çagalarda hereketiň we duýgularyň, giňişlik düşünjeleriniň kämilleşmegi gijigýär, olaryň ünslüligi pes, durnuksyz bolýar. Ýadyň hemme görnüşleri (görüş, eşidiş, hereket) bozulýar, olaryň oýlanyşykly pikirlenmesi hem beýleki çagalar bilen deňeşdireninde ýeterlik derejede ösmedik bolýar (deňeşdirmekde, seljermekde kynçylyk çekýärler).

Sözleýşiň umumy kemterligi dürli derejede ýüze çykyp bilýär.

SUK-de sözleýiş ösüşiniň 3 sany derejesini tapawutlandyrýarlar.

**SUK-uň 1-inji derejesindäki** çagalar wüjürdi sözlerden, ses meňzetmelerinden, käbir at we işlik sözlerinden peýdalanýarlar, köplenç ümi, hereketi ulanýarlar. Olaryň sözleýşi, esasan-da, bir-iki bogunly sözlerden durýar. Olaryň ses aýdyşy aýdyň bolmaýar, sesi eşidişi ýeterlik derejede ösmedik bolýar. Gündeki durmuşda ulanylýan (aktiw) sözlügi

çäklidir. Olar ses birikmelerini, wüjürdili sözleri birnäçe manyny añlatmak üçin ulanýarlar. Şeýle ýagdaýlar akyl ösüşi yza galan çagalarda-da gabat gelýär. Ýöne olardan tapawutlylykda SUK birinji derejeli çagalaryñ gündeki durmuşda ulanmaýan (passiw) sözlügi beýlekiden (aktiw) agdyklyk edýär. Akyl taýdan yza galan çagalarda munuñ ýaly tapawut ýok. SUK birinji derejeli çagalar gürleşmäge synanyşýarlar we öz sözleýşine tankydy garaýşy bolýar, akyl taýdan yza galanlarda bu ýagdaý bolmaýar.

**SUK-uñ 2-nji derejesinde** jümleleýin sözleýiş ösüp başlaýar. Wüjürdili sözlerden, ümi ulanmaklykdan başga-da, gündeki durmuşda ulanylýan sözler sözleýişde peýda bolýar, ýöne bu sözler ýoýulyp aýdylyp hem bilner. Çagalar sözleriñ manysyna düşünmekde kynçylyk çekýärler (düşüm, san goşulmalaryna düşünmeýärler), sözleri umumylaşdyrmak pes derejede bolýar. Daşky sypaty boýunça meñzeş bolan birnäçe predmetler şol bir söz bilen atlandyrylýar (garynja, siñek, möý, tomzak). Dogry ses aýdyşy sözleýşi kadalaýyk çagalaryñkydan yza galýar (ysgalañly, süýkeş, sonorly, açyk-dymyk sesleriñ aýdylyşy bozulan); sesleriñ, bogunlaryñ ýeri çalşyrylýar. Sesiñ aýratynlykda aýdylyşy bilen sözleýişde aýdylyşy deñ gelmeýär. Sesi eşidişi ýeterlik derejede ösmedik bolýar. Ýörite düzediş işiniñ geçirilmegi netijesinde SUK-uñ 3-nji derejesine geçilýär.

**SUK-uñ 3-nji derejesinde** jümleleýin sözleýiş ýaýrañ görnüşde bolsa-da, leksik-grammatiki we fonetik-fonematiki bozulmalar gabat gelýär. Bu çagalar ata-eneleri, terbiýeçisi ýanynda bolanda daş-töwerekdäkiler bilen aragatnaşykda bolýar (gürleşýär). Özbaşdak sözleýiş bulara kyn düşýär. Aýratynlykda dogry aýdýan seslerini sözleýişde başga ses bilen çalyşýar. Şeýle bolsa-da bu çagalar eýýäm söz toparlarynyñ hemmesini ýönekeý grammatiki gurluşy ulanyp bilýärler. Özlerine tanyş bolan predmetleri, hereketi, alamaty atlandyrmakda känbir kynçylyk çekip durmaýarlar. Olar öz maşgalasy, özi, ýoldaşlary, daş-töwerekdäki wakalar barada arkaýyn gürrüñ edýärler. Ýöne olaryñ sözleýşi hemmetaraplaýyn öwrenilende, sözleýişde kemçilikleriñ bardygy ýüze çykýar:

– kyn sözleri ulanmakdan daşda durýarlar. Eger-de şol sözleri ulanmaklyk tabşyrylanda, grammatiki taýdan ýalñyşlyk goýberýärler;

– sözleýişde ýaýrañ jümlelerden peýdalansalar-da, özbaşdak düzenlerinde kynçylyk çekýärler;

– sözlemde kä halatlarda grammatiki taýdan ýalňyşlyklara duşulýar, käsinde duşulmaýar;

– goşma sözlemleri düzenlerinde ýalňyşlyk goýberýärler;

– sözleýişde sypatlary, hallary az ulanýarlar;

– täze sözleri emele getirenlerinde ýalňyşlyk goýberýärler (topjagaz – "topjyk");

– atlary san boýunça nädogry üýtgedýärler (gurjaklar – "köp gurjak");

– ses aýdyşynda "sigmatizm, rotasizm, lambdasizm" gabat gelýär.

Bular sözi ses taýdan seljermekde-de kynçylyk çekýärler.

### Çaganyň sözleýiş dilini barlamak

Sözleýiş dilini barlamaklyk şulary öz içine alýar: baglanyşykly sözleýiş endigini ýüze çykarmak; gündelik durmuşda ulanylýan we ulanylmaýan sözleriň möçberi; sözleýşiň grammatik gurluşynyň ýagdaýy; ses aýdyşynyň, sesi eşidişiniň we kabul edişiniň ýagdaýy. Barlagy oýun görnüşinde geçirmeli.

Sözleýiş dilinuň her bir ugruny diňe bir barlaman, eýsem bozulmanyň görnüşini kadaly sözleýiş bilen deňeşdirmeli.

Barlag wagty çaganyň eşidişi, akyl ýetirişi, irki sözleýşi (ilkinji sözler, sözlemler, jümleler haçan ýüze çykdy) baradaky maglumaty bilmeli.

Ata-eneler bilen gürrüňdeşlik geçirilende çaganyň haýsy maşgalada terbiýelenýändigini, nähili terbiýe alýandygyny, sözleýiş ösüşinde näme biynjalyk edýändigini bilmeli.

Dil düzediş mugallymy çaga bilen gürrüň geçirende onuň sözleýşine üns berýär. Çaganyň ýaşyna, ukybyna görä soraglar berilýär. Çaganyň söhbetdeşlige nähili goşulýandygy (çalt, haýal), sözleýşiniň ýagdaýy (diňe sözleri ulanýarmy ýa-da sözlem bilen jogap berýär), sözleýşiň grammatik gurluşy, söz baýlygy, ses aýdyşy anyklanylýar.

Söz baýlygy anyklanylanda diňe bir haýsy söz toparlaryndan (at, sypat, işlik we ş.m.) peýdalanýandygy barlanylman, eýsem olaryň özbaşdak sözleýişde ulanylyşyna hem üns berilýär. Sözleýşiň grammatik gurluşy barlanylanda atlaryň düşüm, san, ýöňkeme boýunça üýtgeýşi; täze sözleriň emele gelşi; sözleriň baglanyşygy barlanylýar.

Atlaryň san boýunça üýtgeýşi "Bir-köp" oýnunyň üsti bilen barlanylýar. Dil düzediş mugallymy (terbiýeçi) predmetleri birlik sanda aýdýar, çaga predmeti köplük sanda aýdýar (şar-şarlar, gurjak-gurjaklar...). Atlaryň kemlik-söýgülilik derejede gelşi üçin "Mähirlije aýt" oýny geçirilýär. Dil düzediş mugallymy (terbiýeçi) uly göwrümli predmetiň adyny aýdýar, çaga bolsa kiçi göwrümdäki predmeti atlandyrýar (at-atjagaz, tilki-tilkijik...).

Çaganyň baglanyşykly sözleýşi barlanylanda suratlardan (mazmunly, suratlar toplumy) peýdalanylýar. Çaga surat boýunça hekaýa düzýär. Çaga kynçylyk çekse, ugrukdyryjy soraglar berilýär ýa-da nusga hökmünde hekaýa aýdylýar, çaga gaýtalaýar.

## SUK bolan çagalar bilen geçirilýän düzediş işleri

SUK-uň birinji derejesine degişli bolan çagalar bilen düzediş işleri geçirilende şular göz öňünde tutulýar:

1. Sözleýşe düşünmekligini ösdürmek.
2. Öýkünme arkaly ses birikmelerini, bogunlary, sözleri gaýtalamagy ösdürmek.
3. Ünslüligini, ýatkeşligini ösdürmek.

Bu çagalar bilen ilki bilen oňat aragatnaşygy ýola goýmaly, çagada oýna goşulmak islegini döretmeli. Esasy mesele sesi goýmak, dogry aýdylýan sözleri ýat tutmak bolman, eýsem çaganyň söz baýlygyny artdyrmak (çaganyň aýdyş ukybyna görä) we ýönekeýje grammatik formalary özleşdirmek hem-de öwrenilen sözlerini sözlemde ulanmakdyr.

SUK ikinji derejesi bolan çagalar diňe bir soraglara jogap bermän, eýsem özleri hem bir-birlerine sorag bermegi başarmalydyrlar. Çagalara söz düzümlerini, sözlemleri ulanmak arkaly surat boýunça hekaýa düzmeklik öwredilýär. Olar predmetleri deňeşdirmegi (reňki, şekili, göwrümi we ş.m.) öwrenýärler.

SUK üçünji derejesi bolan çagalar bilen baglanyşykly sözleýşiň üstünde işlemeklik dowam etdirilýär; dogry ses aýdyşy kämilleşdirmek; sesi kabul edişini ösdürmek; sowata taýýarlyk işleri alnyp barylýar. Bu çagalar sözleýişde goşma sözlemlerden peýdalanýarlar. Sözleýşiň grammatik gurluşy kämilleşýär (täze sözleri emele getirmek, sözleri üýtgetmek).

**Tema boýunça soraglar:**

1. SUK diýip nämä aýdylýar?
2. SUK-uň birinji derejesindäki çagalaryň sözleýiş ösüşiniň aýratynlygy nämeden ybarat?
3. SUK-uň ikinji derejesiniň üçünji derejeden tapawudy nähili?
4. Çaganyň sözleýiş dilini barlamaklyk nämeleri öz içine alýar?
5. SUK bolan çagalar bilen geçirilýän düzediş işleri nämeleri göz öňünde tutýar?

## VII bap. SÖZLEÝIŞ DEPGINININ WE SAZLAŞYGYNYŇ BOZULMAGY. SAKAWLAMA

Dilden sözleýişde depginiň çalt ýa-da haýal bolmagy – bu hem sözleýşiň labyzlylyk usulynyň biridir. Sözleýiş depginini haýallatmak bilen adamlar öz aýdýan zatlarynda iň wajybyny görkezmekçi bolýarlar. Onuň tersine käbir jümleleri çalt aýtmak bilen olaryň goşmaça habardygyny bildirýärler. Munda sesleriň nädogry aýdylyşy ýüze çykmaýar, bu kadalaýyk bolýar. Eger-de bir sekuntda 9-14 ses aýdylýan bolsa – bu sözleýişdäki kadaly depgin bolýar. Sözleýşiň kadaly depgini üçin kelle beýnisindäki syzyşyň we saklanmanyň sazlaşykly işlemegi zerurdyr.

Dürli sebäplere görä mekdebe çenli çagalaryň käbiri has çalt ýa-da haýal gürleýär. Bu sözleýiş depgininiň bozulmagy bilen bolýar.

**Tahilaliýa** – sözleýşiň depgininiň çalt bolmagy. Tahilaliýada bir sekuntda 20-30 ses aýdylýar (kadada 9-14 bolmaly). Munuň ýaly çalt aýdylýan sözleýiş ses aýdylyşy bozulan bolmasa-da düşnüksiz bolýar. Ýöne köplenç çalt gürlenende bogunlaryň gaýtalanmagy ýa-da goýberilmegi, sesleriň käte sözleriň ýoýulmagy bolýar. Gürleýän çaga bu kemçilikleri duýmaýar, ol gürrüňdeşini diňlemän ilki bilen özi aýtmaga howlugýar. Kämahal çalt gürlemeklik eliň, aýagyň, bütin göwräniň hereket etmegi bilen bilelikde bolup geçýär.

Tahilaliýa, esasan hem, durnuksyz çagalarda ýüze çykýar. Bu daşky we içki sözleýiş depgininiň bozulmagy sebäpli bolýar. Tahilaliýanyň nesil ýzarlaýandygy hem ylmy taýdan subut edilen. Çalt sözleýşiň ýene-de bir sebäbi, çaganyň daş-töwerekdäkileriň sözleýşine öýkünip gürlemegi, nädogry terbiýe almagy. Çalt sözleýiş daşyndan göreniňde sakawlama hem meňzeýär, ýöne ondan tapawutlylykda bedeniň sandyramagy ýokdur. Çalt gürlemekligiň sakawlamakdan tapawudy şulardan ybarat:

| Sakawlamada: | Çalt sözleýişde: |
|---|---|
| 1. Sözeýiş wagty gep agzalarynda sandyramanyň bolmagy. | 1. Sandyrama ýok. |
| 2. Gorkynyň bolmagy. | 2. Gorky ýok. |
| 3. Sakawlamanyň ýagdaýynyň üýtgäp durmagy (gowulaşmagy – beterleşmegi). | 3. Kemçiligiň ýagdaýynyň üýtgäp durmagy ýüze çykmaýar. |
| 4. Ýat adamlaryň ýanynda sözleýşi beterleşýär, tanyş adamlaryň ýanynda sözleýşi gowulaşýar. | 4. Munda tersine bolup geçýär. |

Çalt sözleýşi düzetmeklikde hemmetaraplaýyn usuly peýdalanýarlar. Olar şulardan ybaratdyr:

1. Lukmançylyk (däri-dermanlaryň, fizioterapiýanyň kömegi bilen nerw ulgamyny berkitmek).

2. Dil düzediş sapaklary (sözleýiş depginini kadalaşdyrmak; ünslüligini, oýlanyşykly sözleýşi ösdürmek, sözleýşiň sazlaşygyny kadalaşdyrmak).

3. Ýörite bedeni bejeriş işi.

4. Sazlaşykly hereket.

Sapaklarda çagalar haýal, asuda, birsydyrgyn gürlemegi öwrenýärler (ilki haýal depginde gürläp, soň kadalaýyk depginde, labyzly gürlemeklik öwredilýär).

Çagalar sazlaşykly hereketde haýal çalynýan sazyň astynda goşgy, sözlem aýdýarlar, ellerini hereket etdirýärler we ş.m. Bu çagalaryň oýlanyşykly sözleýşini ösdürmek üçin çaga meýilnama boýunça hekaýa düzmek tabşyrylýar. Dil düzediş mugallymy her bir jümläni başlaýar, çagalar gezekli-gezegine dowam etdirýärler. Bu bolsa diňe bir oýlanyşykly sözleýşi ösdürmän, eýsem haýal gürlemeklige türgenleşdirýär. Tahilaliýa aradan aýrylandan soň hem çaganyň sözleýşine üns bermeli. Eger-de bir ýylyň dowamynda sözleýiş ösüşinde kemçilik ýüze çykmadyk bolsa, onda tahilaliýanyň aradan aýryldygydyr.

**Bradilaliýa** – sözleýşiň depgininiň haýal bolmagy. Çaga sözdäki çekimli sesleri has çekip aýdýar. Haýal sözleýiş diňe bir daşky sözleýişde ýüze çykman, eýsem içki sözleýişde hem ýüze çykýar. Haýal sözleýiş, köplenç, akyl taýdan yza galan çagalarda duş gelýär.

Daş-töwerekdäkileriň haýal gepleýän çagalara bolan nädogry garaýyşlary çaganyň düýbünden geplemezligine eltip, olaryň sözleýiş, akyl ösüşiniň saklanmagyna eltýär.

Bradilaliýa kelle beýnisinde saklanmanyň güýjemegi sebäpli bolýar. Haýal gürlemeklik nesilden-nesle geçmek arkaly hem bolup biler. Çaganyň daş-töwerekdäkileriň sözleýşine öýkünip gürlemegi, nädogry terbiýe almagy haýal gürlemekligiň sebäpleriniň biridir.

Haýal sözleýşi düzetmeklikde hemmetaraplaýyn usuly peýdalanýarlar. Olar şulardan ybaratdyr:

5. Lukmançylyk (däri-dermanlaryň, fizioterapiýanyň kömegi bilen nerw ulgamyny berkitmek).

6. Dil düzediş sapaklary (sözleýiş depginini kadalaşdyrmak).

7. Ýörite bedeni bejeriş işi.

8. Sazlaşykly hereket (sözleýiş bilen baglanyşykly sazly hereketler, saza laýyklykda çalt ýöremek, ylgamak; saza görä (çalt-haýal) hereketi üýtgedip durmak).

Şeýlelikde, sözleýiş depgininiň bozulmagynyň öňüni almak üçin çaganyň nerw ulgamynyň sagdyn ösmegi, daş-töwerekdäkileriň çaga bolan gatnaşygynyň dogry ýola goýulmagy, terbiýeçiniň we ata-eneleriň sözleýşiniň aýdyň, kadalaýyk bolmagy zerurdyr.

**Sakawlama** – sözleýiş apparatynyň sandyramagy esasynda sözleýiş depgininiň we sazlaşygynyň bozulmagy. Çaganyň sakawlamasynda biz onuň sözleýşinde mejbury saklanmagyna ýa-da aýratyn sesleriň we bogunlaryň gaýtalanmagyna duş gelýäris. Sakawlama, köplenç, nerw ulgamy gowşak bolan iki-bäş ýaş aralygyndaky çagalarda duş gelýär. Çaga wagtynda kömek etmek üçin sakawlamanyň ilkinji alamatlaryny bilmeklik örän wajypdyr: sözleriň öňünde artykmaç sesleriň (a, i) ulanylmagy; jümläniň başynda birinji bogunlaryň ýa-da bütin sözleriň gaýtalanmagy; sözüň, jümläniň ortasynda mejbury saklanmagy; sözleýşiň öňündäki kynçylyklar (başlap bilmezligi). Çaga sakawlan wagtynda onuň dodagynyň, diliniň, boýnunyň myşsalaryna agram düşmegi sakawlamanyň güýjemegine eltýär.

Sakawlamanyň döremeginiň sebäbi **merkezi nerw ulgamynyň gowşaklygy** bolup durýar. Sakawlamanyň döremeginiň sebäpleri dürli hili bolup bilýär. Käwagtlar ol birnäçe **ýokanç kesellerden soň** (esasan-da,

gyzamyk, hörezek, gökbogma we ş.m.), bedeniň gowşak wagty ýüze çykýar. Köplenç, sakawlama **gorkudan** soň ýa-da töweregini gurşap alýan **adamlaryň çaga bolan hemişe adalatsyz, gödek gatnaşygy** netijesinde ýüze çykýar. Esasan-da, biynjalyk häsiýetli çagalarda gorky duýgusy aňsatlyk bilen döräp bilýär. Bu gorkular çaga gorkuzylanda, gorkunç mazmunly kitaplar okalanda ýa-da filmlere tomaşa edilende we ş.m. döräp bilýär. Köplenç çagalar garaňkylykda galmakdan gorkýarlar we uklaýançalar çyrany öçürmezligi haýyş edýärler, otagda ýeke galmakdan, garaňky koridordan ýeke geçip gitmekden gorkýarlar.

**Durmuş şertleriniň** birden erbet tarapa üýtgemegi hem sakawlama getirip bilýär. **Sözleýşi ir ösen** çagalaryň sakawlamasy hem az duş gelenok, olaryň ata-eneleri has köp goşgy, erteki okap berip, "gürrüň edip ber", "gaýtala" ýaly haýyşlar bilen ýüzleňýärler.

Kä halatlarda sakawlama çaganyň golaýyndaky sakawlaýan adamlara **öýkünmegi** sebäpli hem bolýar. Çaganyň **has çalt gürlemegi-de** sakawlama eltip biler, ýagny çaga howlugyp, öz pikirini çalt aýtjak bolup käbir seslerde ýalňyşýar, soň bolsa sakawlap başlaýar.

**Ikidilli maşgalalarda** terbiýelenýän çagalar hem sakawlama howpuna golaý bolýarlar.

**Çepbekeý** çagany mejbur edip, sag elinde işletmek sakawlamagyň döremegine getirýän sebäpleriň biridir.

Sakawlamanyň daşky alamatlarynyň biri sözleýişdäki dem alşyň bozulmagy – dem alşyň depgininiň we sazlaşygynyň bozulmagy (howa akymynyň çykarylanda gysga bolmagy).

Sakynmaklyk, esasan-da, dymyk (köplenç, "p, t, k"), açyk çekimsiz sesleriň beýleki çekimsiz sesler bilen gelmeginde ýüze çykýar. Şeýle-de ýaýraň, grammatik taýdan çylşyrymly sözlemlerde bolup biler.

Sakynmaklygyň döremegine sözüň gurluşynyň sazlaşygy hem täsir edýär. Sakynmaklyk, köplenç, basymdan öňki we basymly bogunlarda duşýar, basymdan soňky bogunlarda bolsa gabat gelmeýär diýen ýaly, has hem sözüň ýa-da jümläniň birinji bognunda emele gelýär.

Sakawlamany emele getirýän bu alamatlar durnuksyz we üýtgeýändir. Ýörite düzediş işleri geçirilmese sakawlama güýjäp bilýär. Çaga öz-özi, oýnawaçlary, özüni asuda duýýan adamlary bilen gürleşende känbir sakawlamaýar, emma az tanaýan ýa-da çaganyň gorkýan, utanýan adamlaryň öz ýanynda bolmagy sakawlamanyň güýjemegine sebäp bolýar.

Şeýle-de sözleýşiň ýagdaýy umumy beden we duýgy esasy bilen berk baglanyşykly. Ýagny sakawlama çaganyň ýarawsyzlyk ýadan hereketli oýunlardan soň köşeşip bilmedik wagty güýjäp bilýär. Mundan başga-da, sakawlamanyň ýüze çykmagy howa şertleri, pasyl (esasan-da, ýaz, güýz aýlary beterleşýär), durmuş şertleri, iýmit bilen hem bagly bolup bilýär.

Sakawlamany aradan aýyrmak kyn bolmak bilen çaganyň **aňyna ýaramaz** täsir edýär we onuň dogry ösüşiniň saklanmagyna sebäp bolýar, çaganyň daş-töwerekdäkiler bilen bolan aragatnaşygyny kynlaşdyrýar (esasan-da, çagalaryň arasynda). Sakawlama çaganyň gylyk-häsiýetine-de täsir edýär. Bu çagalar ynjyk, gorkak, gaharjaň bolýarlar. Daş-töwerekdäkiler bilen gürleşip bilmänsoňlar dymmaga başlaýarlar, köp zatlary üm (eli) bilen düşündirmäge synanyşýarlar. Töweregindäkileriň oňa düşünmeýändigine gynanýarlar we köpçülikden çetleşip başlaýarlar. Olaryň ukusy, işdäsi bozulýar.

Sözleýiş apparatynda emele gelýän sandyramanyň görnüşine laýyklykda sakawlamanyň üç görnüşini tapawutlandyrýarlar: **klonik, tonik, garyşyk**.

Klonik sakawlamanyň ýeňil görnüşi bolup, onda sesler ýa-da bogunlar gaýtalanýar (m-m-m-maşyn, ga-ra-ra-ra-ly).

Tonik sakawlamanyň agyr görnüşi bolup, çaga sözüň başynda ýa-da ortasynda uzak wagtlap saklanyp aýdýar (k...itap, ga...lam).

Sakawlamanyň garyşyk görnüşi klonik-toniki ýa-da tonik-klonik bolýar. Bu ýagdaýda çaga bir ýagdaýda sesleri, bogunlary gaýtalaýar, beýleki ýagdaýda bolsa sözüň başynda, ortasynda uzak wagtlap saklanyp durýar.

Sakawlamanyň üç derejesini tapawutlandyrýarlar: **ýeňil, orta we agyr.** Sakawlamanyň ýeňil derejesi känbir ýüze çykyp durmaýar. Agyr görnüşinde sakawlamaklyk artykmaç hereketler bilen bile ýüze çykýar (gözüni ýummagy, gyrpmagy; kellesini öňe-yza etmegi; aýagyny tarpyldatmagy we ş.m.).

Çagalaryň sakawlamasyny aradan aýyrmaklyk hemmetaraplaýyn çemeleşmäni talap edýär, sebäbi bu sözleýiş bozulmasy birnäçe biologik, şeýle hem aň we durmuş şertleri bilen baglanyşyklydyr.

Sakawlamany ýeňip geçmegiň hemmetaraplaýyn çemeleşmesi sözleýşiň ähli taraplarynyň, hereketiň, aňyň kadalaşmagyna, sakawlaýanyň şahsyýetiniň terbiýesine we bedeniň bütinleý bejerilmegine gönükdirilen düzediş-mugallymçylyk we bejeriş-sagaldyş işleriniň bilelikdäki işini göz öňünde tutýar. Lukmanyň, dil düzediş mugallymynyň, psihonewrologyň, terbiýeçiniň, saz mugallymynyň bilelikdäki işi hökmandyr.

Sakawlamany aradan aýyrmagyň hemmetaraplaýyn usuly şu aşakdakylary öz içine alýar:

1. Lukmançylyk bejeriş – däri-dermanlar we fizioterapiýa arkaly nerw ulgamynyň işini kadalaşdyrmak.

2. Psihoterapewtik bejeriş – çaganyň sakawlaman gürlejekdigine ynam döretmek.

3. Dil düzediş sapaklary hemişe yzygiderli geçirilip durulýar. Dil düzediş mugallymy çaganyň sözleýişde kadaly dem almasyny türgenleşdirmek, myşsalary gowşatmak üçin maşklary belli bir yzygiderlilikde geçirip durýar.

4. Sazlaşykly hereket. Oýunlaryň, maşklaryň saz bilen ýa-da çagalaryň sözleýşi bilen baglanyşdyrylmagy.

5. Daş-töwerekdäkileriň çaga edýän täsiri. Mugallymlar, terbiýeçiler, ata-eneler çagada özüne bolan ynamy döretmeli, ýagny sakawlaman gürlejekdigini aýdyp, olaryň üstünliklerini belläp durmaly. Daş-töwerekdäkileriň (mugallymyň, terbiýeçiniň, ata-eneleriň) sözleýşi hem sakawlama täsir edýär. Çaga kadalaýyk bolan sözleýşi eşitmelidir.

Düzediş işiniň esasy maksady – sakawlamany aradan aýyrmak, durnukly, birsydyrgyn akymly sözleýşi gazanmakdyr. Sakawlamany bejermekden öňüni almak ýeňildir.

**Sakawlamanyň öňüni almakda** üç sany esasy ugurlar öňe sürülýär:

1) çagalarda sakawlamanyň ýüze çykmagyny duýdurmak;

2) sakawlamanyň gaýtalanýandygyny duýdurmak;

3) durmuş uýgunlaşmasynyň bozulmagyny duýdurmak.

Çagalarda sakawlamanyň ýüze çykmagyny duýdurmak ata-eneleriň we çagalar edaralarynyň işgärleriniň arasynda düşündiriş işleriniň alnyp barlyşy bilen baglydyr.

Sakawlamanyň ýüze çykmagynda çaganyň sözleýiş ösüşiniň aýratynlyklarynyň, maşgalanyň içindäki aragatnaşyklaryň we ş.m. uly

täsiriniň bardygy sebäpli ata-eneleriň, terbiýeçileriň we çaganyň ýakyn hossarlarynyň sözleýiş ösüşiniň kanunalaýyklyklary barada we sözleýiş kemçiliginiň ýüze çykmagyna getirip biljek şertler barada köp zatlary bilmekleri zerurdyr.

Terbiýeçi sakawlaýan çaganyň ata-enesi bilen gürrüňdeşlik geçirmek bilen bir hatarda şu maglumatlary bilmeli:

1) çaganyň sözleýiş ösüşi nähili geçdi?

2) sakawlama haçan we nähili ýagdaýda ýüze çykdy?

3) ata-eneleriň we çaganyň daş-töweregindäkileriň sözleýşiniň ýagdaýy;

4) maşgalada çaga berilýän terbiýe;

5) çaganyň saglygynyň ýagdaýy, onuň maşgalada we çagalar bagyndaky gylyk-häsiýeti;

6) sakawlamanyň döremegi bilen çaganyň gylyk-häsiýeti üýtgedimi?

Terbiýeçi çaga bilen gürrüňdeş bolmak bilen sakawlamanyň görnüşini, dem alşynyň ýagdaýyny, söz baýlygynyň, ses aýdyşynyň aýratynlygyny, sözleýşiň grammatik gurluşynyň ýagdaýyny kesgitleýär. Şeýle-de çaganyň sözleýşi hereket bilen baglanyşdyrmasyna-da üns berýär.

Terbiýeçi ata-eneler bilen gürrüňdeş bolanda olaryň ünsüni şu aşakdakylara çekmeli:

– öýde çaganyň ýaşyna laýyk gelmeýän kitaplary kän okamazlyk. Gijesine gorkuly ertekileri okamaklyk çagada gorky döredip biler;

– telewizoryň öňünde uzak wagtlap oturmazlyk, ýaşyna gabat gelmeýän teleýaýlymlary görmezlik (esasan-da, ýatmazyndan öň);

– çagany has beter lälik saklap, bar isleglerini ýerine ýetirmeli däl. Çagalar bagynda, maşgalada çagadan edilýän talap birmeňzeş we ýaşyna görä bolmaly;

– gün tertibiniň berjaý edilişi (wagtynda ýatyp-turmak, ukynyň uzak bolmagy, köpräk arassa howada bolmagy), iýmitlenişi talabalaýyk bolmaly (esasan-da, keselden sagalan wagty);

– Maşgalada sakawlaýan adamynyň bolmagy çaganyň ösüp barýan sözleýşi üçin zyýanly täsirini ýetirmegi mümkin. Ilkinji nobatda sakawlaýan adam bilen çaganyň, esasan-da, onuň jümleleýin sözleýşiniň kämilleşýän döwründe sözleýiş gatnaşygyny çäklendirmek maslahat berilmelidir. Olaryň sözleýiş gatnaşygy diňe sözleýşiň sakawlaýan adamynyň sakawlamasy ýüze

çykmaýan görnüşinde amala aşyrylyp bilner (mysal üçin, goşgy okamak, sada sorag-jogap gepleşigi).

– çagany gorkuzmazlyk. Mekdebe çenli ýaşly çagalarda, esasan-da, biynjalyk häsiýetli çagalarda gorky duýgusy aňsatlyk bilen döräp bilýär. Bu gorkular çaga gorkuzylanda, gorkunç mazmunly kitaplar okalanda ýa-da filmlere tomaşa edilende we ş.m. döräp bilýär. Köplenç çagalar garaňkylykda galmakdan gorkýarlar we uklaýançalar çyrany öçürmezligi haýyş edýärler, otagda ýeke galmakdan, garaňky koridordan ýeke geçip gitmekden gorkýarlar. Şeýle ýagdaýlarda çagalara mert bolmagy, garaňky otagda hökman ýeke galmagyny talap etmek ýalňyşdyr, ýagny beýle edilende gorky has güýçlenýär we çaganyň ýadynda uzak wagtlap galyp bilýär. Çaga uklaýança çyrany pessejik ýakyp, onuň ýanynda oturmalydyr. Ata-enäniň dogry hereket etmeginde, çaganyň gorkusy kem-kemden ýitip gidýär. Eger-de ýüze çykan gorkular uzak watlap dowam edýän bolsa, onda psihonewrolog lukmana ýüz tutmak gerek.

– Iki dilli maşgalada sözleýşi kämilleşýän çaga üçin aýratyn şertler döredilmelidir. Sözleýşiň ösýän döwründe çagalaryň nerw ulgamy birneme dartgynly bolýar. Bir wagtyň içinde iki dil ulgamy kämilleşýän ýagdaýynda dartgynlylyk has-da artýar. Köplenç, şeýle ýagdaýlarda sözleýiş kemçilikleriniň alamatlary ýa-da kadadan çykmalar ýüze çykýar. Käbir ýagdaýlarda bu çaganyň ulanýan dil ulgamlarynyň ikisiniňem ösüşiniň yza galaklygy, çaganyň ýaşyna gabat gelmeýän az söz baýlygy, grammatiki gurluşyň kämilleşmeginiň saklanmagy, bir jümle düzülende dürli dilleriň sözleriniň ulanylmagy bolup geçýär. Beýle ýagdaýda sakawlama ýüze çykyp bilýär. Sözleýiş kemçiliginiň ösüşiniň öňüni almak üçin ilki bilen bir dil ulgamynyň (ene diliniň) leksik-grammatik binýadyny kämilleşdirmek üçin şertleri döretmek zerurdyr. Bu bolsa kada laýyklykda çaga 4 ýaşanda emele gelýär. 4 ýaşdan soň çaganyň artikulýasion apparaty berkeýär. Şundan soň (4-5 ýaşda) ene dilinden beýleki dil ulgamynyň özleşdirilmegi sözleýiş ösüşiniň kemçiliklerine getirmeýär, çaga ikinji dili doly öwrenip bilýär.

1 ýaşdan 6-7 ýaşa çenli çagalar üçin ata-enesiniň sözleýşi nusgalyk bolup duryandygyna üns bermelidir. Ata-eneleriň sözleýiş tertibiniň umumy düzgünleri aşakdakylardan ybarat:

– sözleýiş ýeterlik derejede sypaýy, mazmunly, depgini boýunça aramlyk bolmaly;

– ata-enäniň sözleýşi mümkin boldugyça dürs, düşnükli bolmaly;

– çagalar bilen olaryň wüjürdi dilinde gürleşmeli däl ýa-da sesiň aýdylyşyny ýoýmaly däl;

– ulularyň sözleýşinde çaga üçin aýtmasy kyn sözler köp bolmaly däl;

– ulular çaga bilen gepleşende leksiki we grammatiki taýdan çylşyrymly söz düzümlerini sözleri sözleýşine goşmaly däl, jümleler gurluşy boýunça ýeterlik derejede ýönekeý bolmalydyr;

– çaga bilen gepleşilende oňa diňe anyk soraglary bermeli, jogabyny howlukdyrmaly däl.

– sözleýşindäki ýalňyşlyklar üçin çaga käýýemeli, ýaňsylamaly däl ýa-da gaharly ýagdaýda düzetmeli däl.

Terbiýeçi sakawlaýan çaganyň ata-enesi bilen hemişe aragatnaşyk saklap durmaly, sakawlamanyň sebäbini bilip, ony aradan aýyrmaga synanyşmaly, bu çagalara aýratyn üns bermeli. Bu çagalar bilen aýdyň dilde howlukman gürleşmeli. Sakawlaýan çaganyň oňat gürleýän çaga bilen dostlaşmagyna kömek etmeli. Sebäbi sakaw çaga şoňa öýkünip dogry gürlemäge çalyşýar. Bu çagalary köpçülikleýin oýnalýan oýunlara goşmak has-da amatlydyr.

Sapakda sakaw çagalardan birinji bilen soramaly däl. Dogry jogap berlenden soň, bu çagalardan sorasa bolýar. Eger-de çaga gürlände kynçylyk çekse, terbiýeçi oňa kömek etmeli.

Sakawlamany aradan aýyrmakda saz sapaklarynyň ähmiýeti örän uludyr (howa akymyny, sözleýşiň depginini sazlaşdyrýar). Baýramçylyklarda, ertirliklerde sakaw çaganyň beýleki çagalar bilen bilelikde aýdym aýtmagyny gazanmaly.

Mekdebe çenli ýaşda çagalaryň köpüsinde haýsy-da bolsa bir eliň has işjeňligini ýüze çykarmak kyn bolýar. Çagalar öz hereketlerinde kä sag, käte çep ellerini arkaýyn ulanyp bilýärler. Esasan hem, çepbekeý çagalara üns bermeli. Çaganyň nerw ulgamy gowşak bolup, çalt depginde gürleýän bolsa, sözleýiş wagty käbir sesleri gaýtalap durýan bolsa, howa akymy çykanda gürlenýän bolsa, onda çepbekeý çagany sag elde işlemeklige mejbur etmeli däl. Eger-de çaganyň sözleýşi kadalaýyk bolup, nerw ulgamynda gowşaklyk ýüze çykmasa, onda ýuwaş-ýuwaşdan sag elde işlemekligi ýola goýmaly. Şeýle ýagdaýlarda çaganyň sag elini has

işjeňleşdirmek üçin işi gurnamak maslahat berilýär. Nahardan öň çemçäni (suratdan öň galamy) yzygider, ýöne şol bir wagtyň özünde zorluk salmazdan sag eline bermeli. Gezelenç döwründe çaganyň sag elinden tutmaga çalyşmaly. Eger-de çaga bu çärelere garamazdan çep elini ulanmagy tutanýerli dowam edýän bolsa, onda çaga çep elini ulanmagy gadagan etmeli däl. Mälim bolşy ýaly, çepbekeý çagalar durnuksyz, biynjalykly bolup, olaryň merkezi nerw ulgamynyň uýgunlaşmasy pes derejede bolýar. Şeýle çagalar üçin maşgala gatnaşyklarynda durnuklylyk has-da wajypdyr. Daş-töweregiň ýagdaýynyň düýpli üýtgemegi bolsa zyýanlydyr (mysal üçin: çagany öňünden taýýarlamazdan çagalar bagyna ýerleşdirmek, uzak wagtlap ejesiniň öýde bolmazlygy we ş.m.).

Çagalara ýaşlaryna görä goşguly tekstleri okap bermek peýdalydyr. Çagalar olary aňsatlyk bilen ýatlaýarlar, sazlaşykly sözleýiş bolsa dogry sözleýiş hereketiniň berkemegine ýardam edýär.

Çagalar bilen sapaklar belli bir yzygiderlilikde geçirilýär: ilki bilen ýeňil maşklar geçilip, soňra çylşyrymlaşdyrylýar. Sakaw çagalar bilen alnyp barylýan işleri üç döwre bölse bolýar.

**Birinji döwürde** çaga bilen geçirilýän maşklar, oýunlar dil düzediş mugallymy, terbiýeçi bilen bilelikde ýerine ýetirilýär. Çaganyň howlukman, sazlaşykly, birsydyrgyn gürlemegine üns bermeli. Ulular bilen bilelikde ýa-da uly adamynyň yzyndan gaýtalanýan sözleýiş sakaw çaganyň sözleýşiniň düzelmegine ýardam edýär. Munda çaganyň çekinjeňligini aýyrmak, sözleýiş işjeňligini terbiýelemekde çagalara sazlaşykly goşgulary aýtdyrmak has-da ähmiýetlidir. Goşgy aýtmaklygy ilki 2-3 çaga bilelikde başlaýar, soňra ikinji topar dowam etdirýär, ondan soňra beýleki topar, soň ýene-de birinji topar aýdyp başlaýar. Terbiýeçi goşgyny çaga bilen bile aýdanda ony haýallyk bilen howlukman, labyzly aýtmaklygy sözüň ortasynda däl-de, setiriň ahyrynda säginmelidigini oňa düşündirýär we her gezek säginmeli ýerinde galam ýa-da eli bilen stola kakýar. Çaganyň dem alanda iki egnini galdyrmazlygyna, demini ýuwaşlyk bilen çykarmaklygyna üns bermeli. Mundan başga-da, çagalara ýatdan erteki aýtdyrmaklygyň hem ähmiýeti-de uludyr. Çagalar köpçülik bolup ýa-da ýekelikde böleklere bölüp ýa-da terbiýeçiniň görkezmesi boýunça bir-biriniň yzyndan gürrüň edýärler.

Sakawlamanyň agyr görnüşinde pyşyrdap gürlemeklik peýdalydyr. Çaga pyşyrdap gürlände sakawlamaýar diýen ýalydyr. Pyşyrdap

gürlemeklikden soňra ulular bilen bile we olaryň yzyndan gaýtalap aýtmaklyga geçilýär.

**Ikinji döwürde** surat boýunça ýatdan aýtmak, berlen tema ýa-da suratlar toplumy boýunça, hekaýanyň mazmunyny gürrüň etmek, gaýtadan gürrüň etmek, soraglara jogap bermek göz öňünde tutulýar. Eger-de çaga hekaýany gürrüň etmekde kynçylyk çekse, terbiýeçi ugrukdyryjy soraglary berip kömek edýär.

**Üçünji döwür.** Eger çagada sakynma bolmasa, onda sazlaşykly sözleýşe geçilýär. Adaty sözleýiş dürli äheň, çalt depgin, sazlaşygyň üýtgemegi bilen aýdylyp bilner. Terbiýeçi hemişe çaganyň sözleýşine üns berip durýar (oýun wagty, daş-töweregindäkiler bilen gürleşende).

Sakaw çagalarda kadaly sözleýşi ýola goýmaklyk yzygiderli amala aşyrylýar: sözleýşiň çaga elýeterli bolmagy üçin ilki bilen görkezme esbaply (hereketli), soňra ýuwaş-ýuwaşdan ýatdan sözleýşe geçilýär. Ilki bilen ýönekeý sözler, sözlemler, soňra bolsa ýaýraň goşma sözlemler bilen soraglara jogap bermeklik talap edilýär. Şekillendiriş sungaty sapagynda çaga predmetleri görýär, etjek işini pikirlenýär we yzygiderli aýdyp berýär. Beýleki sapaklarda hem çaganyň sözleýşine zyýan ýetmez ýaly ýönekeýden çylşyrymlaşdyryp geçmeli.

Çagada sakawlamak bilen bir hatarda ses aýdyşy hem bozulan bolsa, onda ses goýmak, berkitmek boýunça aýratynlykda iş alnyp barylýar.

Çagada sakawlygy aradan aýyrmakda ata-enäniň kömegi has-da uludyr. Gün tertibiniň berjaý edilmegi, bedeni berkitmek, taplama çäreleri sakawlygy aradan aýyrmakda uly ähmiýete eýedir. Sakaw çagalar örän duýgur, hereketli bolýandygy üçin, köplenç olaryň gündizki ukusyny guramak ata-enelere kyn düşýär. Çaganyň gijeki ukusynyň dowamlylygy 10-11 sagat, gündizkisi 2 sagat bolmaly. Bu onuň nerw ulgamynyň berkleşmegine kömek edýär. Öýde asuda ýagdaýyň bolmagy hem çaganyň sakawlamazlygy üçin peýdalydyr. Sebäbi öýde bolýan goh-galmagal, uly adamlaryň arasyndaky dawa çaganyň nerw ulgamyna täsir edip, sakawlama getirýär.

Sakawlaýan çagalar hemişe dil düzediş mugallymynyň we psihonewrologyň gözegçiliginde bolmalydyr.

## Sakawlamanyň gaýtalanmagynyň öňüni almak

Sakawlama aýrylan hem bolsa, çagalaryň merkezi nerw ulgamynyň uýgunlaşmak derejesi pes bolýar. Şol sebäpli aňyna, duýgusyna edilýän täsirler köpelse, sakawlama gaýtalanyp bilýär.

Köplenç, sakawlama çagalar mekdebe gidip başlanda gaýtalanýar. Şol sebäpli olary öňünden mekdebe taýynlamaly.

1-nji sentýabra çenli çaga öz gatnamaly mekdebine we synpyna baryp görmeli. Ol synpda gezmelemeli, partada oturmaly, hajathananyň nirededigini bilmeli. Mugallym bilen tanyşmaly. Mugallym hem çaganyň öň sakawlandygyny bilmeli. Şeýle çagalardan sapagy ilki soramaly däl, eger çaga geplemese, jogap bermegini talap edip oturmaly däl. Şeýle hem şol çaganyň üstünligini höweslendirip durmaly.

Eger okuwçy sakawlap başlasa, ony gyssamaly däl, sakawlany üçin oňa dilden jogap bermegi gadagan etmeli däl. Ata-enelerine öý işlerini çaga dilden aýtdyrmagy maslahat bermeli.

Öň sakawlan çagalar 1-1,5 ýyla golaý dil düzediş mugallymynyň we psihonewrologyň gözegçiliginde bolmaly. Sakawlygyň has "howply" gaýtalanýan döwri – ýetginjeklik döwri. Şu döwürde psihonewrologyň we logopediň uzak wagtlyk gözegçiligi zerurdyr.

### Tema boýunça soraglar:

1. Tahilaliýa we bradilaliýa diýip nämä aýdylýar?
2. Sakawlama näme sebäplere görä döreýär?
3. Sakawlama çaganyň aňyna nähili täsir edýär?
4. Sakawlamanyň derejeleri.
5. Sakawlamanyň öňüni almak üçin nähili çäreler geçirilýär?



Неподшитые заметки Стр.142

## VIII bap. SES BOZULMALARY

Çagalaryň we ýetginjekleriň sesleriniň bozulmagy olaryň umumy we sözleýiş ösüşlerine özüniň güýçli täsirini ýetirýär.

Sesiň bozulmasynyň **sebäpleri** köpdürlüdir. Bogazyň, burun-bokurdagyň, öýkeniň kesellemegi; sese aşa agram salmaklyk; eşidişiň peselmegi; nerw ulgamynyň kesellemegi we ş.m. sesiň bozulmagyna sebäp bolup biler.

Sesiň emele gelmegine diafragma (dem alyş, myşsa), öýken, bronhlar, kekirdewük, bogaz, bokurdak, burun-bokurdak, burun boşlugy; artikulýasion apparat – agyz boşlugy, dişler, dodaklar, ýumşak we gaty kentlewük gatnaşýar. Ses apparatynyň özara baglanyşykly işi kelle beýnisi tarapyndan sazlaşdyrylýar.

Sesiň emele gelmeginde bogazyň ähmiýeti uludyr. Mekdebe çenli ýaşly çagalaryň sesi emele getiriji apparaty entäk doly kämilleşmedik bolýar, şonuň üçin-de çaga köpçüligiň öňünde onuň sesine gabat gelmejek äheňde gygyrdyp aýtdyrmaly däl.

Sesiň gyryk bolmagy we peselmegi sesiň bozulmagynyň ilkinji alamatlary bolup durýar. Eger-de bular öz wagtynda aradan aýrylmasa, onda olar bogazda durnukly üýtgeşmelere getirip biler, bu bolsa ses bozulmasyny has agyr görnüşine elter.

Sesiň gyryklygy wagtal-wagtal hemme adamlarda ýüze çykyp bilýär. Dil düzediş mugallymlary muňa känbir üns berip durmaýarlar, sebäbi ol köplenç sowuklama bilen ýüze çykyp, onuň bilenem aýrylyp gidýär. Şeýle-de bolsa, ol käwagtlar bogazda kemçiligiň döremegine we dürli kesselleriň döremeginiň esasy alamaty bolup bilýär. Sesiň gyryklygy 10 günden köpe çekse, onda oňa üns berilmelidir, onuň sebäplerini ýüze çykaryp, mümkin boldugyça olary aradan aýyrmalydyr.

Sesiň bozulmalarynyň köpüsi çaga ösüşiniň dowamynda emele gelen bolýar. Ýöne sesiň bozulmagynyň dogabitdi bolýan kemçilikler bilen baglylykda ýüze çykýan wagty hem bolýar – ýumşak we gaty kentlewükdäki kemçilikler; eşidişiň bozulmagy.

Sesiň bozulmagy özbaşdak kemçilik ýa-da beýleki sözleýiş kemçilikler (dizartriýa, rinolaliýa, kerlik) bilen birlikde-de bolup bilýär.

## Ses bozulmalarynyň görnüşleri

Çagalarda has köp duş gelýän ses bozulmanyň biri hem sese aşa agram salynmagy netijesinde döreýän **disfoniýady**r. Disfoniýa (afoniýa) – ses apparatynyň bozulmagy netijesinde sesiň tembriniň, beýikliginiň, güýjüniň bozulmagydyr.

Disfoniýa, esasan-da, 5 ýaşda ýüze çykyp başlaýar. 8-10 ýaş aralygynda bolsa oňa has köp duşmak bolýar. Disfoniýa gaty gürlemegi, gygyrmagy halaýan çagalarda köp gabat gelýär. Adatça disfoniýaly çaganyň sesi ir bilen açyk we arassa bolsa, aşgama golaý gyryljak bolup başlaýar.

Disfoniýada ses gowşak, boguk bolýar, bir owazly, basyk, köplenç, myňňňyldy häsiýetde bolýar.

Eger muňa wagtynda üns berilmese, onda bozulma uzaga çekip, ses apparatynda organiki üýtgeşmeleriň döremegine getirip bilýär. Has gaty gepleşmek, aýdym aýtmak, gygyrmak; aýdym aýdylanda ses gigiýenasynyň esasy kadalaryny berjaý etmezlik (belli bir ýaşdaky çaganyň sesiniň ortaça diapazonyna aýdymyň ses diapazonynyň gabat gelmezligi); gurjaklaryň sesine köp öýkünmeklik, uly adamlaryň sesine, otlularyň, awtomobilleriň seslerine öýkünmeklik netijesinde ses hemişe üýtgäp, disfoniýa getirip bilýär.

Burundan dem almasyny kynlaşdyryp, agyzdan dem almaga öwrenişdirýän burundaky adenoidiň ösmegi hem disfoniýanyň döremegine sebäp bolýar. Burundaky adenoidler sebäpli çaga burundan dem alman, agyzdan alýar, bu bolsa bogazda sowuklamanyň emele gelmegine eltip, sesiň gyryk çykmagyna sebäp bolýar.

Şeýle hem çagalarda **afoniýa** (sesiň ýoklugyna) duşmak bolýar.

Afoniýada çaga diňe pyşyrdap gürleýär, sesiň owazy üsgülewükli itergide hem bolmaýar.

Eger şeýle bozulmalar çaganyň irki ösüşinde gabat gelse, onda ol sözleýiş ösüşine-de täsir edýär: söz baýlygyny artdyrmaklyk, sözleýşiň grammatik gurluşynyň ösüşi, ses aýdylyşy saklanýar.

Dürli ses bozulmalarynyň **öňüni almak** üçin irki çagalyk döwründen sesiň goralmagy we terbiýelenmesi örän wajypdyr. Her bir mugallym sesiň ösüşiniň ýuwaş-ýuwaşdan amala aşyrylýandygyny, çaganyň ses apparatynyň entäk gowşakdygyny we sesi üýtgedip durmaklygyň düzedip bolmajak zyýan ýetirýändigini bilmelidir. Çagalar bagynda we maşgalada çaganyň burun-bokurdagynyň ýagdaýyna, sesi ulanyşyna üns berip durmaly. Esasan hem, ýaňy keselden gutulan çagalara üns bermeli. Bular ýaly çagalaryň sesine agram saljak (gaty sesli gürlemek, aýdym aýtmak) ýumuşlary bermeli däl. Ses bozulmasynyň has beterleşen döwri sese 10-14 gün dynçlyk bermeli. Çagadaky boguk ses wagtynda aradan aýrylmasa, otolaringologa ibermeli we lukmanyň ähli görkezmesini berjaý etmeli. Çagalar irki ýaşdan anyk we labyzly äheňdäki mylaýym owazly sesleri eşitmelidir. Ses bozulmasynyň öňüni alyş çäreleriniň esasylarynyň biri-de çaganyň bedenini berkitmek we kadaly dem alşy türgenleşdirmekdir.

## Çagalaryň sesini dikeltmek

Çagalaryň sesini dikeltmek işi lukmançylyk we dil düzedişlik bilen bilelikde amala aşyrylýar. Artikulýasion, dem alyş we ses maşklary psihoterapiýa, däri-derman ulanyp bejermeklik bilen utgaşykly geçirilýär.

Ilki bilen psihoterapiýadan, ýagny sesiň düzediljekdigine çagada ynam döretmekden, çaga bilen ýakyn aragatnaşykda bolup, onuň düzediş işlerine işjeň gatnaşmagyny gazanmakdan ybaratdyr. Soňra artikulýasion we dem alyş maşklary, bejeriş işleri geçirilýär.

Düzediş sapaklary çaganyň ýaş aýratynlygyna, ukybyna, sözleýşiniň we sesiň ösüşiniň ýagdaýyna baglylykda ýönekeýden çylşyrymlaşdyrylyp geçirilýär.

Sapaklarda ilki bilen çylşyrymly bolmadyk artikulýasion maşklar (dil, dodak, aşaky äň, ýumşak kentlewük üçin maşklar, üsgürmeklik we ş.m.) ulanylýar. Şol bir wagtda çekimli sesleri çekip aýtmaklyk, aýtmasy aňsat bolan çekimsizleri (*f, s, ş, h, w, z, ž, p, t, k, b, d, g*) aýtmaklyk göz öňünde tutulýar. Dil düzediş mugallymy artikulýasion hereketleriň güýjüne

we dogry ýerine ýetirilişine üns berýär. Ses maşklary, ýumuşlary sesi aýtmakdan, sesi bogunda, sözde, sözlemde, gepleşikde berkitmekden durýar.

Sesi dikeltmek işi 3-4 aý dowam edip, 3-4 ýaşda geçirilse has netijeli bolýar.

Çaganyň bejerişden öň we soň sesini ýazgy edip eşitdirmekligiň hem ähmiýeti uludyr. Çaga bilen geçirilýän artikulýasion maşklar sesiň emele gelmeginde artikulýasion apparatynyň işini işjeňleşdirýär. Dogry dem alyş üçin geçirilýän maşklar sesiň kadalaşmagyna (demi goýbermekligiň uzak bolmagyna) ýardam edýär.

Sesiň dikeldilýän döwründe ses dörediji apparaty goramak hökmanydyr, aýratynam çygly, şemalladylmadyk, çilim çekilen ýerlerde gygyrmak, gatydan aýdym aýtmak bolmaýar. Eger-de ses tiz-tizden bozulýan, üýtgeýän bolsa, onda lukmana ýüz tutmaly.

Mekdebe çenli ýaşly çagalaryň ses bozulmalarynyň öňüni alyş çäreleriň, dem alyş gönükmeleriň ýerine ýetirilmegi örän wajypdyr.

Ata-eneler we mugallymlar çaga sesini goramagyň esasy kadalaryny bilmelidirler. Ses bozulmalarynyň ýüze çykan ýagdaýynda, aýratynam eger-de ol ötüşen häsiýetli bolsa çagany otolaringologyň ýanyna maslahata, gerek bolan ýagdaýynda – dil düzediş mugallymynyň sapaklaryna ibermeli.

## Eşidişiň ýetmezçiligi

Çaganyň sözleýşiniň ösmegine eşidişiň kadada bolmagy zerurdyr. Çaga ulularyň sözleýşini diňläp, olara öýkünýär we özbaşdak gürlemegi öwrenýär. Ker çagalar ýörite okuw geçirilmezden sözleýşi ele almagy başarmaýarlar. Çala eşidýän çagalaryň sözleýşi gödek bozulan bolýar.

Eşidiş çaganyň akyl ýetirişiniň ösmegine-de uly täsir edýär: ulularyň aýdýanlaryny diňlemek bilen, çaga daş-töwerekdäki hakykata göz ýetirýär. Çagalar köp sözleriň manysyna gürlemezinden öňürti düşünýärler. Eşidişiň kömegi arkaly çaga öz sözleýşine üns berýär we daş-töweregindäkileriňki bilen deňeşdirýär. Ol diňe bir dogry ses aýdyşy özleşdirmän, eýsem sözleýşiň leksik-grammatik gurluşyny hem özleşdirýär. Kadalaýyk eşidişiň bolmagy çaganyň okamagyna we ýazuwy oňat özleşdirmegine hem ýardam edýär.

Çaganyň eşidişiniň kadalaýyk ösüşiniň esasy döwürleri şu aşakdakylardyr:

1) çaga doglan gününden başlap onuň dürli seslere diňşirgenmegi;

2) 3 aýlykda sesleri güýji we tembri boýunça tapawutlandyrmagy;

3) 10-11 aýda sözleri, jümleleri sazlaşygy we aýdylyş äheňi boýunça tapawutlandyrmagy;

4) eşidişiň kada laýyklygynda sözleýşiň kämilleşmegi, sesleri aýyl-saýyl etmegi.

Ýokarda aýdylanlaryň hemmesi çaganyň sözleýşiniň dogry kemala gelmegine ýardam edýär.

## Eşidişiň bozulmagynyň görnüşleri

Eşidiş ýetmezçiliginiň iki görnüşini belleýärler: kerlik we çala eşitmeklik.

**Kerlik** – eşidişiň güýçli bozulmagy bolup, sözleýşi düşnüksiz bolýar. Düýbünden kerlik az duş gelýär. Köplenç halatlarda az-kem eşidişlilik gabat gelýär. Şonuň kömegi bilen çaga has batly sözleýiş däl sesleri (jaňyň, jürlewügiň sesi), käbir sözleýiş seslerini, kä halatlarda edil gulagynyň ýanynda aýdylan tanyş bolan sözleri kabul edýär.

Kerlik dogabitdi we soň emele gelen bolup bilýär.

Dogabitdi kerlik az gabat gelýär. Onuň esasy sebäpleri:

1) çaganyň enäniň göwresinde wagty eşidiş organynyň nädogry ösmegi (nesilden-nesle geçmekligiň täsiri);

2) çaganyň enäniň göwresinde wagty onuň ösüşine zyýan ýetiren ýagdaýlar: enäniň ýokanç keseller (dümewleme, gyzamyk, sikesler we ş.m.) bilen kesellemegi; alkogolly içgileri ulanmagy; zyýanly däri-dermanlar bilen bejergi almak (streptomisin we ş.m.); göwredäki çaga ilkinji aýlarda şikesiň ýetmegi.

Soň emele gelen kerlik dürli kesellerň (meningit, gyzamyk, hörezek, dümewleme, hapgyrtma we ş.m.) gulagyň we eşidiş nerw ulgamynyň sowuklamagy netijesinde emele gelýär. Kerligiň emele geliş wagtyna laýyklykda irki (sözleýiş ösüşinden öňki wagt) we giçki (sözleýiş emele gelenden soňky) kerligi tapawutlandyrýarlar.

**Çala eşitmeklik** – sözleýşi kynlyk bilen kabul etmeklik esasynda eşidişiň bozulmagy. Eger-de kerlikde sözleýşi kabul etmeklik çäkli bolsa,

çala eşitmeklikde ýörite döredilýän şertler (sesiň batlandyrylmagy, sesi gataldýan enjamlar we ş.m.) esasynda sözleýşi kabul etmek mümkinçiligi ösdürilýär.

Çala eşitmekligiň emele gelmeginiň sebäpleri:

1) gulagyň (ortaky böleginiň) sowuklamagy;

2) burnuň we burun-bokurdagyň kesellerinin netijesi (adenoidler);

3) ýokanç keseller (dümewleme, garamyk, hörezek, gyzamyk, gaýtalanýan sowuklama);

4) çaganyň enäniň göwresinde wagty nädogry ösmegi.

Çala eşitmekligiň, esasan, **üç derejesini** tapawutlandyrýarlar: ýeňil, orta, agyr.

Çala eşitmekligiň **ýeňil derejesinde** çaga sözleýşi 4-6 metr, pyşyrdap aýdylýany 2-3 metr aralykdan kabul edýär. Çala eşitmekligiň ýeňil derejesi çaganyň sözleýiş ösüşiniň saklanmagyna sebäp bolmaýar, ýöne käbir ýagdaýlarda sesleriň aýdyň we dogry aýdylmazlygyna täsir edýär. Bu çagalardaky sözleýiş kemçilikleri çaganyň akyl ösüşine, ünslüligine, maşagaladakylaryň sözleýşine öýkünmeklerine-de bagly bolýar. Çala eşitmekligiň ýeňil derejesindäki çagalar beýleki çagalardan känbir tapawutlanyp durmaýarlar. Olar adaty çagalar bagyna gatnaýarlar, adaty mekdeplerde okaýarlar. Çaga mugallymyň aýdanyny oňat eşider ýaly, bu çagalary birinji partada oturtmaly.

Çala eşitmekligiň **orta derejesinde** çaga sözleýşi 2-4 metr, pyşyrdap aýdylýany 1 metr aralykdan ýa-da gulagynyň ýanynda aýdylany kabul edýär. Bu çagalar beýleki çagalardan tapawutlanýarlar. Olar sapaklarda çalt ýadaýarlar, ünssüz bolýarlar, bir zady birnäçe gezek gaýtalap soraýarlar, gürleşenlerinde gowy eşidýän gulagyny şol tarapa tutýarlar. Bu çagalaryň sözleýşi känbir düşnükli däl, sesi aýdyşynda ýalňyşlyklar goýberýärler: bir sesi başga bir ses bilen çalyşýarlar: guş-gus, balyk-palyk; sykylykly, yşgalaňly sesleri "t, d" sesleri bilen çalyşýarlar: sagat-tagat; açyk çekimsiz sesleri dymyk bilen çalyşýarlar: gawun-kawun we ş.m.

Eger-de çaga akyl taýdan oňat ösen bolup, ünslüligi durnukly we oňat ukyply bolsa, onda eşidişindäki kemçiligiň onuň sözleýşine täsir etmezligi hem mümkindir. Çaga öýde gerek bolan kömek berlende, ol adaty çagalar bagynda, soňra adaty mekdepde bilim alyp biler.

Çala eşitmekligiň **agyr derejesinde** çaga sözleýşi gulagynyň ýanynda aýdylany, pyşyrdap aýdylýany 0-0,5 metr aralykdan kabul edýär ýa-da aýdylany kabul edip bilmeýär. Çala eşitmekligiň **agyr derejesi** çaganyň eşidişini saklaýar. Bu çagalar diňe gulagynyň ýanynda gaty gygyrylyp aýdylany eşidýärler, daş aralykdan diňe käbir sesleri (jürlewügiň, jaňyň we ş.m. seslerini) eşidýärler, daş-töwerekdäkileriň sesleri olara diňe bir sesleriň birikmesi bolup eşidilýär. Bu çagalarda daş-töwerekdäkileriň sözleýşine gyzyklanma bolmansoň, olarda gürlemek islegi-de bolmaýar. Bu bolsa olaryň gylyk-häsiýetine-de täsir edýär: adamlardan daşlaşýarlar, gaharjaň bolýarlar. Olaryň sözleýşi ösmeýär diýen ýaly ýa-da örän haýallyk bilen nädogry ösýär. Olaryň düşünýän sözleri örän çäkli bolýar, çaga sözleriň ýerine bogunlary aýdýar, köplenç üm-hereket bilen düşündirýär.

Bu çagalar ýörite okuwlara mätäç bolýarlar. Ýörite geçirilýän okuwlaryň netijesinde, çaga daş-töwerekdäkileriň sözleýşine üns berýär we ýuwaş-ýuwaşdan sözleýşi öwrenip başlaýar.

Çala eşidýän çagalaryň sözleýşine eşitmezligiň başlanan wagty, eşidişiniň peselmek derejesi, çaganyň umumy ýagdaýy we lukman-mugallymçylyk işiniň häsiýeti täsir edýär. Sözleýiş emele gelmänkä (2,5-3 ýaş) başlanan ýönekeýje eşitmezligem sözleýşiň ösmezligine getirip bilýär. Eger-de ol üç ýaşdan soň başlanan bolsa, onda çaganyň sözleýşi birneme düşnükli we aňsat düzedip bolýar.

Çaganyň eşidişiniň bozulmagynyň derejesini dogry kesgitlemek üçin ony otolaringolog lukmanyna maslahata ýollamaly. Lukmanyň çykaran netijesi esasynda çaganyň haýsy çagalar bagyna (adaty – ýörite) gatnamalydygy kesgitlenilýär. Eşidişiň bozulmagynyň ýeňil görnüşi bolan çagalar adaty çagalar bagynda, agyr görnüşindäkiler ýöriteleşdirilen çagalar edarasynda bilim-terbiýe alýarlar.

Eşitmezligiň ýeňil derejelerinde çagalar adaty çagalar bagyna gatnaýarlar, terbiýeçiler bolsa otolaringolog we dil düzediş mugallymy bilen maslahatlaşyp, sözleýşini ösdürmäge kömek edýärler. Terbiýeçi çala eşidýän çagany özüne golaý ýerde (birinji partada) oturtmaly. Çaga bilen aýdyň dilde, howlukman, gygyrman batly gürleşmeli we onuň hem batly, aýdyň gürlemegini talap etmeli. Şeýle-de çaga gürleýäniň ýüzüne seredip, dodakdan okamagy öwretmeli. Bu usul çaganyň daş-töwerekdäkileriň sözleýşini oňat kabul etmegine kömek eder. Mysal üçin: terbiýeçi 3-4 sany

surat görkezip, ony atlandyrýar, çaga terbiýeçiniň sözleýiş artikulýasiýasyna üns berýär. Soňra terbiýeçi pyşyrdap diýen ýaly suratlary atlandyrýar, çaga suratlary görkezýär.

Saz sapagynda-da çagany saz mugallymyna golaý oturtmaly. Aýdym-saz çaganyň sözleýşiniň ösmegine oňat täsir edýär. Çaganyň eşidiş ünslüligini ösdürmek üçin dürli öwrediji oýunlar oýnalýar: "Nireden eşidilýär? (jaňyň, depregiň we ş.m. sesi), "Bu nämäniň sesi?" (sygryň, geçiniň, itiň we ş.m. sesi), "Kim ünsli?" (belli bir sesi, bogny, sözi eşidende çapak çalmaly).

Çala eşidýän çagalar bilen düzediş işleri şu ugurlar boýunça alnyp barylýar: sözleýşe düşünmek; söz baýlygyny anyklamak we artdyrmak; sözleýşiň grammatik gurluşyny, ses aýdyşy kämilleşdirmek; sowat öwretmek. Hemme sapaklarda çagada bar bolan eşidişinden (ýörite enjamlaryň üsti bilen) peýdalanylýar.

### Eşidişi barlamak

Çaganyň eşidişini barlamagyň esasy usuly eşidişi adaty ýagdaýdaky we pyşyrdap gürlemek arkaly barlamakdyr. Pyşyrdap aýdylýan sözleýiş, esasan hem, 6-7 metr aralykdan kabul edilse kadalaýyk hasaplanylýar. Eger-de çaga sözleri ynamsyzlyk bilen aýtsa, onda 1 metr oňa golaýlaşmaly. Soňra çaganyň haýsy aralykdan sözleri ynamly, dogry aýdýany bellenilýär. Çaga hiç bir sözi hem eşitmeýän bolsa, onda çekimlileri we çekimsiz sesleri kabul edişi barlanylýar.

Barlag wagty çaganyň ýagdaýyna-da üns berilmelidir: ýadawlygy, ünslüligi, ýerine ýetirmäge taýýarlygy. Ýadaw çaga derrew ünsüni başga zada sowýar. Bu ýagdaýda dogry netije çykarmak mümkin bolmaýar.

Has göze görnüp duran eşidiş kemçiliginiň derejesini dogry kesgitlemek (ýörite gulak enjamlary bilen barlamak) we çaganyň geljekde haýsy çagalar bagynda (adaty-ýöriteleşdirilen) bilim-terbiýe almagyny kesgitlemek üçin ony otolaringologa ugratmaly.

### Eşidişiň bozulmagynyň öňüni almak

Eşidişiň bozulmagynyň öňüni almaklygy çaganyň enäniň göwresinde wagty başlamaly – enäniň dürli ýokanç kesellerden, şikeslerden goralmagy zerurdyr. Çaga dünýä inenden soňra çaganyň saglygyna gözegçilik edip

durmaly: gulagyny sowuklamadan, şikesden we beýleki burun-bokurdak kesellerinden goramaly.

Toparda batly aýdylýan sesler, galmagallar hem çaganyň eşidişine zyýan ýetirip biler. Şonuň üçin toparda gygyryp gürleşmezligi, batly aýdylýan sesleriň bolmazlygyny ýola goýmaly.

Otolaringologyň wagtal-wagtal çagalary barlap durmagy hem hökmanydyr.

Eger-de çagada dogabitdi ýa-da soň eşidişine şikes ýeten bolsa, onda lukmanyň kömegi hökmanydyr.

### Sözleýiş ösüşiniň wagtlaýynça saklanmagy

Käbir sebäplere görä çaganyň sözleýşi saklanyp bilýär. Bu çagalarda sözler gijräk emele gelýär, söz baýlygy ýaşyna gabat gelmeýär, jümleli sözleýiş gijä galýar, ses aýdyşyndaky kemçilikler uzak wagt saklanýar. Sözleýşiň saklanmagyna çaga iki ýaşdaka başlaman, eýsem onda bokurdakda emele getirýän sesleriniň (gyggyldynyň), wüjürdiniň, ilkinji sözleriň emele gelmeginiň yza galýan döwründen alada edip başlamaly. Bu kemçilik näçe öň ýüze çykarylsa, çaga kömek etmek şonça-da aňsat bolar.

Sözleýiş ösüşiniň wagtlaýynça saklanmagynyň sebäplerine çaganyň irki ýaşynda dürli keseller bilen kesellemegi degişlidir. Bedeniniň berkidilmegi we sözleýşiň ösmegi üçin oňat şertleriň döredilmegi netijesinde, çaganyň sözleýşi beýleki çagalaryňky bilen deňleşýär. Ýöne munuň üçin ýörite sapaklaryň geçirilmegi zerurdyr.

Terbiýeçi işi dogry guramak üçin sözleýşiň emele gelşiniň dürli döwürlerinde çagadan nähili talap etmelidigini bilmelidir. Söz baýlygyny artdyrmak we jümleli sözleýşi emele getirmek boýunça alnyp barylýan ilkinji işler alalik çagalaryňky ýalydyr (alaliýa seret).

### Tema boýunça soraglar:

1. Sesiň bozulmagynyň sebäpleri haýsylar?
2. Disfoniýa we afoniýa diýip nämä aýdylýar?
3. Ses bozulmalarynyň öňüni almaklyk nähili amala aşyrylýar?
4. Sesi dikeltmek işlerine nämeler degişli?

5. Eşidişiň bozulmagynyň sebäpleri nämeler?
6. Eşidişiň bozulmagynyň görnüşleri haýsylar?
7. Çala eşitmekligiň haýsy derejelerini tapawutlandyrýarlar?
8. Eşidişiň öňüni almak nähili amala aşyrylýar?
9. Çaganyň sözleýşiniň wagtlaýynça saklanmagynyň sebäplerine nämeler degişli?

## IX bap. ÝÖRITELEŞDIRILEN MEKDEBE ÇENLI ÇAGALAR EDARASYNYŇ (TOPARLARYNYŇ) TERBIÝEÇILERINIŇ, DIL DÜZEDIŞ MUGALLYMLARYNYŇ ALYP BARÝAN DÜZEDIŞ IŞLERI

Mekdebe çenli çagalar edaralarynyň öňde goýýan esasy meseleleriniň biri-de çagany mekdebe taýýarlamakdyr. Çaganyň dogry, kämil sözleýşiniň bolmagy – çaganyň mekdebe taýýarlygyny görkezýän esasy görkezijileriň biridir, sebäbi dogry sözleýiş çaganyň doly we kadaly ösmegi üçin örän möhümdir.

Adaty mekdebe çenli ýaşly çagalar bagyndaky çagalardan tapawutlylykda ýöriteleşdirilen çagalar bagyndaky we toparyndaky çagalaryň söz baýlygy çäkli bolup, baglanyşykly sözleýşi ýeterlik derejede ösmedik hem-de sözleýşiň grammatiki taýdan gurluşy, ses taýdan aýdylyşy bozulan bolýar. Mundan başga hem bu çagalaryň görüş, eşidiş ünslüligi, ýatkeşligi, duýgurlygy, eliniň ownuk hereketi, umumy hereketi ýeterlik derejede ösmedik bolýar.

Sözleýiş dili bozulan çagalar bilen alnyp barylýan düzediş işleri dil düzediş mugallymynyň, terbiýeçiniň we saz mugallymynyň bilelikdäki işi netijesinde hem-de ata-eneler bilen ýakyn aragatnaşyk esasynda amala aşyrylýar. Islendik sapakda, gezelençde, gün tertibiniň ähli pursatlarynda düzediş maksady göz öňünde tutulýar.

Gün tertibi hem-de dil düzediş mugallymy bilen terbiýeçiniň sapaklarynyň tertibi çagalaryň ýaşyna, sözleýşine we ösüş aýratynlygyna, şeýle hem bilim we terbiýe bermek işiniň dowamynda çözülýän düzediş meselelerine laýyklykda guralýar.

Terbiýeçi bilen dil düzediş mugallymynyň işi Maksatnamadaky temalar boýunça meýilleşdirilýär. Dil düzediş mugallymynyň meýilnamasyna

laýyklykda gurnamak, ýelimlemek, şekil ýasamak, daş-töwerek bilen tanyşdyrmak boýunça temalar saýlanylyp alynýar.

Terbiýeçi we dil düzediş mugallymy adaty çagalar bagynda terbiýelemegiň Maksatnamasynda göz öňünde tutulan bölümleriň ählisi boýunça işleri yzygiderli amala aşyrýar.

Çaganyň sözleýşindäki kemçilikler sebäpli ýüze çykýan kynçylyklar göz öňünde tutulyp, adaty çagalar bagynyň Maksatnamasynyň bölümleriniň tematikasy we wagty üýtgedilip bilner.

Çaganyň hemmetaraplaýyn ösmegi üçin sözleýşi kemçilikli mekdebe çenli çagalar edarasynyň işgärleriniň öňünde şu wezipeler durýar: umumy bilim, düzediş we düzediş-terbiýeçilik meseleleri.

Umumy bilim bermek meselesiniň mazmuny adaty çagalar bagynyňky bilen gabat gelýär, ýöne amala aşyrylyşynda birnäçe aýratynlyklar ýüze çykýar. Şol meseleleriň çözgüdi belli bir toparyň çagalarynyň bilimine, başarnyklaryna we endiklerine görä amala aşyrylýar.

Çagalaryň bilimi, endikleri we başarnyklary dil düzediş mugallymynyň we terbiýeçiniň barlagynyň netijesinde ýüze çykýar. Barlagynyň netijesine görä dil düzediş mugallymy we terbiýeçi her çaga bilen aýratyn geçirjek işini meýilnamalaşdyrýar.

Düzediş meseleleri sözleýiş dili kemçilikli ýöriteleşdirilen toparlara degişli bolmak bilen şulary öz içine alýar:

– çaganyň sözleýşe düşünmegini ösdürmek;

– sözleýiş dilini ösdürmek: söz baýlygyny artdyrmak, sözleriň manysyna düşünmekligi ösdürmek, sözleýşi grammatiki taýdan dogry emele getirmegi öwretmek; nädogry ses aýdylyşy we sözleriň ses-bogun taýdan nädogry gurluşyny düzetmeklik;

– sesi kabul etmegi ösdürmek;

– baglanyşykly sözleýşi ösdürmek;

– ünslüligini, ýatkeşligini, pikirlenmesini ösdürmek;

– umumy we eliň ownuk hereketini ösdürmek.

Sözleýiş dili bozulan çagalar edarasynyň terbiýeçisi çaga bilim-terbiýe bermek bilen bir hatarda sözleýiş kemçiliklerini aradan aýyrmakda düzediş işlerini hem alyp barýar. Ol diňe bir çaganyň akyl we beden ösüşinde bar bolan kemçilikleri düzetmeklige, daş-töwerek baradaky düşünjesini giňeltmäge üns bermän, eýsem çagada bar bolan analizatorlary

(görüş, syzyş, eşidiş, duýuş, akyl ýetiriş) ösdürmäge we kämilleşdirmäge-de üns berýär. Bu bolsa çaganyň sözleýiş dilini oňat ele almagyna ýardam edýär.

Ýörite okatmagyň mazmuny daş-töwerege akyl ýetirmegi, sözleýşi we pikirlenmäni ösdürmegi göz öňünde tutýar.

Terbiýeçi toparda, çagalaryň arasynda ilki bilen oňat ýagdaý döretmeli, çaganyň özüne bolan ynamyny berkitmeli, sapaga gyzyklanma döretmeli. Bular ýerine ýetirilende çaganyň ýaş aýratynlygy, aň-beden ösüşi göz öňünde tutulmaly.

Düzediş-terbiýeçilik meseleleri ahlak we estetiki terbiýesini bermegi, düzediş işlerini öz içine alýar.

Terbiýeçi çagada emele gelýän ýaramaz häsiýetleriň sebäbini bilmegi başarmalydyr, ýagny onuň beter gaharlanýan ýa-da ýadaw, sussupesligini öz wagtynda duýup, oňa täsir etmeli. Dogry guralan psiholog-pedagogik täsiriň netijesinde çaganyň häsiýetinde dürli gyşarmalaryň bolmagynyň öňi alynýar (çagada aragatnaşyk endiklerini ösdürmek; gürrüňdeş bolanda özüni oňat alyp barmagy başarmagy öwretmek; käbir çagalarda çydamlylygy, rahatlanmagy; kabirlerinde bolsa batyrlygy, höwesjeňligi, tutuklygy ýeňip geçmekligi we ş.m. terbiýelemek).

Düzediş-terbiýeçilik meseleleri ünslüligiň, ýatkeşligiň, aňyň ösmegine täsir etmek bilen çaganyň hemmetaraplaýyn kämilleşmegine ýardam edýär.

Düzediş-terbiýeçilik meseleleri diňe bir sapagyň dowamynda bolman, eýsem sapakdan daşary hem göz öňünde tutulýar.

Umumy bilim bermek we düzediş-terbiýeçilik meseleleri biri-biri bilen özara baglanyşyklydyr. Çagalary daş-töwerekdäki predmetler we hadysalar bilen tanyşdyrmak umumy bilim bermeklige gönükdirilendir, sebäbi çagalaryň daş-töweregini gurşap alýan zatlar barada bilimleriniň giňemegini göz öňüne tutýar, başga tarapdan bolsa düzediş meselelirini çözmeklik göz öňünde tutulýar – daş-töwerekdäki predmetler we hadysalar söz bilen atlandyrylýar, söz bolsa sözleýiş aragatnaşygy bolup durýar. Şonuň üçin çagalaryň sözleýşini diňe sapak wagty däl-de, eýsem sapakdan daşary hem ösdürmeli.

Düzediş işini amala aşyrmak üçin okatmagyň mazmunyny temalaýyn usul boýunça gurnamaly. Temalaýyn usul boýunça material toplamak terbiýeçi bilen dil düzediş mugallymynyň işiniň özara baglanyşygyny

görkezýär. Tema boýunça öwretmeklik sapaklaryň dürli görnüşlerinde: daş-töwerek bilen tanyşmak; sözleýşi ösdürmek; surat, şekil ýasamak, gurnamak sapaklarynda we oýunlarda amala aşyrylýar.

Temany bir hepdäniň dowamynda hemmetaraplaýyn öwrenmeklik, gysga wagtyň içinde temany köp gezek gaýtamaklyk tematiki usulyň esasy şertleriniň biri bolup durýar.

Sözleýşi kemçilikli çagalar köpçülikleýin, toparlaýyn, aýratynlykda geçirilýän sapaklarda täze bilim, endik we başarnyk alýarlar.

Şu aşakdaky sapaklar boýunça her tema üçin material toplanylýar:

1) Daş-töwerekdäki predmetler we hadysalar bilen tanyşdyrmak boýunça: tema degişli predmetleri synlamak we seredip görmek; oýnawaçlara, suratlara syn etmek; predmetler bilen oýunlar. Bu sapaklar düzediş taýdan täze sözleri öwrenmegi, söz baýlygyny artdyrmagy göz öňünde tutýar.

2) Daş-töwerekdäki predmetleri we hadysalary şekillendirmek bilen bagly bolan sapaklar. Bular şekil ýasamak, gurnamak, surat çekmekdir. Bu sapaklarda sözleriň manysynyna, sözleýşe düşünmeklik we sözleýşi işjeňleşdirmeklik göz öňünde tutulýar.

3) Daş-töwerekdäki predmetler barada alan bilimlerini sözleýşiň üsti bilen beýan etmeklik: söhbetdeşlik, hekaýa düzmegi öwretmek, öwrediji oýunlar. Bu sapaklar geçilen tema boýunça öwrenilen täze sözleri giňden peýdalanmak arkaly sözleýşi ösdürmeklik göz öňünde tutulýar.

Terbiýeçiniň düzediş işleri dil düzediş mugallymynyň öňde goýan meselesine bagly bolýar. Terbiýeçi dil düzediş sapaklarda geçilenleri berkidýär ýa-da sözleýşi kämilleşdirmek üçin taýýarlyk işlerini geçirýär.

Sözleýşi ösdürmek sapagyny terbiýeçi dil düzediş mugallym bilen bilelikde meýilnamalaşdyrýar. Sapaklar meýilnamalaşdyrylanda esasy göz öňüne tutulýan meseleler:

1. Dil düzediş mugallymynyň sapaklaryny we maksatnamany özleşdirmegi üçin çagalaryň zerur bolan söz baýlygyny ösdürmek.

2. Maksatnamany özleşdirmek we dil düzediş işlerini oňat ýola goýmak üçin baglanyşykly sözleýiş dilini ösdürmek.

3. Dil düzediş mugallymynyň sapaklarynda öwredilen dogry gürlemek endiklerini berkitmek.

Dürli temalar boýunça ("Pasyllar", "Ösümlikler", "Haýwanlar"...) ilki bilen terbiýeçi çagalara ilkinji düşünjeleri berýär, soňra dil düzediş mugallym terbiýeçiniň işini çuňlaşdyrýar. Dürli oýunlaryň üsti bilen çagalarda sözleýşiň grammatiki gurluşynyň üstünde işleýär. Terbiýeçi dil düzediş mugallymynyň sapaklarynda geçilenleri berkidýär we dil düzediş mugallymyň indiki geçjek temasyna taýýarlyk işlerini geçirýär: çagalaryň söz baýlygyny artdyrýar, grammatiki formalary ulanmagy öwredýär. Dil düzediş mugallymy bolsa, öz sapaklarynda dürli oýunlaryň, ýumuşlaryň üsti bilen terbiýeçiniň öwreden sözlüginiň üstünde işleýär (atlary birlik-köplük sanda, düşümlerde, kemlik-söýgülilik dereje, ýöňkemede üýtgetmek; işlikleri zamanlarda üýtgetmek, baglanyşykly sözleýşi ösdürmek). Mysal üçin, terbiýeçi "Oýnawaçlar" temasy boýunça predmet sözleri öwreden bolsa, dil düzediş mugallymy şol sözleriň grammatiki gurluşynyň üstünde işleýär. Ýagny atlary birlik-köplük sanda, kemlik-söýgülilik dereje, ýöňkemede üýtgedýär. "Bir-köp" oýuny – top-toplar, gurjak-gurjaklar; "Mährilije aýt" oýuny – top-topjagaz, gurjak-gurjajyk, "Dogry aýt" oýuny – meniň topum, seniň topuň, onuň topy, biziň topumyz, siziň topuňyz, olaryň topy.

Sözleýşi kemçilikli çaga bilen geçirilýän düzediş işiniň netijeliligi dil düzediş mugallymy bilen terbiýeçini işiniň özara baglanyşygyna baglydyr.

Terbiýeçi çagalaryň sözleýşiniň ösmegine diňe bir sapaklaryň (sözleýşi ösdürmek, matematika, şekillendiriş sungaty) dowamynda däl-de, sapakdan daşary ýagdaýda: gün tertibiniň beýleki pursatlarynda, gezelençde, oýunda hem üns berýär.

Matematika sapagynda çagalara matematikadan esasy düşünjeler berlende terbiýeçi soraglar arkaly çagalaryň işlikleri birlik-köplük sanda, zamanlarda (sanaýan, sanaýarys; düzýärin, düzýäris, düzdük...) üýtgetmeklerini; jogap berenlerinde sözleýşinde sypatlary ulanmagyny, doly sözlem bilen jogap bermek arkaly ("Men iki ýaşyl, üç gyzyl we üç gök tegelek aldym") baglanyşykly sözleýşini ösdürmegi gazanýar.

Şeýle-de sapakda dogry ses aýdyşy berkitmek üçin ýumuşlar berilýär. Mysal üçin, "ş" sesi goýlup, berkidilýän bolsa, onda sanamak üçin "ş" sesli predmetler alynýar: maşyn, şar, aşyk we ş.m.

Ýelimlemek we gurnamak sapaklarynda çaga sözüň, sözleýşiň manysyna düşünýär; atlandyrýar; ýerine ýetirýän hereketini ýönekeý

sözlemler, uly ýaşly çagalar bolsa, goşma sözlemler bilen beýan edýär. Sapakda diňe bir sözleýiş dili (atlandyrmak, doly sözlem bilen aýtmak) ösdürilmän, eýsem duýgurlygy (predmeti ellemek arkaly), ünslüligi, ýatkeşligi, pikirlenmesi hem ösdürilýär.

Şunuň ýaly umumy bilim beriji sapaklara düzediş-terbiýeçilik işleri goşulanda çagalar bilen geçirilýän düzediş-terbiýeçilik işiniň netijesi has-da güýçlenýär.

Terbiýeçi, ulular çaganyň sözleýiş diline hemişe üns bermelidir: sapakdan daşary erkin oýunlarda, gezelençde, çagalar bagyna gelýän, gaýdyp barýan wagty we ş.m. Mysal üçin, "Janly burçda" balyklary synlanlarynda işlik sözlügini artdyrmak maksady bilen "Kim köp söz aýdar?" oýnuny oýnamak bolar ("Balyk näme edýär?" diýen soraga "ýüzýär, çümýär" we ş.m.). Gezelenç wagty çagalar tebigaty synlanlarynda terbiýeçi olaryň söz baýlygyny artdyrýar, täze sözleri öwrenýärler ýa-da öwrenen sözlerini berkidýärler. Şol gören zatlaryny gürrüň bermek bilen, baglanyşykly sözleýşi artdyrylýar.

Günüň 2-nji ýarymynda geçirilýän düzediş sagady hem terbiýeçi bilen dil düzediş mugallymynyň işiniň özara arabaglanyşygyny aňladýar. Düzediş sagadynda dil düzediş mugallymynyň tabşyrygy (ýörite terbiýeçi üçin ýazgy ýazylýan depderde) boýunça düzediş işleri geçirilýär. Dil düzesdiş mugallymy aýratynlykda (howa akymyny türgenleşdirnek, artikulýasion maşklar, goýlan sesi berkitmek boýunça), toparlaýyn (goýlan sesleri sözde, sözlemde berkitmek, sözleri seljermek, okamak we ş.m.) we sözlügi, baglanyşykly sözleýşi ösdürmek boýunça ýumuşlar berýär. Terbiýeçi çaga bilen aýratynlykda, toparlaýyn sapak geçende beýleki çagalara hem düzediş işleri boýunça ýumuş tabşyrýar (öwrediji oýunlar: "Reňki boýunça saýla", "Kebelegi güle gondur", "4-nji artykmaç", "Goýberilen harpy bil" we ş.m.). Düzediş sagadynda terbiýeçi çaganyň günüň 1-nji ýarymynda özleşdirip bilmedik zatlarynyň üstünde hem işleýär.

**Sözleýiş dilini** kämilleşdirmek boýunça sapaklar köpçülikleýin, toparlaýyn, aýratynlykda bolup biler. Çagalara berilýän ýumuşlar düşnükli we aýdyň bolmak bilen ýönekeýden çylşyrymlaşdyrylmaly. Terbiýeçi diňe bir özünüň däl-de, eýsem beýleki çagalaryň hem sözleýşi kemçilikli çagalara oňat garamaklaryny (üstünden gülmän,

kemsitmän) gazanmaly. Terbiýeçi çaganyň her bir üstünligini bahalandyrmak bilen ony höweslendirip durmaly. Terbiýeçiniň öz sözleýşi hem aýdyň, edebi dilde bolmalydyr.

Kiçi ýaşly çagalaryň **ses aýdyşyndaky** kemçilikleriň, köplenç, ýaşyna görä bolýandygy sebäpli, munda esasy ünsi gep agzalarynyň (dodagyň, ýumşak kentlewügiň, äňiň) hereketini işjeňleşdirmeklige üns berilýär. Sözleýşi ösdürmeklige dogry ýola goýlan howa akymy, eşidiş ünslüligi (çaganyň özüniň we töwerekdäkileriň sözleýşini diňlemegi) hem täsir edýär.

Orta toparda dogry ses aýdyşyny kämilleşdirmek boýunça şu aşakdakylar göz öňünde tutulýar:

– eşidiş ünslüligini ösdürmek;
– sesi kabul etmekligi ösdürmek;
– dogry aýdylýan sesleri berkleşdirmek;
– dogry diksiýany, kadaly sözleýiş depginini emele getirmek;
– sözleri edebi diliniň kadasyna laýyk aýtmagy öwretmek.

Çaga suratlary görkezmek bilen terbiýeçi ilki bilen dogry aýdylyşyny aýdýar, soň çaganyň ony birnäçe gezek gaýtalamagyny talap edýär. Sözler dürli äheňde, batly-ýuwaş, çalt-haýal aýdylýar. Çagalary sesi seljermäge taýýarlamakda dürli öwrediji oýunlardan, ýumuşlardan peýdalanylýar.

Uly toparlarda bar bolan sesler berkidilýär, çalşyrylyp aýdylýan sesler aýyl-saýyl edilýär. Çagalar diňe bir sesleri bogunda, sözde, sözlemde dogry aýtmagy öwrenmän, eýsem şol sese degişli goşgulary, hekaýalary hem öwrenýärler. Bu ýaşdaky çagalar "ses", "söz" diýen düşünjeleri özleşdirip, sözleri seljerýärler.

Çagalaryň sözleýşini kämilleşdirmekde terbiýeçi (dil düzediş mugallymy) bilen **ata-enäniň** bilelikdäki işi hem uly ähmiýete eýedir. Dil düzediş mugallymy (terbiýeçi) çagany barlandan soňra çagada ýüze çykan kemçilikler barada çaganyň ata-enesini habarly etmeli. Ata-eneler sözleýşi kemçilikli çaga berilýän bilim-terbiýe barada, kemçiligi düzetmek boýunça ata-enäniň etmeli işleri hakda maslahat almaly. Käbir ata-eneler çagadaky kemçilikler öz-özünden düzeler diýip ýalňyş pikir edýärler. Ilkinji günden başlap olara düzediş işleriniň belli bir yzygiderlilikde geçirilýändigini we onuň netijeli bolmagynyň

ata-enä-de baglydygyny düşündirmeli. Çaganyň kemçiligine ata-enäniň, beýleki maşgala agzalarynyň garaýşy oňat bolmalydyr. Sebäbi bu diňe bir çaganyň sözleýşine däl-de, eýsem onuň aň ösüşine-de täsir edýär. Käbir kemçilikler düzedilende, çaganyň beden saglygyny berkleşdirmek hökmany bolýar. Munda ata-eneler gün tertibiniň (wagtynda ýatmak-turmak), iýmitlendirmegiň (aşa kän bermek ýa-da iýmese oňa üns bermezlik) öýde hem dogry guralmagyny gazanmaly. Käbir kemçiliklerde (sakawlamada) çaganyň lukmanyň bejergisini hem wagtly-wagtynda almalydygyna ata-eneler göz ýetirmelidir.

### Dil düzediş mugallymynyň alyp barýan işleri

Ýöriteleşdirilen çagalar baglarynda (toparlarynda) dil düzediş sapaklary düzediş işiniň esasy bolup durýar. Onda sözleýşiň ähli ugurlary ösdürilip, mekdebe taýýarlanylýar.

Dil düzediş sapaklary umumy, şeýle hem ýörite mekdebe çenli pedagogikanyň talabyna laýyklykda guralýar.

Dil düzediş mugallymy toparyň ähli çagalary bilen şu aşakdaky sapaklary geçirýär:

– sözleýşi ösdürmek – 15-20 min;

– sesiň aýdylyşyny kämilleşdirmek – uly toparda 20-25 min; mekdebe taýýarlaýyş toparda 30-35 min;

– sowat öwretmek – mekdebe taýýarlaýyş toparda 30-35 min.

Maksatnamada bellenilişi ýaly, bu sapaklaryň sany we wagty okuwyň döwürlere bölünişine laýyklykda üýtgäp durýar.

**Sözleýşi ösdürmek** sapagynda dil düzediş mugallymy şu aşakdakylara üns bermelidir:

– çaganyň sözleýşe düşünmek ukybyny ösdürmeklige;

– ähli temalar boýunça gündelik ulanylýan we ulanylmaýan sözleriň möçberini anyklamaklyga we ony baýlaşdyrmaklyga;

– çaganyň predmetleri umumylaşdyrmaklygy başarmaklygyna;

– täze sözi emele getirmek we sözi üýtgetmek endiklerini kämilleşdirmeklige;

– sözlemi ulanmaklygy başarmaklyga;

– baglanyşykly sözleýşi ösdürmeklige.

Düzediş okuwy sözleýşi kämilleşdirmeklige gönükdirilendir. Sözleýiş diliniň özleşdirilýän bölekleri sapakda, sapakdan daşarda gös-göni gepleşige girizilmelidir.

Çaga sözleýşiň özleşdirilen ugurlaryny şoňa meňzeş ýa-da täze ýagdaýda ulanmagy, gazanylan endikleri işiň dürli görnüşlerinde döredijilikli peýdalanmagy öwretmeklik hökmanydyr.

Sözleýşi ösdürmek sapagynda dil düzediş mugallymy şu aşakdakylary göz öňünde tutmaly:

– sapagyň temasyny we maksadyny kesgitlemeli;

– çaganyň gündelik sözleýşinde özleşdirmeli bolan predmet, işlik, sypat sözlügini kesgitlemeli;

– sapagyň esasy bölümlerini bellemeli;

– sapagyň temasyna we maksadyna, düzediş okuwynyň döwrüne, çaganyň sözleýiş we aň mümkinçiligine aýratynlykda çemeleşmeklige laýyklykda leksiki we grammatiki material saýlanylyp alynmaly;

– sapaga öwrediji oýunlary, ýumuşlary goşmaly.

– maksatnama boýunça material saýlanyp alnanda çaganyň ýakyn geljekdäki ösüşi, pikirleniş ukybynyň ösüşi üçin mümkinçiligi, kabul etmekligiň we oýlanyşykly pikirlenmesini ösdürmeklik göz öňünde tutulmaly;

– çaga aýratynlykda çemeleşilende sözleýşini we akyl ýetirişini işjeňleşdirjek usullary göz öňünde tutmaly;

– özleşdirilen sözleýiş materialyny gaýtalap durmaly.

Topardaky çagalaryň sözleýşiniň leksik-garmmatiki gurluşynyň çylşyrymlylygyna laýyklykda leksiki temalaryň geçirilişiniň tertibini we temalar boýunça sapaklaryň sanyny dil düzediş mugallymynyň özi kesgitleýär.

**Ses aýdyşyny kämilleşdirmek** sapagynda, esasan hem, şu aşakdakylara üns berilýär:

– sesi dogry aýtmagy kämilleşdirmek;

– sesi eşidişi we kabul edişligi ösdürmek;

– dürli ses-bogun gurluşly sözi dogry aýtmak endigini kämilleşdirmek;

– sözi seljermek;

– ünslüligini, ýatkeşligini, pikirlenmesini ösdürmek.

Dil düzediş mugallymy öwrenilýän we dogry aýdylýan ses esasynda sözleri saýlap alýar. Aýdylyşy meňzeş bolan sesler alynmaýar.

Her sapakda sesi dogry aýtmagy berkleşdirmek üçin (bognuň, sözüň, sözlemiň we tekstiň materialynda) sesi eşidişi, kabul etmekligi ösdürmek, sesi derňemek we ýygnamaklygyň ýönekeýje endigini özleşdirmek boýunça oýunlary, ýumuşlary göz öňünde tutmaklyk hökmanydyr. Eşidiş-sözleýiş ýatkeşligini ösdürmek boýunça ýumuşlary goşmak hökmanydyr. Dil düzediş mugallymy sapaga 3 min. köp bolmadyk artikulýasion maşkyny hem goşýar. Ses aýdyşy kämilleşdirmek sapagynda maksatnama laýyklykda sözleýşiň grammatiki gurluşynyň üstünde hem işlenilýär.

**Sowat öwretmek** boýunça şu aşakdakylara üns berilýär:

– çagalary sowat öwrenmäge taýýarlamak;

– çagalara okamagy öwretmek;

– harplardan bogun, söz, sözlem düzmegi öwretmek;

– sözlemi sözlere bölmegi, sözlemde sözleriň tertibini we sanyny anyklamagy öwretmek.

Harplary öwretmekligiň tertibi özleşdirmesi aňsat bolan sese laýyklykda bellenilýär.

Çagalar "ses, bogun, söz, sözlem" diýen düşünjeleri özleşdirmeli, sözleri we sözlemleri tapawutlandyrmagy, sözleriň arasynda säginmegi, baş harpyň ýazylyş düzgünini, sözleriň aýratyn ýazylyşyny, sözlemiň soňunda nokat goýmagy başarmaly. Çagalar okamagy, okan zadyna düşünmegi, tekst boýunça soraglara jogap bermegi, okalan zatlary gürrüň bermegi başarmalydyrlar.

Topardaky çagalaryň sözleýşindäki kemçiliklere baglylykda, olara öwredilýän harplaryň sanyny we geçiriliş tertibini üýtgetmekligi dil düzediş mugallymynyň özi kesgitleýär.

Dil düzediş mugallymy aýry-aýry çaga bilen **aýratynykda geçirýän sapagyny** sentýabr aýynyň 1-15-i aralygynda çagalary gözden geçirip, düzülen işiň meýilnamasy esasynda meýilleşdirýär. Aýratynlykdaky dil düzediş sapaklarynyň netijeliligi üçin olaryň dogry guralmagy hem-de her çaganyň sözleýşiniň aýratynlygyny, şahsyýetini oňat bilmek zerurdyr. Sözleýşiň kemterligini döredýän (alaliýa, dizartriýa, rinolaliýa we ş.m.) kemçilikleriň aýratynlygyny göz öňünde tutmak hökmanydyr.

Dürli görnüşli sözleýiş kemçilikleriniň öňüni almaklygyň birnäçe ýoly bardyr. Olaryň öňüni almagyň, käwagt duýdurmagyň has amatly möhletini, kemçilikleri aradan aýyrmagyň yzygiderliligini kesgitlemeklik aýratynlykdaky sapaklaryň netijeli bolmagynyň hökmany şertleriniň biridir.

Aýratynlykdaky sapaklaryň esasy maksady ilki bilen sözleýşiň ses ugruny kämilleşdirmekdir. Bu bolsa taýýarlaýyş artikulýasion maşklaryň toplumyny, nädogry aýdylýan sözüň bogun gurluşyny düzetmekligi, sesi kabul etmekligi öz içine alýar.

Aýratynlykda geçirilýän sapaklarda bar bolan sesleriň aýdylyşy takyklanylýar, ýok bolan sesler goýlup berkidilýär, sesi tapawutlandyryp eşidişi ösdürilýär, sesi derňemek we ýygnamak (sintez) hem-de okamak endikleri ösdürilýär, sözüň bogun düzümini dogry kämilleşdirmek ýola goýulýar.

Aýratynlykdaky sapagyň özboluşlylygynyň biri hem sesiň artikulýasiýasynyň köpçülikleýin sapakda öwrenilmezden öňürti öňünden kämilleşdirilmegi we tapawutlandyrylmagydyr.

Sapaga ünslüligini, ýatkeşligini, hereketini ösdürmek boýunça oýunlar, ýumuşlar hem girizilýär.

Dil düzediş mugallymy her gün çagalary aýratynlykda we toparlaýyn okatmak bilen, olary köpçülikleýin sapaga taýýarlaýar. **Toparlaýyn sapak** 2-6 sany meňzeş kemçilikleri bar bolan çagalar bilen geçirilýär. Onuň düzümi her çaganyň ösüş üstünligine baglylykda üýtgäp biler.

**Tema boýunça soraglar:**

1. Terbiýeçi bilen dil düzediş mugallymynyň işiniň özara baglanyşygy nähili amala aşyrylýar?
2. Çaganyň sözleýşini düzetmekde ata-eneler bilen iş nähili ýola goýulýar?
3. Ýöriteleşdirilen toparlarda dil düzediş mugallymy haýsy sapaklary geçirýär?
4. Ses aýdyş sapagynda esasy göz öňünde tutulýan meseleler haýsylar?

## EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhu-belentligiň ýurdy. A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.

4. Türkmenistanyň konstitusiýasy. A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

5. Türkmenistanyň Bilim hakyndaky kanuny. A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009.

6. *Täçmyradow T.* Häzirki zaman türkmen dili. Fonetika. A.: Ylym, 2002.

7. Türkmenistanda mekdebe çenli ýaşly çagalara bilim we terbiýe berme-giň maksatnamasy. A.: "Ruh", 2000.

8. *Haljanow A.* Garaşsyzlyk pedagogikasy. A.: "Ruh", 1995.

9. *Люблинская А.А.* Детская психология. М.: "Просвещение", 1962.

10. *Белорусова В.В.* Психология. М.: "Физкультура и спорт", 1978.

11. *Городилова В.И., Радина Е.И.* Воспитание правильной речи. М.: "Просвещение", 1961.

12. *Селиверстов В.И.* Практикум по дошкольной логопедии. Москва: "Просвещение", 1988.

13. *Эльконин Д.Б.* Детская психология. М.: Учпедгиз, 1960.

14. *Игнатьев Е.И., Громов М.Д.* Психология. М.: "Просвеще-ние", 1965.

15. *Рау Е.Ф., Синяк В.А.* Логопедия. М.: "Просвещение", 1969.

16. *Рау Е.Ф., Рождественская В.И.* Исправление недостатков произношения у школьников. М.: "Просвещение", 1980.

17. *Волкова Л.С.* Логопедия. М.: "Просвещение", 1989.

18. *Фомичева М.Ф.* Воспитание у детей правильного произношения. М.: "Просвещение", 1989.

19. *Лалаева Р.И.* Нарушения письменной речи. Дислексия. Дисграфия. М.: "Владос", 2003.

20. *Игнатьев С.А., Блинков Ю.А.* Логопедическая реабилитация детей с отклонениями в развитии. М.: "Владос", 2004.

21. *Шаховская С.Н., Шохор-Троцкая М.К.* (Бурлакова). Системные нарушения речи. Алалия. Афазия. М.: "Владос", 2003.

22. *Филичева Т.Б., Чевелева Н.А., Чиркина Г.В.* Основы логопедии. М.: "Просвещение", 1989.

## MAZMUNY


Giriş........................................................7

I bap. Logopediýa defektologiýa ylmynyň bir bölegidir ........................9

II bap. Çaga sözleýşiniň ösüşiniň kanunalaýyklygy ..............................18

III bap. Çaga sözleýşinde ýüze çykýan kemçilikler ..............................30

IV bap. Türkmenistanyň mekdebe çenli çagalar edaralarynda dil düzedişlik kömeginiň guralyşy ..............................47

V bap. Ses aýdylyşynyň bozulmagy. Türkmen dilindäki sesler ..............................67

VI bap. Sözleýşiň umumy kemterligi ..............................131

VII bap. Sözleýiş depgininiň we sazlaşygynyň bozulmagy. Sakawlama ..............................136

VIII bap. Ses bozulmalary. ..............................149

IX bap. Ýöriteleşdirilen mekdebe çenli çagalar edarasynyň (toparlarynyň) terbiýeçileriniň, dil düzediş mugallymlarynyň alyp barýan düzediş işleri ..............................159

*Altyn Çaryýewa, Larisa Legedina, Anna Gawrilina*

# LOGOPEDIÝA BOÝUNÇA TEJRIBELIK

Mugallymçylyk mekdepleri üçin synag okuw kitaby


| | |
|---|---|
| Ýörite redaktor | *O.Akmämmedowa* |
| Neşirýatyň redaktory | *O.Abdyrahmanowa* |
| Surat redaktory | *A.Abdyrahmanow* |
| Teh. redaktory | *T.Aslanowa* |
| Suratçy | *M.Çaryýewa* |

Ýygnamaga berildi 10.05.2010 ý. Çap etmäge rugsat edildi 30.06.2010 ý.
Ölçegi 60×90 $^{1}/_{16}$. Çap listi 10,5. Hasap-neşir listi 7,497.
Neşir №22. Sargyt №274. Sany 500

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň "Ylym" neşirýaty.
744000. Aşgabat, Türkmenbaşy şaýoly, 18.

"Hatdat" hususy kärhanasy. Aşgabat, Görogly köç., 6.